**Ç. Ataýew**

# MARKETINGDE REKLAMA, ETIKA, ESTETIKA WE PSIHOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 339. 1 + 659 + 378
A 87

**Ataýew Ç.**

A 87 **Marketingde reklama, etika, estetika we psihologiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP № 360, 2014 KBK 65.9 (2) 421 + 85. 154 ýa 73

© Ç.Ataýew, 2014.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# I BÖLÜM
# MARKETINGDE REKLAMA

## GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan döwletimizde il-ýurt bähbitli özgertmeler yzygiderli ýagdaýda durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň yglan eden maksatnamalary türkmen halkynyň eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurduň ykdysadyýetiniň has-da ilerlemegine itergi bermek maksady bilen edaralardyr kärhanalaryň, firmalaryň işleri yzygiderli kämilleşdirilýär. Edara kärhanalarda alnyp barylýan işleri döwrüň talabyna laýyk guramak, amatly şertleri döretmek wezipesiniň iň wajyp meseleleriň biri bolup durýandygy sebäpli häzirki döwürde bu babatda möhüm çäreler durmuşa ornaşdyrylýar.

Diýarymyzyň ykdysadyýetiniň şeýle batly depginler bilen ösdürilýän döwründe ýurdumyzda döwlet kärhanalary hem-de hususy telekeçiler tarapyndan içerki we daşarky bazarlarda bäsleşige ukyply ýokary hilli önümleriň ýüzlerçesi öndürilýär.

Dürli görnüşli birmeňzeş harytlary öndürýän kärhanalaryň arasynda bäsleşigiň döremegi tebigy zatdyr. Bu bäsleşikde üstünlik gazanmak üçin öndürijileriň öňünde haryt hereketini dogry gurap «Marketingi», onuň esasy elementi bolan reklamany ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Reklama marketingi dolandyrmagyň esasy serişdesi bolmak bilen ilata harytlar, hyzmatlar, olaryň isleg ödeýiş häsiýetleri, görnüşleri, hil aýratynlyklary we beýleki amatlyklary barada habar berip, olara alyjylaryň ünsüni çekýär we şol harydy, hyzmaty satyn almak, ulanmak barada höwes döredýär. Şonuň bilen bir hatarda kärhananyň bazarynyň giňelmegine we önümçiliginiň ösmegine ýardam edýär.

Islendik kärhana öz işinde gowy netijeleri gazanmak üçin diňe täze, ýokary hilli harytlary öndürmek bilen meşgullanman, eýsem alyjylara (sarp edijilere) şol harytlar, olaryň artykmaçlyklary baradaky maglumatlary beýan edip, sarp edijiniň aňynda şol harytlar baradaky islegi oýarmalydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde: «Häzirki döwürde islendik ýurduň ösüşinde güýçli reklama industriýasynyň möhüm faktordygyny» belläp geçýär.

Türkmenistandaky islendik bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanyp, döwletimiziň adyny, abraýyny, ykdysadyýetini dünýäde has ýokary sepgitlere ýetirmek üçin reklamanyň hyzmatyndan peýdalanmalydyrys.

Gadymy Türkmenistanyň medeniýetini, sungatyny öwreniji tanymal arheolog Karlo Lippolis şeýle ýazýar: «Türkmenistanyň sungaty size köp ykdysady girdeji getirmek bilen çäklenmän, eýsem dünýäde özüni tanatmakda döwletiň güýçli reklama serişdesi bolup hem hyzmat eder».

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Bitarap Türkmenistan Watanymyzda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmelere, halkara hyzmatdaşlygyny ýaýbaňlandyrmaga gönükdirilen syýasata bütin dünýäde uly gyzyklanma bildirilýär.

Ýurtda telekeçilik işini üstünlikli alyp barmak üçin esasy şertleriň – reklamanyň, jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygyň, amatly maýa goýum ýagdaýynyň, ägirt uly ykdysady hem-de serişdeler kuwwatynyň ösdürilmegi daşary ýurt işewürleriniň türkmen topragynda amala aşyrylýan özgertmelere has işjeň gatnaşmagyna oňyn täsirini ýetiýär.

Şu okuw kitabynyň esasy maksady entek bize, biziň ilatymyza, pudaklarymyza ýeterlik derejede mälim bolmadyk, dünýäniň ösen ýurtlarynda bäsdeşlerden üstin çykmak, öz öndürýän önümlerimiziň we hyzmatlarymyzyň bazaryny tapyp, olary herekete getirmek, harytlaryň satuwyny tizleşdirmek maksady bilen edilýän reklamanyň ähmiýetini düşündirmekden ybaratdyr.

Biziň ýurdumyzda hem dünýä standartlaryna gabat gelýän önümçilik tehnologiýasy we tehnikasy ornaşdyrylyp, dünýä ülňülerine ga-

bat gelýän öndürýän önümlerimiziň dünýä bazarlarynda öz hakyky ornuny tapmagy üçin reklamanyň hyzmatyndan peýdalanmak, onuň ähmiýeti, görnüşleri, serişdeleri we olary ulanmagyň aýratynlygy, ykdysady netijeliligini anyklamagyň usullary we şuňa meňzeşler şu dersiň esasyny düzýär.

Şu okuw kitabynda reklamanyň ähmiýetine, ähli görnüşlerine we serişdelerine giňişleýin häsiýetnama berildi. Sebäbi her bir pudagyň, her bir önümiň häsiýetlerine, aýratynlyklaryna seredip, reklamanyň dürli görnüşlerini ýa-da serişdelerini ulanmak bilen netije gazanmak mümkin. Hereket edýän reklama şahamçalary köplenç harytlary reklama etmekde reklamanyň görnüşleriniň we serişdeleriniň 2–3 sanysyny ulanýarlar. Reklamanyň köp görnüşleri we serişdeleri netijeliligi has ýokary bolsa hem köp harytlar we hyzmatlar üçin ulanylmaýar. Şu sebäplere görä, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ykdysadyýeti ösen ýurtlardaky ýaly reklama industriýasyny döretmegiň, şu ugurda kärine ussat hünärmenleri taýýarlamagyň zerurdygyny nygtaýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän hususy reklama şahamçalarynda işleýän hünärmenler reklamanyň inçe syrlaryny, ykdysady netijeliligini hasaplamagyň usullaryny ýeterlik derejede, gerekli ýerlerinde ulanyp bilmeýärler. Hormatly Prezidentimiziň talap edişi ýaly, ýurdumyzda, sözüň doly manysynda, ösen ýurtlardaky ýaly biziň döwletimizde hem reklama industriýasynyň berk binýady tutulyp, bu ugurdan işine ökde hünärmenleri taýýarlap, özümizde öndürilýän önümleriň reklamasyny ýetirip, dünýä bazarlarynda olaryň ornuny tapyp, ykdysadyýetimiziň gülläp ösmegine uly goşant goşmalydyrys.

Şu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we reklama bilen meşgullanýan, gyzyklanýan hünärmenler hem-de giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenendir.

I bap

# Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe marketingiň we onuň esasy düzümi bolan reklamanyň ähmiýeti

## 1.1. Türkmen ykdysadyýetiniň ösmeginde marketingiň ähmiýeti

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ählihalk saýlawy tarapyndan Türkmenistan döwletiniň Prezidentligine saýalanandan soňra, milli liderimiziň baştutanlygynda türkmen halkynyň, asyrlarboýy arzuw eden Garaşsyz ýurdumyzyň durmuşynda täze galkynyşlar döwri başlandy. Bu döwür täze özgertmeleriň, täze ösüşleriň, ykdysadyýetimiziň hemmetaraplaýyn galkynmagynyň we eziz halkymyzyň eşretli durmuşynyň has-da öňegidişlik zamanasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt baştutanlygyna geçen ilkinji günlerinden başlap, milli ykdysadyýetimiziň özboluşly aýratyn ösüş ýoluny saýlady. Şol ýolda biziň döwletimizde döwrebap bazar gatnaşyklary şertinde öz-özüňi dolandyrmak we netije gazanmak her bir kärhananyň öňünde goýlan esasy wezipeleriň biri bolup durdy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň başlanmagy bilen Watanymyzda saýlanan ýoluň ilkinji günlerinden başlap, dürli maksatly özgertmeler amala aşyrylyp başlandy. Ýurdumyzda birnäçe täze önümçilik kärhanalary guruldy we işe girizildi, ozal bar bolan kärhanalaryň durky täzelenilýär we olara daşary ýurt maýa goýumlary goýulýar hem-de öňdebaryjy tilsimatlar ornaşdyrylýar.

Elbetde, milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginde ösmegi bazar gatnaşyklarynda ünsli we netijeli işleriň amala aşyrylmagyny talap edýär. Bazar gatnaşyklarynda ýokary netije gazanmak diňe bazar ulgamyna dogry we doly düşünmek hem-de bazara gönükdirilen işi ýokary hilde, netijeli ýerine ýetirmek bilen çözülip bilner.

Türkmenistanyň önümçilik kärhanalarynda öndürilýän önümleriň bäsleşige bolan ukyby gün-günden ýokarlanýar, olara bolan isleg

içerki hem-de daşarky bazarlarda has-da artýar. Köp harytlarymyz daşary ýurt bazarlarynda öz orunlaryny tapdylar. «Türkmenistanda öndürilen» diýen ýazgyly harytlaryň ýanyndan indi hiç kim parhsyz geçip bilenok. Şeýle ýagdaýda ýalňyşsyz hereket etmek üçin bazar gatnaşyklary şertinde marketinge ýüzlenmek zerurlygy ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda geçirilýän Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde türkmen ykdysadyýetiniň we beýleki ulgamlaryň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe haýsy ugurlar we ýörelgeler esasynda guralmalydygy, haýsy işleri, haýsy wezipeleri amala aşyrmalydygy we olaryň üstünlikli çözülmegi barada döwletli, il-ýurt bähbitli meselelere seredilip geçilýär we her bir ministrligiň, her bir pudagyň öňünde anyk wezipeler goýulýar.

Ýurt Baştutanymyz halk hojalyk pudaklarynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine uly üns berýär, milli liderimiziň pudaklaryň öňünde goýýan aýdyň wezipeleri ykdysadyýetimiziň geljekde gülläp ösmegi üçin aýdyň ýoldur.

Hormatly Prezidentimiz geçirýän Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlislerinde Türkmenistanyň dokma toplumynyň ykdysadyýetimize uly goşant goşýandygyny bellemek bilen dokma toplumlarynyň önümleriniň dünýä bazarynda bäsleşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň we harytlaryň eksportynda toplumyň paýyny artdyrmagyň, dokma önümlerini ýerlemek boýunça ösen marketing gullugyny döretmegiň, eksporta gidýän taýýar önümleriň möçberlerini artdyrmagyň, dokma önümlerini öndürmekde we eksport etmekde hususy telekeçiligi ösdürmäge ýardam bermegiň zerurdygyny nygtaýar.

Hakykatdan-da harydy öndürmek bilen onuň hereketini (satuwyny) ýola goýmasaň, ondan hiç hili netije almak mümkin däl. Şol sebäpli her bir kärhananyň, pudagyň ýolbaşçysynyň marketinge ýüzlenmegi hökmanydyr. Elbetde, biziň döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň özboluşly manysy bardyr we biziň bazarlarymyzyň ulgamy beýleki daşary ýurt bazarlaryndan düýpli tapawutlydyr. Şoňa laýyklykda biziň şertlerimizde bazar bilen işlemegiň aýratyn ýoly

saýlanmalydyr. Ol biziň milli, medeni, taryhy, ykdysady, syýasy, hatda howa şertlerimizi we halkymyzyň ahlak gylyk-häsiýetlerini nazara alyp, marketing çärelerini durmuşa geçirmegi bazar işine gatnaşyjylardan talap etmelidir.

Elbetde, dünýä standartlaryna gabat gelýän önümleri öndüräýmek aňsat iş däl, ýöne dünýä bazarlarynda bäsleşip, ondan üstün çykyp, ol harytlaryň alyjysyny (bazarda ornuny) tapaýmak hem gaty kyn. Şol sebäpli döwlet Baştutanymyz häzirki zaman marketingine esaslanyp, dünýäniň sarp ediji we harytlar bazarlarynyň toplumlaýyn seljermeleriniň birsyhly geçirilip durulmagynyň zerurlygyny belleýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde önümleri öndürýän, dürli hyzmatlary ýerine ýetirýän we beýleki kärhanalarda marketing gullugynyň ýola goýulmagy we onuň kömegi bilen dürli görnüşli marketing maglumatlaryny toplap, yzygiderli seljeriş işlerini geçirip durmak hökmany işleriň biridir.

Bazar şertlerinde halk hojalygynyň ähli pudaklarynda we şol sanda hususy ulgamdaky kärhanalaryň hem amala aşyrýan hojalyk işlerinde marketing maglumatlaryna uly üns berilýär, maglumatlar hojalygy ýöretmekde iň gymmatly serişdeleriň biri bolup durýar. Ýygnalan marketing maglumatlaryny seljermek esasynda kärhanalar öz önümçiligini ýola goýýarlar, ýokary hilli önümleri öndürýärler, hyzmatlary ýerine ýetirýärler, öndürilen önümleri ýerleýärler, özleriniň girdejilerini artdyrýarlar, peýda alýarlar we beýleki maliýe, ykdysady netijeleri gazanýarlar.

Türkmenistanda marketing işleriniň ýüze çykmagynyň özboluşly aýratyn möhüm orny bardyr. Marketing dersi XX asyryň başlarynda dörän daşary ýurt dersleriniň biri hökmünde görkezilse hem ol biziň halkymyza gadymyýetden bäri tanyşdyr.

Gadymy döwürde Orta Aziýanyň meşhur Gündogar bazarlarynyň ady belli Ýüpek ýolunda merkez bolandygy biziň ählimize mälimdir. Biziň ata-babalarymyz hem şol bazarlarda öz öndüren önümleri bilen çykyş edip, bazar bilen işlemegi başarypdyrlar. Bazar bilen işlemegiň özi hem marketingdir.

Häzirki döwürde her bir hojalyk işiniň esasy ugry ýokary netijeleri gazanmaga gönükdirilen bolmalydyr. Şonuň üçin biziň pudaklarymyzyň köpüsinde marketing bölümleri açyldy we işe girizildi.

Biziň ilatymyzyň marketingi öwrenmegi, sarp ediji ýa-da öndüriji tarapyndan tapawudy ýok, olara bazarda özüňi dogry alyp barmaga mümkinçilik döreder.

Marketing önümçiligiň we söwdanyň ýokary girdejisini, tiz we amatly hereketini hem-de marketing kommunikasiýasyny, islegiň doly kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän ulgamlaýyn nukdaýnazara esaslanyp, sarp edijiler üçin gözükdürijilik esasynda önümi öndürmegi we ýerlemegi dolandyrmak maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň hereketidir. Marketinge dürli-dürli kesgitleme bermek mümkin, biziň pikirimizçe, has ýönekeý, sada dilde aýdanymyzda: **marketing bu sarp edijileriň bähbitlerini göz öňünde tutup, bazarda gürrüňsiz satyljak önümi öndürmek we ýerlemek arkaly girdeji gazanmakdyr.**

«Marketing» iňlis dilinden terjime edilende «Market» – bazar, «ing» goşulmasy bolsa öwrenmek, ýagny «Bazary öwrenmek» diýen manyny aňladýar.

Marketingiň esasy wezipeleriniň biri bolup, harydyň hereketini guramak, ýagny reklama bolup hyzmat edýär.

## 1.2. MARKETINGI DOLANDYRMAKDA REKLAMANYŇ ÄHMIÝETI

Marketing işleriniň esasylarynyň biri hem ýurt Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, taýýar önümleri ýerlemegiň we satmagyň täze usullaryny, görnüşlerini pudaklara ornaşdyrmakdyr. Bu işde, elbetde, marketingiň esasy düzümi bolan reklamanyň hyzmatyndan giňden peýdalanmak zerurlygy öz-özünden ýüze çykýar. Bäsdeşlerden üstün çykmakda, elbetde, reklamanyň ähmiýeti örän uludyr.

Bu babatda hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde häzirki döwürde islendik ýurduň ösüşinde güýçli reklama industriýasynyň

möhüm faktordygyny belläp, bu ugurdan kärine ussat hünärmenleriň zerurlygyny nygtap geçdi.

Reklama bu adamlara (alyjylara) niýetlenen bolup, harytlar barada täsir ediji maglumatlar arkaly olarda şol harytlary satyn almaga isleg döredýän serişdedir.

Reklamanyň esasy taraplary bu manylylygy, dogruçyllygy, anyklygy we meýilnamalaşdyrylmagy bilen tapawutlanýar.

Türkmen ykdysadyýetiniň uly depginler bilen ösmegi içerki we daşarky bazarlara bäsleşlik derejesi ýokary bolan önümleri çykarmaga mümkinçilik berýär. Eger-de haryt bolçulygy bolmasa ýa-da ýeter-ýetmez ýagdaýda bolsa, onda reklamanyň kän bir zerurlygy ýokdur. Emma ösen ýurtlarda, dürli görnüşli birmeňzeş harytlary öndürýän kärhanalaryň arasynda bäsleşlikde ýeňip üstün çykmak üçin hökmany suratda haryt hereketini dogry guramak we reklamany ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Şonuň üçin harytlar daşary ýurt bazarlaryna çykarylanda hökmany suratda reklamanyň hyzmatyndan peýdalanmak maslahat berilýär.

Reklama marketingiň esasy düzümi bolup, onuň maksady harydy, hyzmatlary, pikiri satmak arkaly peýda gazanmakdyr.

Reklama marketingi dolandyrmagyň esasy serişdesidir.

Reklama – bazary dolandyrmagyň esasy düzümi bolmak bilen, alyjylara islegler we haryt bolçulygynda ýol görkeziji, islegi herekete getirýän (çaltlandyrýan) serişdedir.

Reklama ilata harytlaryň isleg ödeýiş häsiýetli görnüşleri, hil aýratynlyklary we beýleki amatlyklary barada habar bermek bilen harytlara alyjylaryň ünsüni çekmek bilen, şol harydy satyn almak, ulanmak barada höwes döredýär. Şonuň bilen bir hatarda bazaryň giňelmegine, önümçiligiň ösmegine ýardam edýär.

**Reklamanyň manysy** – anyk reklama edilýän haryda çekilen zähmetiň, ykdysady tarapynyň we jemgyýetiň medeniýetiniň siňdirilenligini anyk beýan etmekdir.

**Reklamanyň dogrulygy** – şol reklama edilýän haryt barada berilýän maglumatlaryň hakykatlygyndadyr. Käbir ýagdaýlarda ýalňyş berilen reklama maglumatynyň adamlaryň saglygyna zyýan ýetirmegi mümkin.

**Reklamanyň anyklygy** – giň halk köpçüligine düşünikli, ýönekeý, ynandyryjy bolmagyndadyr.

Käbir ýagdaýlarda esasan hem daşary ýurt bäsdeş kompaniýalaryň arasynda reklama uly ähmiýete eýe bolup, bir-birinden bäsleşlik hereketinde üstin çykmak maksady bilen, haryt barada ýalan-ýaşyryk maglumatlary ulanmak bilen hem ol harydy reklama edýärler.

Daşary ýurt firmalary özleriniň harytlaryny reklama etjek bolup, dürli serişdeleri ulanýarlar. Mysal üçin, halkyň söýüp görýän kinofilmlerinde esasy gahrymanyň çekýän çilimini, geýýän aýakgabyny, münýän ulagyny hem reklama edýärler.

Reklamanyň hyzmatyndan diňe haryt öndürijiler däl, eýsem muzeýlerem, dürli görnüşli jemgyýetçilik guramalaram peýdalanýar. Reklama hökmünde dürli serişdeler ulanylýar: gazet, telewideniýe, kino, radio, ondan başga otluçöpüň gaby, bellik üçin kitapçalar, sakgyjyň gaby, senenamalar, ulag serişdeleri we ş.m.

Marketing şertindäki reklama – toparlaýyn marketing işlerini, jemgyýetçilik-ykdysady, terbiýeçilik, düşündiriş, maglumat beriş işlerini ýerine ýetirmelidir.

**Jemgyýetçilik** – ykdysady wezipelerine, alyjylaryň isleglerini emele getirilmegine täsir etmek bilen, harytlaryň –önümleriň giň gerim bilen satylyşyna täsir etmelidir.

**Ideologiki wezipesi** – ykdysadyýetimiziň ösen derejelerini, ýeten sepgitlerini, pudaklaryň ykdysadyýetiniň ösüşini, marketing işleriniň barha ösýändigini anyk mysallara ýüzlenip, ilata ýetirmekden ybaratdyr.

**Terbiýeçilik** ähmiýeti ilatyň medeniýetiniň estetikasynyň ösmegine ýardam berýär.

**Düşündiriş** işleri boýunça ilata harytlar, önümçilik, marketing işleri barada maglumatlar bermekden, ilatyň şolar barada belli bir derejede bilimlerini artdyrmakdan ybaratdyr.

**Jemgyýetçilik meseleleri** boýunça wezipelere seretsek, onda reklama marketing boýunça iş salyşýan hünärmenleriň işini, esasan hem harytlary ýerlemek boýunça işleri ýeňňilleşdirýär, alyjylara hyzmat etmegiň medeniýetini ýokarlandyrýar.

Marketingde reklamanyň ýardamy bilen alyjylaryň isleginiň emele gelmegini gazanmak mümkin. Marketingiň esasy düzümi bolan reklamanyň alyjylaryň isleginiň yzygiderli emele gelmegine täsiri ýetýär. Harytlaryň hili, olaryň peýdaly taraplary, beýlekilerden tapawudy barada habar bermek bilen, adamlara şol haryt barada doly maglumat berip, olarda şol harydy satyn almaga isleg döredýär.

Elbetde, reklama ilatyň ol ýa-da beýleki haryda bolan isleginiň göwrümini hem üýtgetmegi mümkin, käbir ýagdaýlarda reklama ilatyň isleginiň bir harytdan başga bir haryda geçmegine hem täsir etmegi mümkin, bu bolsa öz gezeginde bölek söwda aýlanyşygynyň hem-de islegiň düzüminiň üýtgemegine getirýär. Öz wagtynda harytlary ýerlemekde reklamanyň ähmiýeti uludyr. Marketing maglumatlaryny dogry ulanmak harytlary wagtynda ýerläp, harytlaryň görnüşleriniň yzygiderli täzelenilmegine ýardam berýär.

Reklama marketing işlerini dogry alyp barmakda, esasan hem haryt hereketini tizleşdirmekde, satyn almak, satmak hem-de ýerlemegiň medeniýetini ýokarlandyrmakda we dogry ýola goýmakda uly ähmiýete eýedir.

Haryt barada öňünden alyjylara habar bermek bilen, reklama şol harytlary satyn almak üçin pikirlenmäge we netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Netijede alyjynyň haryt saýlamaga wagtyny hem-de harydy saýlamak üçin satyjynyň wagtyny tygşytlaýar. Şeýlelik bilen söwda kärhanasynda bolup geçýän söwda hereketiniň çaltlanmagyna alyp barýar.

Goşmaça hyzmatlary, ýagny geýimleriň käbir böleklerini (detallaryny) kiçeltmek, geýimlik matalary biçmek, satyn alnan zatlary öýlerine çenli eltmek, bermek we şuňa meňzeşler bilen söwda kärhanasy özüne hemişelik alyjylarynyň bolmagyny üpjün edýär. Elbetde, Türkmenistanda önümçiligiň ýokary depginler bilen ösmegi, biziň harytlarymyzyň bäsleşlik ukybynyň ýokarlanmagy, olary herekete getiriji güýç hökmünde reklamanyň hyzmatyndan peýdalanmaga mejbur edýär. Türkmenistanda öndürilen islendik önüm haryt bäsdeşlik ukybyna eýedir, ýöne gynansak-da, bizde öndürilen harytlary herekete getirmek üçin reklama ýeterlik derejede däldir. Mysal

üçin, Türkmenistanda öndürilen çakyr önümleri daşary ýurt sergilerine gatnaşyp altyn, kümüş, platina medallara eýe bolýarlar, ýöne häzir çakyr önümi hem daşary ýurda çykarylmaýar, gaýtam gün görmedik turşy üzümden taýýarlanan,ýöne reklama netijesinde öwgüsi ýeten daşary ýurt (bolgar, wenger, moldawan, gruzin) çakyrlary uly islegden peýdalanýarlar. Biziň içerki bazarlarymyzda olaryň bahalary özümizde öndürilýän çakyrlardan 2-3 esse gymmatdyr.

Dünýä ýüzünde biziň Türkmen halylarymyz bilen bäsleşip biljek haly ýokdur, emma şol halylarymyzyň gadyr-gymmaty barada reklamanyň görnüşleri we serişdeleri köpräk ulanylsa, has talabalaýyk bolardy.

## 1.3. YKDYSADYÝETDE REKLAMANYŇ TUTÝAN ORNY

Türkmen halkynyň asyrlarboýy arzuw eden Garaşsyz ýurdunyň durmuşynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri başlandy. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň her bir güni türkmen halkyny beýik ýeňişlere, şanly wakalara we röwşen geljege alyp barýar.

Döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ykdysadyýetiň özboluşly aýratyn ösüş ýoly saýlanylýar. Şol ýolda biziň döwletimizde döwre laýyk bazar gatnaşyklary şertinde öz-özüni dolandyrmak we netije gazanmak her bir pudagyň, kärhananyň öňünde esasy wezipe bolup durýar.

Marketing işleriniň esasylarynyň biri hem ýurt Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, taýýar önümleri ýerlemegiň we satmagyň täze usullaryny, görnüşlerini pudaklara ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Bu işde, elbetde, marketingiň esasy düzümi bolan reklamanyň hyzmatyndan giňden peýdalanmak zerurlygy öz-özünden ýüze çykýar. Bäsdeşlerden üstün çykmakda reklamanyň ähmiýeti örän uludyr.

Reklama bazar bilen döräpdir – latynçadan terjime edeniňde «reklama», öz-özüň barada «gürrüň» bermek «gygyrmak» diýen manyny aňladýar. Gaty sesler bilen gygyrmak arkaly gadymyýetde söwda hatarlarynda, aşhanalarda, köçelerde söwdagärler, hyzmatkärler özleriniň harytlaryny, hyzmatlaryny ilata hödürläpdirler.

2. Sargyt № 2388

Reklamanyň esasy wezipesi – maglumat bermek, ynandyrmak we ýatlatmakdyr. Reklama eger-de haryt barada bolsa, onda ol hökmany suratda şol haryt barada, onuň häsiýetleri barada adamlarda şol haryt, onuň gymmaty, isleg ödeýiş häsiýetleri barada ynam döretmek maksady bilen ýeterlik derejede maglumat bermelidir. Reklama ýüzlenmeleri adamlaryň ünsüni çekip, olarda gyzyklanma döretmeli. Eger-de alyjy reklama gyzyklanyp seredýän bolsa, onda onuň ünsüni doly çekip, şol harydy satyn alar ýaly etmeli.

Häzirki zaman reklamasynyň esasy wezipesi kopräk girdeji gazanmak, bäsleşlikde üstün çykmak we alyjylar köpçüligini özüne çekmek üçin esasy gural bolup hyzmat etmekdir. Reklama özüne mahsus bolan obrazy (ýerine ýetirijilik ukyby) boýunça jemgyýetiň aňyna, medeniýetine, sungatyna hem belli bir derejede öz täsirini ýetirmelidir. Onuň wezipesi diňe bir harytlar, hyzmatlar we şuňa meňzeşler barada maglumat bermek bilen çäklenmän, eýsem şäherleri, şäher köçelerini bezemekde hem uly ähmiýeti bardyr.

Daşary ýurtlarda reklamanyň hyzmatyndan hemmetaraplaýyn peýdalanmaga çalyşýarlar. Mysal üçin, ýazylýan romanlaryň sahypalarynda, pýessalarda, çeper filmlerde hem reklama duş gelmek mümkin. Awtorlar öz eserlerinde esasy gahrymanlaryň diňe ady belli firmalaryň awtomobilini münýändigini, ady belli firmalaryň sagatlaryny dakynýandygyny dürli ýollar bilen reklama edýärler we adamlarda şol firmalaryň öndürýän we esasy gahrymanyň ulanýan zatlaryny (harytlaryny) satyn almaga höwes döredýärler.

Telewizorda çagalar üçin niýetlenen teleýaýlymlarda – reklama aýdymjyklary, wideoşekilleri görkezýärler. Mysal üçin, çagalar üçin niýetlenen süýt önümlerini reklama etmek bilen hat-da çagalaryň aňyna hem täsir edip, şol önümlere bolan islegi oýarýar.

Ykdysadyýeti has ösen we bäsleşlige ukyby ýokary bolan önümçiligi ýola goýan ýurtlarda reklamany önümleri esasy herekede getiriji güýç hökmünde giňden peýdalanýarlar, şol ýurtlarda reklama babatda örän köp terjribe toplanandyr we reklama industriýasynyň berk binýady tutulandyr hem-de reklama serişdelerini ýokary tehniki derejede taýýarlamaga ukyplydyrlar. Ösen daşary

ýurtlardaky ýaly, reklama industriýasynyň berk binýady eziz Watanymyz Türkmenistanda hem tutulmalydyr. Daşary ýurtlarda ulanylýan reklamanyň many-mazmunyny, guramaçylyk meslelelerini, tehniki tarapdan ýerine ýetiriliş aýratynlyklaryny nusgalyk öwrenip, türkmen reklamasynyň özboluşly, many-mazmunly reklamalaryny döretmeli.

Reklama biziň şertlerimizde birnäçe jemgyýetçilik, sosial-ykdysady, ideologiki, terbiýeçilik we wagyz-nesihat ediji häsiýete eýe bolmalydyr.

Reklama bazary bütin dünýäde yzygiderli ösýän bazarlaryň biridir. Mysal üçin, geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalarynda reklama bazarynyň möçberi Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 1 ýylda 250 milliard dollara barabar bolupdyr. Soňky 10 ýylda bolsa bu san 3 esse köpelipdir.

Orsýetde 2004-nji ýylda reklama bazarynyň möçberi 3,85 mlrd amerikan dollaryna barabar boldy, 2005-nji ýylyň dowamynda reklama bazarynyň möçberi 28% ösdi we 5 mlrd 10 mln amerikan dollaryna barabar boldy.

2000-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Orsýediň iň öňdebaryjy teleýaýlymlarynda – 1 minutlyk reklamanyň bahasy 3 müňden – 20 müň dollara barabar bolupdyr.

Ses, owaz bilen şekiliň birleşmegi netijesinde adama täsir ediji güýç hem-de şol bir wagtyň özünde birnäçe million adamy özüne çekmek mümkinçiligi döreýär.

Orsýediň paýtagty Moskwada bir reklama şitiniň 1 aýlyk bahasy – ABŞ-nyň 3 müň dollaryna barabardyr.

Türkmenistanda öndürilen, esasan hem daşary ýurt bazarlaryna çykarylýan önümler reklama gaty mätäçdirler, sebäbi reklama industriýasy ösen ýurtlaryň öz harytlaryny ýeterlik derejede mazamlamaga mümkinçilikleri giňdir.

Ýöne, biziň oňaýly tarapymyz, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň hemmetaraplaýyn artykmaçlygydyr. Mysal üçin, türkmen topragynyň datly bakja önümlerini, miwelerini bir gezek dadan adam onuň tagamyny hiç haçan ýadyndan çykarmaýar.

Hormatly Prezidentimiz: «Türkmenistan – bütin dünýäde gereklenýän, şöhratly ekinleriň mekany» diýip, örän ýerlikli belleýär. Dogrudan-da türkmen topragynda örän köp sanly we örän zerur gymmatly ekinler bitýär. Özem olaryň pagta, ýüpek ýaly dünýä senagatynda, önümçiliginde örän arzylanýan, örän ýokary bahadan satyn alynýan görnüşleri diýjekmi, gawun-garpyz, üzüm ýaly tagamyna taý tapylmaýan azyklyk önümleri diýjekmi, bularyň ählisi türkmen halkynyň baýlyklary. Şol baýlyklary dünýä bazarlaryna has giň çykarmak, gaýtadan işlemek, mahlasy, türkmen topragynyň ummasyz giň mümkinçiliklerine hemmetaraplaýyn akylly-başly çemeleşmek – munuň özi halkymyzyň has baý ýaşamagyny, ýurdumyzyň has gülläp ösmegini üpjün etmegiň bir ugrudyr, onda-da ägirt uly bahasyny ölçäp bolmajak ugrudyr.

Elbetde, bularyň hemmesi häzirki zaman reklamasyndan peýdalanylmagyny talap edýär.

Türkmen topragy öz goýnundan önýän şirin şeker nygmatlary bilen iňňän gadymy döwürden bäri şöhratlanypdyr. Gojaman taryhyň sahypalaryndan onlarça asyr bäri türkmeniň datly, agzyňda eräp akýan asal tagamly, älemgoşar reňkli, keşde torly, hoşboý ysly gawunlarynyň, gawun kakynyň Arabystan, Rumystan, Pereňistan, Ýewropa, Çynmaçyn ýaly ýurtlaryna kerwen gurap äkidilip, agramyna deňme-deň altyn-kümüş pullara satylyp, olaryň şalaryň, imperatorlaryň, soltanlaryň, korollaryň, hanlaryň, knýazlaryň saçagyny bezändigini bilmek bolýar. Datly gawunlaryň özleri, olaryň tagamlary özleri üçin reklama serişdesi bolup şol döwürde hyzmat edipdir. Bir gezek dadyp göreniň, bu ajap lukmanyň asal tagamyny unutman, oňa hemişe hyrydar bolandygy, ençeme ýurtlarda hökümdarlyk eden asly türkmen şalarynyň bu watandaş miweden dadyp, gözýaş dökendikleri, ene topragy küýsändikleri bize mälimdir.

Biz bu işimizde oba hojalyk önümlerinden diňe gawun barada gürrüň etdik. Ýöne türkmen topragynda biten islendik önümiň gadyr-gymmaty, häsiýeti, peýdalylygy baradaky hakykat reklama serişdeleriniň üsti bilen dünýäniň islendik bazarynda öz hyrydaryny (alyjysyny) tapjagy gümansyzdyr.

Türkmen halylarynyň ajaýyp gözellik nusgalarynyň reklamasy ýok diýen ýaly. Ýöne daşary ýurt bazarlarynyň alyjylaryna türkmen halylarynyň çig maly bolan ýüplügiň türkmen saryja tohumly goýunlarynyň ýüňünden taýýarlanylýandygyny, ol ýüň süýüminiň bolsa örän ýumşak özboluşly mymyjak süýümlerden taýýarlanylýandygyny, ol ýüň süýümleriň saryja tohumly goýunlarynyň türkmen sährasynda witaminlere örän baý, gül-çeçeklerden iýmitlenip, arly gysyň, jöwzaly yssynyň täsirleri netijesinde emele gelýändigini, asly reňkiniň akdygyny, dürli boýaglar hökmünde tebigy ösümlikleriň, ir-iýmişleriň ulanylýandygyny, ol boýaglaryň ýyl geçdigiçe öwşün atýandygyny we şuňa meňzeşleri reklamanyň üsti bilen düşündirmeli.

Saryja goýunlar diňe Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirilýär, geçen asyryň ortalarynda, olary köpeltmek maksady bilen goňşy Özbegistan Respublikasynyň Kaşkaderýa welaýatyna äkidipdirler, ara seýle ýakyn hem bolsa, olary ol ýerde köpeldip bilmändirler.

Ykdysadyýetimiziň dokma senagaty pudagynyň gelejegi örän uludyr. Her ýylyň iýun aýynyň birinji ýekşenbesinde Türkmenistanyň Dokma senagaty işgärleriniň güni mynasybetli geçirilýän halkara sergisi we ylmy maslahaty munuň janly şaýadydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň mes topragynda ösdürilip ýetişdirilýän, türkmeniň jowzaly gününiň, suwunyň, topragynyň täsirinden kemala gelen orta we inçe pagta süýüminden öndürilýän, ekologiki taýdan arassa dokma önümleri daşary ýurt bazarlaryna gönükdirilendir, olar hem reklamanyň hyzmatyna mätäçdirler.

Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň çakyr öndürýän önümçilik kärhanalarynyň önümleri, birnäçe halkara bäsleşiklere gatnaşyp altyn, platina, kümüş, bürünç medallara eýe bolan hem bolsa, daşary ýurt bazarlaryna çykarylyşynda kän bir öňegidişlik ýok. Türkmeniň, esasan hem dag eteklerinde çeşme suwundan ganýan, jöwzaly güneşiniň täsirinde bişip ýetişýän, bärisinden aňyrsy görünip duran ýörite çakyr öndürmek üçin niýetlenen üzüm sortlaryndan taýýarlanan beýhuş ediji ysly, tagamly çakyrlaryna daşary ýurt bazarlary garaşyp dur. Şol çakyrlaryň reklamasy ýeter-

lik derejede içerki we daşarky bazarlarda ýola goýulsa, onda türkmen çakyrlaryna bolan isleg has-da köpelerdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ykdysadyýetimiziň uly depginler bilen ösmegi, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň ýokary göterilmegi, önümçiligiň ösmegi netijesinde dünýä standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän önümleriň öndürilmegi, önümleriň, hyzmatlaryň görnüşleriniň köpelmegi – reklama ýüzlenmegi talap edýär. Reklamanyň esasy wezipesi alyjylara öndürilýän harytlar we hyzmatlar barada maglumat bermek netijesinde islegiň emele gelmegine şert döretmekden ybaratdyr.

Syýahatçylyk häzirki döwürde dünýäde iň uly girdeji getirýän pudakdyr. Bu pudak dünýäniň birnäçe ýurtlarynyň ykdysadyýetine önjeýli goşant goşýar we girdejisiniň agramly bölegini daşary ýurtly syýahatçylaryň hasabyna emele getirýär. Hemmämize mälim bolşy ýaly, Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda dünýä derejesindäki özgertmeleriň biri hasaplanýan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky taslama Türkmenistanyň strategik meýilnamasynda aýratyn orny eýeleýär.

Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň taslamasynyň amala aşyrylmagy netijesinde dünýäniň iň abraýly dynç alyş zolaklary bilen bäsleşip biljek Awazanyň owazasy dünýä ýaň salýar. Awazanyň geografiki taýdan amatly ýerleşişini hem-de Hazar deňiziniň Türkmenistana degişli kenarýakasy öz amatly, ýumşak howasy, arassalygy, ekologiýa taýdan tämiz tebigy zolakdygyny, ýylyň 5–6 aýynyň dowamynda suwa düşüp bolýandygyny, ýoda, broma baý deňiz suwunyň birnäçe keselleri bejeriş häsiýetiniň barlygyny, deňiz suwunyň we tebigatyň özboluşly täsinliginiň, olaryň hemmesiniň birleşip, adam organizmine peýdaly täsirini ýetirýändigini, dynç almak üçin hemme şertleriň döredilendigini, hyzmatlaryň dünýä standartlarynyň talaplaryndan hem ýokary boljakdygyny reklamanyň dürli görnüşleriniň we serişdeleriniň üsti bilen bütin dünýä yzygiderli äşgär etmäge mynasypdyr. «Hazar» döwlet goraghanasynyň biologiki taýdan köp dürli täsin suwly-batgalykly ýerlerinde şuweleňli «guş

bazarlarynyň» bar ýerlerine, Mollagara kölüne, Garaçagyl, Parhaý ýaly ýyly suwly çeşmelere, Parawbibi, Maşat-Misserian ýaly taryhy ýadygärliklere, Magtymguly etrabyndaky bar bolan gözelliklere we başga-da Balkan welaýatyndaky beýleki ajaýyplyklary bilen tapawutlanýan ýerlere myhmanlara syýahat etmegi hödürlemek reklamanyň esasy wezipesi bolmalydyr.

Gadymyýetden uly taryha eýe bolan türkmen döwletiniň ajaýyplylygyny eýýam daşary ýurt teleýaýlymlarynda reklama edip başladylar. 2007-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Hazaryň kenarynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy barada gürrüň berýän 30 sekuntlyk wideorolik meşhur «Caspionet» (Gazagystan) teleýaýlymynda görkezilip başlandy. Şol ýaýlymyň signallary bütin dünýäde kabul edilýär.

2007-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda «Ewro-News» umumy Ýewropa täzelikler teleýaýlymynda Türkmenistanyň häzirki ajaýyp keşbi, türkmeniň bütin dünýäde tanalýan halylary, ahalteke atlary, şaý-sepleri, milli guwanjymyz bolan Hazar deňziniň kenaryndaky Awazanyň görkezilmegi Türkmenistanyň halkara abraýyna abraý goşdy.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça taýýarlanylan Hazar deňziniň kenaryndaky ajaýyp ýerde – Awazada dynç almaga bagyşlanan gysga, ýöne ýatda galyjy ilkinji reklamadyr. Şu teleýaýlymda Türkmenistan barada reklama häzirki wagtda hem yzygiderli berilýär.

Ýewropanyň meşhur Awtomobil ýaryşlarynyň birine – Monte Karlo rallisine fransuz ekipažy gatnaşdy. Türkmenistanyň Milli simwolikasy bilen bezelen, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň şekili bilen reklama edilen bu awtomobil ýewropalylarda uly gyzyklanma döretdi. Loran Karbonaronyň ekipažy Fransiýanyň çempionatynyň çäklerinde geçirilýän ilkinji fransuz milli rallisinde ýeňiş gazandy. Hazaryň kenarynda döredilýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň taslamasy, fransuz awtomobil ussatlary tarapyndan saýlanyp alnan özboluşly reklama usuly geljekki syýahatçylygyň «merjeni» bilen ýewropalylary tanyşdyrdy.

2010-njy ýylda Hytaý Halk Respublikasynyň, Şanhaý şäherinde açylan «EKSPO – 2010», Koreýada geçirilen «Ekspo – 2012» bütün dünýä sergisinde Awaza baradaky reklama dünýäniň dürli künjeginden gelen tomaşaçylarda örän uly gyzyklanma döretdi.

Nesip bolsa, bu tema bagyşlanyp reklama wideorolikleriň sany entek ençeme bolar we bütin dünýäniň ilatynyň arasynda Awazany wagyz etmekde uly işler bitiriler.

Şeýlelik bilen, reklamanyň hyzmatyndan doly peýdalanylmagy netijesinde ýurdumyzda öndürilýän önümler, hyzmatlar içerki we daşary ýurt bazarlarynda öz hakyky ornuny tapyp, ykdysadyýetimiziň ösmegine özüniň mynasyp goşandyny goşar.

## II bap

## Reklamanyň wezipesi we mazmuny

### 2.1. Reklama barada düşünje we onuň döreýiş taryhy

Türkmenistan döwletiniň, hökümetiniň ilatyň harytlara bolan islegini hasaba almak, ony kanagatlandyrmak üçin hemme mümkinçiligi bar we bu ugurda halkyň islegini kanagatlandyrmak maksady bilen döwlet tarapyndan dürli çäreler hem görülýär.

Ilatyň islegini doly kanagatlandyrmak üçin dürli mümkinçiliklerden – baha syýasatyndan, öňdebaryjy önümçilik tehnologiýasyndan, özümizde öndirilmeýän käbir harytlary daşary ýurtlardan getirmek arkaly peýdalanylýar. Bu bolsa islegiň düzüminiň we göwrüminiň emele gelmeginiň sebäplerini we olary kanagatlandyrmagyň ugurlaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde islegiň emele gelmeginiň sebäpleri önümçilik bilen sarp edijiligiň arasyndaky gapma-garşylygyň bolmazlygyny üpjün edýär.

Söwda reklamasy islegi emele getirmekde we ony kanagatlandyrmakda esasy enjam bolup hyzmat edýär. Reklama önümçilik

kärhanasy bilen alyjylaryň (sarp edijileriň) arasyndaky esasy araçy bolup, önümleriň, harytlaryň isleg ödeýiş häsiýetleri, aýratynlyklary, harydyň hili barada maglumat bermek bilen, şol harytlaryň üstünlikli satylmagyna ýardam berýär.

Haryt we önümler barada jemgyýetçilik pikri emele getirmek bilen, reklama adamlarda şol haryda bolan islegi döredýär.

Bu usul meşhur Gündogar bazarlarynda hem giňden ulanylypdyr. Mysal üçin, Beýik ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen gadymy Merwiň bazarlarynda türkmen söwdagärleri ýörite jarçylara öz harytlaryny mahabatlandyrypdyrlar. Ýörite dellalaryň hyzmatyndan peýdalanyp, harytlarynyň mahabatyny ýetirip satypdyrlar. Şol dellalara häzirki wagtda hem türkmen bazarlarynda duşmak bolýar.

Reklamanyň hyzmatyndan doly we dogry peýdalanmak arkaly Türkmenistanda öndürilen islendik önüm daşary ýurt bazarlarynda öz ornuny tapjagyna şek-şübhe ýokdur. Sebäbi baý tebigy serişdeler, türkmen bazarynyň gelejeginiň ululygy, ýurduň geosyýasy taýdan amatly ýerde ýerleşmegi, syýasy durnuklylyk, ykdysadyýetimiziň yzygiderli durnukly ösmegi myhmanlar, işewür adamlar üçin döredilýän şertler ykdysadyýetimize daşary ýurt maýa goýumlary goýup, halk hojalyk pudaklarymyzyň mundan beýläk hem ösmegine, dünýä ülňülerine gabat gelýän, dasary ýurtlarda hem öz hyrydaryny (alyjylaryny) tapjak önümleri öndürmäge mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň batly ösüşini Garaşsyzlygyň gudraty diýip atlandyrmak bolar. Milli ykdysadyýetimiziň esasyny şu pudak düzýär diýsek, ýalňyş bolmaz.

Milli senagatymyzyň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe, özem düýpgöter täze pudak hökmünde kemala gelen dokma-ýeňil senagat ulgamy häzir geň galdyryjy depginde öňe barýar. Türkmen topragynyň naýbaşy baýlyklarynyň biri bolan «ak altynyň» öndürilişini islege laýyk artdyrmak meselesini hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk işgärleriniň öňünde goýmagy kanunalaýykdyr. Sebäbi ýurdumyzda häzir 70-e golaý pagtadan önüm öndürýän kärhanalaryň barlygy milli ykdysadyýetimiz üçin uly goşantdyr. «Türkmenistanda öndürildi» diýen belgili jinsi, trikotaž, ýüplük, nah matalaryň,

geýimleriň, beýleki durmuş hajatlaryna niýetlenilen önümleriň onlarça görnüşi ABŞ, Türkiýe, Gresiýa, Kanada, Germaniýa, Hytaý ýaly ýurtlarda uly isleg bilen alynýar.

Eger-de önümçilik kärhananyň, firmanyň ýolbaşçysy bäsleşlikde üstün çykjak, eger-de bazaryň ýagdaýyny biljek, bazary segmentlere böljek, alyjylaryň islegini, önümi öndürmek, ony barlap görmek, baha syýasatyny amala aşyrjak, harydy alyjylara wagtynda ýetirjek, harydy reklama etjek bolsa, harytlar barada alyjylara köpräk maglumat berjek bolsa, onda marketinge ýüzlenmelidirler.

Emma bazar ykdysadyýeti şertlerinde haryda ilat tarapyndan isleg bildirilmeýän bolsa, onda söwda edara-kärhanalarynyň ony satmakdan ýüz döndermäge haklary bardyr. Şol sebäpli önüm öndürýän kärhananyň öz-özüni ödemän ykdysady taýdan gaty pes ýagdaýa düşmegi mümkin. Şonuň bilen birlikde bäsdeşleriň döremegine hem mümkinçilik döreýär. Şol hili ýagdaýlara düşmezlik üçin ýolbaşçylar, hünärmenler bazar ykdysady gatnaşyklar şertlerinde önümçiligi dolandyrmagyň başga ýollaryny gözlemäge, marketinge we onuň esasy düzümi bolan reklama ýüzlenmäge mejbur bolýarlar.

Reklama barada taryhda hat ýazmaklykdan başlanan döwürden bäri ýatlamalar bar. Gadymy rimliler gladiatorlaryň söweşi barada, diwarlaryň ýüzlerine bildirişler ýazypdyrlar. Finikiýsler gaýalaryň ýüzlerine özleriniň çozuşlary, özleriniň harytlary barada suratlary çekipdirler.

Gadymyýetdäki reklamanyň görnüşlerinden mysal getirsek, gadymy Gressiýanyň jarçylary Afinanyň köçelerinde gygyryp adamlara, ýaşaýjylara gullaryň, mallaryň we beýleki harytlaryň satylýandygy barada habar beripdirler. Olar goşgy setirleri bilen satylýan zatlary, gullary, mallary mahabatlandyrypdyrlar.

Bäsdeşiňiz hem siziň çykarýan harydyňyza meňzeş harydy bilen bazara çykýar. Ýöne bazarda öz ornuny kim taparka, muny, elbetde, reklama çözýär. Eger-de sizden tapawutlylykda, bäsdeşiňiz reklamanyň hyzmatyndan peýdalanýan bolsa, siz bolsa oňa üns bermeýän bolsaňyz, elbetde, bäsdeşiňiziň işi oňuna bolup, onuň siziňkä meňzeş harydy öz alyjysyny tapar, sebäbi bazarda siziň harydyňyzy

hiç kim tananok, ol barada hiç hili maglumat ýok. Eger-de siz reklamanyň hyzmatyndan peýdalanmaýan bolsaňyz siziň öndürýän harydyňyzyň bäsdeşiňizkiden aýratynlyklary barada alyjylar nireden bilsin. Koka-Kola içgisi barada biziň hemmämiz anyk maglumatlary bilýäris, ýagny Koka-Kola içgisi ilat tarapyndan 1923-nji ýyldan bäri uly isleg bildirilip satyn alynýan içgidir. Başgaça aýdanymyzda, indi 90 ýyldan bäri Koka-Kola alyjylar tarapyndan uly isleg bildirilip satyn alynýan içgi hasaplanýar. Onuň bazardaky ýagdaýyna II Jahan urşam, ykdysady pese düşüşikler hem, krizis ýagdaýlary hem öz täsirini ýetirip bilmedi. Koka-Kola kompaniýasy hem özüniň işini kiçijik hususy kärhanadan başlapdy. Kompaniýanyň şu günki derejä ýetmekligine iki sany zat täsir edipdir. Birinjiden, ýokary hilli önüm, ikinjiden, netijeli reklama. Nähili ýagdaýlar bolsa hem şu kompaniýa özüniň bazardaky ornuny saklap gelýär.

Türkmen halylarynyň dünýä bazarlaryndaky ýagdaýy hem Koka-Kola kompaniýasynyň ýagdaýy bilen deňeşdirmäge mynasypdyr. Türkmen halylary hem gadymyýetden bäri dünýä bazarlarynda özüniň ymykly ornuny tapandyr diýsek ýalňyşmasak gerek.

Gadymyýetde ulanylan reklamalardan ýene-de biri senetkärleriň öz öndüren harydyna goýýan tagmasydyr. Mysal üçin, türkmen küýzegärleri (külallary) ýasan küýzelerine öz hususy tagmasyny basypdyrlar. Küýze öndürýän senetkäriň abyraýy barada, onuň öndürýän önümleriniň hiliniň ýokary derejeliligi barada öwgüli sözler ýaýrap başlandan soňra alyjylar şol hünärmeniň (senetkäriň) tagmasy bar bolan küýzeleri gözläp başlapdyrlar. Ýuwaş-ýuwaşdan tagmaly öndürilýän önümlere bolan isleg tagmasyzlara garanyňda ýokarlanypdyr. Elbetde, bu ýagdaý şol harytlara ýokary bahalary goýmaga hem mümkinçilik döredipdir.

Biziň döwrümizde munuň ýaly maksatlar üçin ýörite haryt nyşanlary ulanylýar. Mysal üçin, «Süýt» paýdarlar jemgyýeti, «Ruhubelent» paýdarlar jemgyýeti, «Aşgabat» çakyr zawody, Azyk senagaty döwlet birleşigi we ş.m.

Reklamanyň taryhyndaky esasy rol, ýagny onuň giň gerim bilen ýaýramagy 1450-nji ýylda Gutenbergiň hat ýazýan stanogynyň döre-

megi bilen baglanyşyklydyr. Bu stanokda bildirişler köpeldilip, gowy çap edilip ýaýradylypdyr. Iňlis dilindäki ilkinji reklama 1478-nji ýylda çap edilipdir.

Reklama 1622-nji ýylda iňlis dilinde çykan ilkinji gazetden soňra uly üstünliklere eýe bolup başlapdyr. Soňra Eddison we Stil diýen adamlar ýörite «Getler» ady bilen reklama gazetini çykaryp başlapdyrlar. 1710-njy ýylyň 14-nji sentýabyrynda «Getler» gazetinde sakal syrylýan päkileri ýiteltmek üçin ulanylýan kemerler we başga harytlar üçin reklama bildirişleri ýerleşdirilipdir.

ABŞ reklama boýunça iň ýokary derejelere reklamanyň atasy hasaplanylýan Wenjämin Franklin döwründe ýetipdir. Onuň hususy gazeti bolan «Gazett» ady bilen çykarylan gazeti, hemme reklama edýän gazetleriň arasynda tiražynyň (sanynyň) köplügi bilen tapawutlanypdyr.

ABŞ-nyň reklamanyň esasy öýjügine öwrülmegine birnäçe şertler täsir edipdir.

Birinjiden, Amerikanyň senagatyna mehanizasiýanyň girizilmegi bilen harytlar köpelip başlapdyr, artykmaç harytlar köpelipdir, şu ýerde alyjylary köpräk haryt almaga ynandyrmak zerurlygy ýüze çykypdyr. Ikinjiden, oňat suw, gara ýollaryň gurulmagy, döredilmegi oba ýerlerine dürli harytlary eltmäge we reklama etmäge mümkinçilik döredipdir. Üçünjiden, 1813-nji ýyldan hökmany başlangyç bilimiň girizilmegi, ilatyň bilim derejesiniň ýokarlanmagy bilen gazet-žurnallaryň köpelmegine, olarda bolsa reklamanyň ýerleşdirilmegine, ilatyň şol reklamalar bilen tanyşmaklygyna ýardam beripdir.

Soňra radio-telewideniýäniň ýüze çykmagy bilen reklamany ulanmagyň we ýaýratmagyň iň gowy iki sany çeşmesi emele gelipdir. ABS-nyň Nýu-Ýork şäherinde uly reklama agentlikleriň ştab kwartirasy ýerleşýär. Şol ýerde 30 müňden gowrak işgär işleýär. Amerikanyň 600-den gowrak reklama agentlikleri Nýu-Ýork şäherinden daşda hereket edýär. Reklama agentlikleriň hyzmatyndan özüniň hususy reklama bölümleri bar bolan kärhanalar hem peýdalanýarlar. Reklama agentlikleri köplenç 4 bölümden ybarat bolup, 1-njisi döredijilik bölümi, ol bölümiň esasy wezipesi bildirişleri taýýarlamak, 2-njisi

reklama serişdeler bölümi – bu bölüm reklama serişdelerini saýlamak hem-de bildirişleri ýerleşdirmek bilen meşgullanýar, 3-njisi barlag bölümi – bu bölüm alyjylar köpçüligini we olaryň häsiýetlerini öwrenýär, 4-njisi täjirçilik bölümi – agentligiň täjirçilik işlerini ýerine ýetirýän bölüm.

Reklama agentlikler reklama berijilerden reklamanyň umumy bahasyndan 15 % girdeji alýar.

Reklama boýunça hünärmenler reklama işini hemmetaraplaýyn öwrenýärler, hatda dürli ýurtlarda haýsy milli reňkleriň has gowy görülýändigine çenli öwrenipdirler. Mysal üçin, amerikalylar gyzyl reňki söýgi, sary reňki gülläp ösüş, ýaşyl reňki umyt, joşgun, ak reňki päkligiň we asudalygyň simwoly hökmünde kabul edýärler.

Awstriýada has oňat görülýän reňk ýaşyl reňkdir. Gollandiýada bolsa mämişi we mawy reňklerdir.

Biziň ýurdumyzda gyzyl, ýaşyl reňkleri gowy görýärler, şol sebäpli hem türkmen halylarynda dok gyzyl reňk, ýaşyl reňk agdyklyk edýär.

Biziň Türkmenistan döwletimizde hem döwlete degişli bolmadyk reklama agentlikleriniň birnäçesi hereket edýär.

## 2.2. Reklama bolan esasy estetiki talaplar

Reklama jemgyýetçilik ýüze çykmasy hökmünde gadymy taryha eýedir. Jemgyýetçilikde alyş-çalyş, söwda ýüze çykaly bäri reklama hem hereket edýär. Reklamanyň esasy maksady alyjylara harytlaryň isleg ödeýiş gymmatlyklary barada maglumat hem-de dürli görnüşli hyzmatlar barada habar bermekdir we esasy maksat şolary satmak we olara isleg döretmekdir.

Reklama bolan estetiki talaplar şu aşakdakylardan ybarat:

Reklamanyň aýdyňlylygy-manylylygy, bu harytlaryň häsiýetleri, anyk we dogry aýratynlyklary we üns çekiji bolmagydyr. Estetiki taýdan reklama bolan talaplaryň biri hem islendik ýagdaýda göze görünmegidir, şol bolsa alyjylary özüne çekmäge ýardam berýär hem-de şol harydy satyn almak netijesine gelmäge kömek edýär.

Reklamanyň tebigylygy, çynlakaýlylygy, özboluşlygy, aýratyn üýtgeşikliligi – reklama edilýän harydy adamlara garaşylmadyk ýagdaýda görkezmek hem-de olaryň ünsüni özüne çekmek. Bu talaplary ýerine ýetirmek dürli ýagdaýda we dürli usullar bilen amala aşyrylýar. Reklamanyň iň köp ýaýran görnüşlerinden biri hem çap usully (ýazmaça) reklamadyr. Bu usulda esasy bolup ýazylýan sözlemler çykyş edýär. Onuň ýardamynda harytlaryň häsiýetleri we hyzmatlar barada maglumatlar berilýär. Sözlemler düzülende edebiýat döredijiliginiň dürli görnüşleriniň ulanylmagy mümkin. Mysal üçin, reklama uçin sözlemler düzülende diňe sözler bilen yzygiderli sözlemler düzülmän, eýsem goşgy görnüşinde hem reklama etmek mümkin.

Reklamanyň dili hemmeler üçin düşünikli we anyk bolmalydyr. Teksti gysga, düşünikli we mazmunly bolmalydyr. Reklamanyň tekstini düzmek üçin dürli hünärde işleýän adamlary – lukmanlary, harytşynaslary we ş.m. çekmek mümkin. Sözler bilen reklama etmek 3 topara bölünýär: 1. Maglumat beriji, habar beriji; 2. Ýatda galýan; 3. Ynandyryjy; 3-nji aýratynlygy ol harydyň, önümiň haýsy hem bolsa bir, ýöne esasy häsiýeti barada gysgaça alyjylar üçin maglumat berýär. Mysal üçin, «Gök çaý, siziň uzynly gün işjeň ýagdaýyňyza kepildir».

Eger-de azyk harytlaryny reklama edýän bolsaňyz, onda esasy ünsi olaryň iýmitlik gymmatyna, kalloriýalygyna, düzüminde bar bolan witaminlere gönükdirmelidir. Eger-de täze haryt reklama edilýän bolsa, onda şol harydyň hili barada we şoňa meňzeş harytlardan üýtgeşikligi barada anyk maglumatlar berilmelidir. Mysal üçin, täze çykan kondisionerler tomsuna otagy sowatmak, gyşyna bolsa otagy ýylatmak ukybyna eýedikleri barada reklamada maglumatlar bolmalydyr.

Reklamanyň teksti şu aşakdaky estetiki talaplara jogap bermelidir:

1. Sözlemleriň düzülişi islendik adama düşünikli bolmalydyr;
2. Tekstdäki berilýän maglumat özüne çekiji bolmalydyr;
3. Göze görünýän birinji sözlem okyjynyň ünsüni özüne çekiji bolmalydyr;

4. Reklamanyň tekstinde haryt barada maglumat anyk we owadan bolmalydyr.

Biziň ýurdumyzda gündelik çykýan gazetdir-žurnallarda önümler, harytlar, hyzmatlar reklama edilýär. Şonuň ýaly-da reklama üçin ýörite plakatlar, afişalar, sergi bukletleri, kataloglar we ýörite gaplamak üçin taýýarlanylýan gaplar ulanylýar. Haryt baradaky reklama bildirişleriniň formasy önümleriň häsiýeti bilen baglanyşyklydyr. Eger-de belli harytlaryň hili barada, häsiýetleri barada köpräk maglumatlar gerek bolmasa, onda reklama tekstini gysgarak ýazaýmaly. Mysal üçin, «Telewizor – dünýä çykalga penjiresi», «Süýt – bu saglykdyr».

Tekstiň aýdyňlygy – göze görnüşi dürli görnüşli harplar we ýazgylar ulanmak bilen baglanyşyklydyr. Olaryň esasy maksady okyjynyň ünsüni çekmekden ybaratdyr. Harplar reklama edilýän harytlar bilen gabat gelmelidir. Mysal üçin, berklik, ygtybarlylyk reklama edilýän bolsa, onda anyk, gönüburçly harplar ulanylsa has dogry bolardy. Harplaryň arasyndaky aralyga, harplaryň reňklerine hem üns berilmelidir.

Şekil çekilen surat, çeper düşürilen surat, ýazmaça reklamanyň esasy düzümidir. Şekil ýazgynyň üstüni doldyrmak bilen ony has baýlaşdyrýar. Oňat ýerine ýetirilen we saýlanan şekil birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýär.

Reklamada ýene-de bir esasy zat, harytlaryň nyşanlaryny ulanmakdyr. Haryt nyşany dürli görnüşli haryt öndürijileriň birmeňzeş öndürýän harytlaryny bir-birinden tapawutlandyrmak maksady bilen ulanylýan aýratynlykdyr. Haryt nyşanlary grafik, söz görnüşde göwrümli ýa-da kombinirlenen, ýagny söz we şekil görnüşde bolup biler. Haryt nyşanlary birinji nobatda estetiki talaplara jogap bermelidirler. Birinjiden, çeper obrazly bolmak bilen reklama edilýän haryt doly görkezmelidir, ikinjiden, göze görnüp duran we ýatda galýan bolmalydyr. Mysal üçin, «Akmaýa» süýt paýdarlar jemgyýetiniň nyşanynda ala sygryň şekili ýatdan çykmajak nyşandyr.

Reklamada ulanylýan reňkler onuň çeperçilik gymmatyny baýlaşdyrýar. Ussatlyk bilen ulanylýan reňkler estetiki duýgy döredýär-

ler. Mysal üçin, gyzyl reňkler, onuň öwüsginleri gyzdyryjy enjamlary reklama etmäge, sowuk reňkler sowadyjylary, içgileri, ak-gök öwüsginler gök reňkiň dürli öwüsginleri bilen garyşdyryp ulanylsa arassalygyň nyşany bolup, arassalaýjy, ýuwujy serişdeleri reklama etmekde ulanylýar.

Häzirki zaman reklamalarynda çyralar, yşyklar gaty köp ulanylýarlar, sebäbi olary islendik howa şertlerinde ulanmak mümkinçiligi bar, şonuň ýaly-da gijelerine şäherlere owadanlyk berýär. Muňa mysal edip, Aşgabat şäherinde bar bolan ýagtylyk reklamalarynyň dürli görnüşlerini görkezmek mümkin.

Kärhana edaralaryň atlary, reklama ýazgylary, gazýagtylyk turbalary we ýörite plasstmassa içi çyrajykly trubajyklar ýagtylyk reklamasynyň esasy gornüşleridir.

Reklamanyň esasy estetiki serişdesi hökmünde ses, owaz ulanylýar. Mysal üçin, dükanlardaky ulanylýan reklamalarda ses, owaz durmuşa bolan ymtylyş, oňat duýgy, şatlyk döredyär.

Söwda reklamasyny döretmekde sungat örän uly rol oýnaýar. Reklama özbaşyna sungat eseri bolman, eýsem sungatyň dürli görnüşlerini çeperçilik bilen ulanýan serişdedir.

Reklamada sungatyň haýsy görnüşiniň ulanylýandygyna seredip, olary 3 topara bölmek mümkin:

1. Dürli gornüşli çeper sungatyň ýardamy bilen döredilýän reklama (surat çekmek, heýkeltaraş, çeper fotografiýa, grafika);
2. Çeper sungat hökmünde arhitekturany ulanmak;
3. Sungatyň sintetiki serişdelerini, görnüşlerini ulanmak bilen (kino, telewideniýe we radio).

Şularyň içinde iň köp peýda getiryäni telereklamadyr, sebäbi ol millionlarça adamlara gönükdirilendir, telegörüjiler öýlerinde dynç alýan wagtlary teleýaýlymlara tomaşa edýärler we telereklama adamlara hemme tarapdan täsir edýär, görýär, eşidýär. Mälim bolşy ýaly, maglumatlar köptaraplaýyn kabul edilýär. Şonuň ýaly-da telewideniýäniň ýardamynda öndürilýän we satylýan harytlar barada önümçilikden, sergi zallaryndan, satuw ýarmarkalaryndan gepleşikler alyp barmaga mümkinçilik bolýar.

Radioreklamanyň hem ähmiýeti öýde iş edip ýa-da dynç alyp oturanlara täsirlidir. Dirli ses-saz bilen goşulyşyp, adamlar tarapyndan oňat kabul edilmäge mümkinçilik döredýär.

Döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan işler ykdysadyýetimiziň hemmetaraplaýyn ösmegine itergi berýär we bagtyýarlyk döwrüniň ykdysadyýetiniň özboluşly aýratyn ösüş ýoluny salgy berýär. Şol ýolda döwletimizde döwrelaýyk bazar gatnaşyklary şertlerinde öz-özüňi dolandyrmak we netije gazanmak her bir pudagyň , kärhananyň öňünde goýlan wezipe bolup durýar.

Elbetde, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň bäsleşik ukybynyň dünýä derejesine göterilmegine, olaryň dünýäniň islendik bazarynda öz ornuny tapmaklygyny talap edýär. Şeýle ýagdaýda hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Pudakda işleriň ýagdaýyny düýpli üýtgetmek, häzirki zaman marketingini işe ornaşdyrmak, dünýäniň sarp ediji we harytlar bazarlarynyň toplumlaýyn seljermelerini birsyhly geçirmek zerurdyr, munuň özi pudagyň görkezijilerine bada-bat öz täsirini ýetirer».

## III bap

## Reklamanyň görnüşleriniň we serişdeleriniň toparlara bölünişleri

### 3.1. REKLAMANYŇ GÖRNÜŞLERI

Häzirki döwürde bütin dünýäde ulanylýan reklamalaryň birnäçe görnüşleri bolup, olaryň esasylary şu aşakdakylardyr:

1. Çap edilýän reklama;
2. Telewizion reklama;
3. Radioreklama;
4. Kinoreklama;
5. Fotosurat reklama;
6. Ulag serişdelerindäki reklama;
7. Sergi reklama;

3. Sargyt № 2388

8. Çyra ýagtylyk reklama;
9. Seminarlar;
10. Harytlaryň gabyndaky reklama;
11. Dilden-dile geçýän reklama;
12. Reklama şitler we ş.m.

Bular reklamanyň häzirkizaman görnüşleri bolup, harytlary, hyzmatlary reklama etmekde giňden ulanylýar. Şu bölümde baky Bitarap Türkmenistan döwletinde häzirki döwürde öndürilýän önümler we hyzmatlar barada maglumatlary, habarlary alyjylara ýetirmekde, olarda harydy satyn almak barada pikirleriň emele gelmegine täsir edäýjek reklamanyň görnüşleri we serişdeleri barada ylmy seljermeler geçirilip, olara häsiýetnama berilýär.

Reklamanyň serişdeleri – bu reklama maglumatlaryny özünde saklaýjy (göteriji) bolup, reklama beriji alyjylara şol harydy ýa-da







hyzmaty satyn almak barada netije çykarmaklyga ýardam bermäge mümkinçilik döredýär. Gysgaça aýdanymyzda, reklama serişdeleri-bu reklamany näme bilen edilýänligidir.

Reklama serişdeleri gaty köpdür, olar biri-birinden özüni düzüji düzümi, taýýarlaýyş tehnikasy, niýetlenişi, ulanyş aýratynlyklary, netijeliligi, täsirjeňligi we ş.m. bilen tapawutlanýarlar.

Jemgyýetçilik ykdysady durmuşymyzyň, ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen, reklamanyň täzeden – täze serişdeleri peýda bolýar.

Her bir reklama, özüne reklama habarlaryny ýerleşdirýär. Şol habarlaryň mazmunyny we formasyny düzýän düzümler tekst we şekildir. Tekst we şekiliň ýardamynda reklama ilatyň duýgusyna, aňyna täsir edýär.

Tekst reklama ýüzlenmesiniň esasy düzümi bolup, köpçülikleýin reklama serişdeleriniň aýrylmaz bölegidir. Tekst reklamanyň esasy mazmuny özünde saklamak bilen, reklama nämä niýetlenen bolsa, şonuň manysyny açyp görkezýär. Reklama tekstine girizilen her bir söz, sözlem örän düşünikli we anyk bolmalydyr.

Tekstiň häsiýeti näme üçin, nähili habary ýaýratmak üçin niýetlenişine garap anyklanylýar. Şol sebäpli reklama tekstleri şu aşakdakylara bölünýärler:

**1. Habar beriji; 2.Ýatladýjy; 3.Ynandyryjy.**

**Habar beriji tekstler** – özüniň gysgalygy bilen tapawutlanýarlar, bu görnüşli tekstler köplenç söwda nokatlaryna täze harytlaryň çykarylandygy, ýa-da şol harytlaryň satylýan ýeri barada habar bermek üçin ulanylýar. Munuň ýaly tekstler özüniň ýönekeýligi bilen tapawutlanýarlar.

**Ýatladýjy tekstler** – olar hem özüniň gysgalygy we ýatda galyjylygy bilen tapawutlanýar. Mysal üçin, «Düýe çaly iň gowy içgidir», «Türkmen halysy», «Türkmen çakyry».

**Ynandyryjy tekstler** – alyjylara täze haryt barada, ol harydyň esasy häsiýetleri barada ynanç döretmäge mümkinçilik berýär.

Iýmit önümleri reklama edilende, ilkinji nobatda, olaryň iýmitlik gymmaty barada aýtmaly, (kalloriýalygy, witaminleriň bardygy we ş.m.) şeýle-de iýmit önümlerinden naharlaryň taýýarlanyşyny, şol iýmit önüminiň adamlaryň iýmitlenmeginde tutýan ornuny açyp

görkezmeli. Mysal üçin, «Gaýmak – bu taýýar ertirlik. Birinji, ikinji naharlar hem-de gök önümlerden taýýarlanan işdäaçarlar üçin goşmaça tagamdyr», «Bir käse alma şiresi adam organizmi üçin gije-gündiziň dowamynda gerek bolan C witaminini üpjün edip bilýär» we ş.m.

Şekil hem reklamada uly orun tutýar. Şekil reklama tekstiniň täsirjeňlik güýjüni ýokarlandyrýar, käbir ýagdaýlarda bolsa tekstiň ornuny çalyşýar.

Reklamada şekiller – çekilen surat, düşürilen surat, diapozitiw, kino ýa-da teleşekil görnüşinde bolmagy mümkin. Özüniň ýerine ýetirilişi boýunça nähilidigine garamazdan, şekil bir wagtyň özünde bir ýa-da birnäçe aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmegi mümkin:

1. Reklama serişdelerine ünsi çekmek.
2. Reklama edilýän obýekte gyzyklanma döretmek.
3. Reklama edilýän harydyň aýratyn gowy taraplaryny görkezmek.
4. Harydyň özboluşly häsiýetli taraplaryny açyp görkezmek.
5. Teksti goşmaça doldurmak.
6. Harydyň adyny, önümçilik kärhananyň nyşanyny, haryt gabyny ulanmak arkaly at-abraý gazanmak.

Reklamada suratlar grafiki, çeper surat çekmek usullary bilen ulanylýar. Gara-ak reňkler, perolar, flomasterler, çotga, reňkli galamlar we ş.m. bilen ýerine ýetirilen bolmagy mümkin.

Reňk, ýagtylyk (yşyk), ses, harplar reklamanyň adamlara iň täsir ediji serişdeleridir.

Adamlara psihologiki täsir ediji serişdeleriň biri hem reňkdir. Reňk adamlaryň duýgusyna, keýpine täsir edýär.

Gyzyl reňk adamlaryň keýpini göterýär, ýöne tiz ýadadýar, narynç, gyzyl, sary reňkler gyzgyn reňklere degişli bolup, adamyň keýpini göterýär, ýaşyl reňk adamyň nerw ulgamyna täsir edip rahatlandyrýar, gaharyny ýatyrýar, gyr (kül reňk) rahatlygy bozýar, ýürek gysdyryjy, gara reňk keýpiňi bozýar.

Reňk reklama edilýän harytlary tanamaga mümkinçilik döredýär. Tebigatda bar bolan hemme reňkleri alymlar iki topara bölýärler: 1. Ahromatik; 2. Hromatik.

1. Ahromatik reňklere-gara, ak we olaryň öwüşginleri;

2. Hromatik reňklere-spektriň hemme reňki degişlidir-gyzyl, narynç, sary, ýaşyl, açyk gök, gök, mawy (syýa reňk). Bu reňkleriň arasynda reňkleriň köp öwüşginleri bardyr.

Hromatik reňkler-reňk öwüşginleriniň köplügi, reňk doklugy, reňkiň ýagtylygy, açyklygy bilen häsiýetlendirilýär. Ýyly hem-de sowuk reňkler bar. Spektriň çepinde ýerleşen – gyzyl, narynç, sary, ýagny Güni yada salýan reňkler, çogly demri ýada salýan reňkler – gyzgyn reňkler. Spektriň sag tarapynda ýerleşen ýaşyl, açyk gök, gök syýa reňk bolsa, suwy, gary ýatladýandygy üçin sowuk reňkler hasaplanýar.

Ýagtylyk – yşyk. Ýagtylyk reklama edilýän harydyň serişdelerini kabul etmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýagtylygyň oýnamagy netijesinde harytlaryň göwrümliligi, harytlara düşýän ýagtylyk, dürli reňk öwüsginlerine boýalýar, ikinjiden, ýagtylyk – yşyk reklama berilýän esasy pikiri açyp görkezmäge mümkinçilik döredýär.

Yşyk-witrinalary, dükanyň adyny we başga harytlary reklama etmäge mümkinçilik döredýär.

Reklama serişdelerinde ses, owaz uly rol oýnaýar. Reklamanyň manysyny ilata ýetirmekde sesiň, owazyň uly ähmiýeti bardyr.

Harplaryň kömegi bilen reklama tekstler ýazylýar we reklamanyň manysy halk köpçüligine ýetirilýär. Harp hökmany suratda adamlaryň ünsüni özüne çekiji hem-de okalyşy aňsat bolmalydyr. Her bir harp tekste özboluşly owadanlyk bermelidir. Harplar saýlananda, şol şriftleriň reklama edilýän haryt bilen meňzeşräk bolmalydygyny ýatdan çykarmaly däl. Adamyň gözüniň aýry-aýry harplary kabul etmän, eýsem aýratyn sözi, sözlemi tutuşlygyna kabul etmäge mümkinçiligi bardyr.

## 3.2. Reklamanyň serişdeleri we olary saýlap almak

Reklamanyň peýdalylygyny ýokarlandyrmagyň esasy gözbaşy bu reklama serişdelerini dogry saýlap almakdyr. Häzirki wagtda reklamanyň esasy serişdeleri bolup, döwürleýin metbugatdaky reklama, sorag-jogap, radio, telewideniýe, kino boýunça berilýän reklama, harydyň satylýan ýerindäki reklama, harydy resmileşdirmekdäki

reklama, harydy herekete getirmek bilen baglanyşykly reklama we ş.m. durýarlar. Söwdada ulanylýan tehniki serişdeleriň usulyna we häsiýetine baglylykda reklamanyň şu aşakdaky görnüşlerini ulanýarlar: witrina sergisi, çap edilýän, plakat, grafiki, kino reklama, radiotelewizion yşyklandyryjy reklama we ş.m.

Sergi-witrina reklamasy – äpişge witrinalary söwda reklamasynyň iň bir ýaýran we elýeterli görnüşidir. Witrina – bu dükanyň ýüzüdir. Witrinanyň esasy niýetlenişi alyjylary satuwda bolan täze harytlaryň assortimenti bilen tanyşdyrmak, täze we az belli harytlar barada habar bermek, ol ýa-da beýleki paslyň gelýändigini habar bermek, ol pasyllarda gerek bolan harytlary satyn almaklygy ýatladýar.

Çap edilýän reklama – reklamanyň bu görnüşi harytlary reklama etmekde esasy bolup durýar. Çap edilýän reklamanyň kömegi bilen ilata dürli ugurlar boýunça maglumatlary berip bolýar.

Çap reklamanyň-serişdelerine plakatlar, listowkalar, prospektler, ýörite reklama önümleri (otkrytkalar), gazetlerdäki we žurnallardaky bildirişler degişlidir.

Bularyň içinde iň esasysy gazet we žurnallardyr. Munuň oňaýly tarapy az wagtyň içinde köp maglumatlary bermek mümkinçiligidir.

Döwürleýin metbugatdaky we sorag-jogapdaky reklama reklamanyň iň giň ýaýran görnüşidir. Şol reklama üçin çykdajylaryň ýarysyndan-da köprägi harç edilýär. Munuň özi okyjylaryň giň köpçiligine elýeterliligi bilen düşündirilýär. Çap edilýän reklamanyň aýratynlygy, onuň anyk kesgitlenen we öňünden bellenilen sarp edijileriň toparyna niýetlenýändigindendir.

Çap edilýän reklama:

– reklama bukletleri;
– gazet bildirişleri;
– žurnallarda berilýän reklamalar.

Türkmenistanda reklamanyň has ýaýran görnüşleriniň biri dürli gazetlerdäki bildirişlerdir. Reklama bildirişlerine merkezi «Türkmenistan», «Нейтральный Туркменистан» gazetleriniň, ýörite «Habarlar», «Бизнес Реклама» ady bilen çykýan hepdelik gazetleriň, şonuň ýaly-da käbir žurnallaryň sahypalarynda duşmak bolýar.




Şu ýerde bellemeli zat, reklama bildirişleriň ýerine ýetirijilik ussatlygy, wezipesini doly ýetirmäge mümkinçilikleri ýok.

Köçe reklama şitlerini, bukletleri, afişalary we şäherimizde bar bolan beýleki görnüşli reklamany döwlete degişli däl reklama agentlikleri ýerine ýetirýärler.

Ýene-de bir bellemeli zat, reklama agentlikleri reklamanyň diňe käbir görnüşlerini ýerine ýetirmäge ýöriteleşdirilendir, reklama boýunça hünärmenleriň köpüsiniň ýörite bilimleri ýokdur. Şu okuw kitabymyz entek bize, biziň ilatymyza, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna ýeterlik derejede mälim bolmadyk, dünýäniň ösen ýurtlarynda bäsleşlerden üstün çykmak maksady bilen giňden ulanylýan, döwletimizde öndürýän önümlerimiziň we hyzmatlarymyzyň içerki we daşarky bazarlarda anyk, hakyky ornuny tapmak, olary hereket getirmek, satuwyny tizleşdirmek maksady bilen edilýän reklama bagyşlanýar.

**Plakat-grafiki reklama** – reklamanyň bu görnüşine plakatlar, şitler, afişalar degişlidir. Olar aýry harytlary öndürýän ýa-da täze açy-

lan söwda kärhanalaryny reklama etmek üçin niýetlenendir. Plakat-grafiki reklamanyň aýratynlygy reklama obýekti bilen birlikde ulanyp bolýanlygydyr. Plakat-grafiki reklamalar aýratyn köçäniň ugrunda durýan diwar görnüşde berkitmelerde goýulýar, bir ýa-da iki bolmagy mümkin.

**Radioreklama** goýberişleri aýratyn ýa-da köpçülikleýin alyjylara psihologiki täsir edýän serişde bolup durýar.

**Radioreklama** gepleşikler, reportažlar, bildirişler ýaly žanrlary ulanýar.

**Telewizion reklama** – esasy orny tutýar, onuň aýratynlygy – ilaty köpçülikleýin gursap almaklygy, tomaşaçylara dürli täsir ediş serişdelerini ulanmak mümkinçilikleri (şekili, sesi, reňki we ş.m.). Ýöne ol örän gysgadyr. Telewizion reklama serişdeleriniň arasynda iň gymmadydyr. Şeýle-de bolsa ol iň köp ýaýranydyr. ABS-da telewizion stansiýalaryň 5,5 müňüsi bar.

**Kinoreklama** – alyjylar auditoriýasyna ýüzlenip, uly psihologiki täsire eýedir we görkezişiň çäksiz mümkinçiliklerini döredýär. Harytlardan başga-da kino – reklamanyň obýekti bolup täze açylýan söwda kärhanalar, alyjylara hyzmat etmegiň usullary we başgalar bolup biler. Kinoreklama kinonyň giň mümkinçiliklerinden we onuň uly islegden peýdalanýandygy üçin giň ýaýraýşa eýedir.

**Yşyklandyryjy reklama** – bu reklamanyň serişdelerine kärhananyň wyweskalary, yşyklandyryjy paneller, jaýlaryň ýokarsynda ýa-da ýörite diwarlarynda gurnalýan gazetler we transparantlar degişlidirler. Yşyklandyryjy reklama iki wezipäni ýerine ýetirýär, ol alyjylara dükanlaryň ýerleşýän ýeri barada habar edýär we şäheriň köçeleriniň, meýdançalaryň bezegi bolup durýar. Yşyklandyryjy reklama elektrik we gaz yşyklandyryjy reklama, statistiki we dinamiki, dürli üýtgeýän reňkli we tekstli bolup biler.

**Lomaý söwdada ulanylýan reklama** – lomaý haryt aýlanyşygyň ölçegine we bölek satuw guramalarynyň we kärhanalaryň hyzmat edişiniň gowulanmagyna harytlaryň önümçilikden alyjylara çenli çalt hereket etmegine kömek edýär. Özüniň düzümi boýunça ol esasan maglumat beriji häsiýete eýedir. Lomaý söwdadaky reklamanyň

aýratynlygy, ol onuň ilata we lomaý satyn alyjylara ýüzlenýänligindedir. Lomaý sergi satylyş usuly, reklamanyň işjeň görnüşi hasaplanylýar. Sergi satylyşyndan başga-da lomaý söwdada reklamanyň plakat, gazetlerde we žurnallarda bildirişler, radio, telewideniýe, kataloglar, albomlar, prospektler, görkeziş sergileri ýaly görnüşleri ulanylýar.

## 3.3. Çap edilýän reklama we onuň ähmiýeti

Ýazmaça reklama poligrafiki usul bilen taýýarlanylan reklama serişdelerine degişlidir. Bulara plakatlar, afişalar, listowkalar, prospektler, broşýuralar, bukletler, kataloglar, ýatladyjylar (pamýatka), etiketkalar, baha belgileleri, haryt ýarlyklary, reklama hatlary we başgalar degişlidir. Ýazmaça reklamanyň içinde iň esasysy – bu gündelik gazet-žurnallarda çykýan, çap edilýän reklama habarlary, maglumatlarydyr.

Iň öňdebaryjy reklama serişdesi bolup, gazetler hyzmat edýärler, sebäbi gazetler okyjylara 1–2 günüň dowamynda ýetirilýär. Katalog, prospektleri taýýarlamak üçin azyndan 2–3 aý wagt gerek bolýar. Ýazmaça reklama reklamanyň gadymy görnüşlerinden biridir. Ýazmaça reklamany önümçilik we söwda kärhanalary giňişleýin ulanýarlar, gazetleriň, žurnallaryň köp tiražlarda çykarylmagy, halk köpçüligine reklama maglumatlary ýetirmäge mümkinçilik döredýär.

Ýazmaça reklama – bildiriş, reportaž, makala, bellikler, interwýu we ş.m. görnüşde bolup biler.

Ýazmaça reklamanyň häsiýeti – reklamanyň öňde goýýan wezipesi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, haryt barada gysgaça maglumat bermeli bolsa, onda bildirişler çap edilýär. Bildirişiň mazmuny örän gysga bolmaly, ýöne adamlara düşnikli we sada bolmalydyr, sebäbi köp söz reklamanyň netijeliligini (täsirligini) peseldýär. Mysal üçin, 5 sözden ybarat bolan teksti okan adamda – sözüň 5-si, 10 sözden ortaça 4–5-si, 25 sözden diňe 4–8 söz ýadynda galýar. Ondan başga-da köp sözden ybarat bolan reklamany çeper bezäp bolanok. Bildirişleriň ilkinji nobatda ady özüne çekiji bolmalydyr, ol okyjylarda şol bildiriş bilen tanyşmak üçin gyzyklanma döretmelidir. Mysal

üçin, öz-özüne hyzmat edýän dükanlarda saýawan üçin «howa maglumatyndan hem ygtybarly» ýaly özüne çekiji sözbaşy ýazylsa, has talabalaýyk bolýar.

Gazet-žurnallary bezemekde suratlar, fotosuratlar ulanylýar. Suratlar artykmaç bezegsiz arassa we ýönekeý bolmalydyr. Eger-de reklama edilýän harydyň dasky görnüşini reklama etjek bolsaňyz , onda onuň suratyny ýerleşdiräýmeli. Adamlaryň gözüne surat ilki ilýär, soňra teksti okamak mümkin, şol sebäpli surat adamlary şol bildirişi okamaga mejbur etmelidir. Täsir edip bilijilik ukybyny peseltmezlik üçin, çylşyrymly suratlary, elementleri ulanmaly däl. Ortaça hiç kim Reklama bildirişleri 1-nji setirden okap başlamaýar, ilkinjii nobatda bildirişiň suratyna, şoň harplaryň ululygyna-kiçiligine, ýazylyşyna üns berýär, soňra okaýar, şonuň üçin harplaryň ululy-kiçiligi, owadanlygy adamlary özüne çekmelidir.

Reklama habarlary (maglumatlary).

Ilat köpçüligi üçin niýetlenen bolup, her hepdede-aýda çykýan suratly gazetlerde ýerleşdirilýär. Uly supermarket dükanlaryň ož gazetleri hem bolýar. Mysal üçin, «Ýimpaş» söwda merkeziniň öz reklama gazeti bar, reklama žurnallary hem bar, olarda okyjylar üçin haryt barada köp maglumatlar berilýär. Her hepdede Aşgabatda «Habarlar», «Biznes reklama» ýaly gazetlerde reklama habarlary ýerleşdirilýär.

## Plakatlar, afişalar

Plakatlar suratkeşler tarapyndan amala aşyrylýar. Plakatlaryň nirede ýerleşdiriljegine, ulanjagyna seredip, mälim tekst, surat, reňk ulanylýar. Söwda zallarynda ýerleşdirilýän plakatlaryň ölçegleri gaty uly däl. Plakatlar köplenç harytlary we hyzmatlary reklama etmek üçin niýetlenendir. Reklama plakatlary poligrafiýa, metbugat öýlerinde ýa-da ýöriteleşdirilen reklama kärhanalarynda önümçilik ýa-da söwda kärhanalaryň, firmalaryň talapnamasy boýunça taýýarlanylýar. Bularda reklama habarlary dürli görnüşde bolýar. Plakatlarda hatlar, çekilen ýa-da fotosuratlar bolmagy hem mümkin. Plakatdaky tekstler adatça örän gysga we 3–4 setirden ybarat bolýar. Eger-de düşündiriş gerek bolmasa, onda olara sözlemleri ýazmaýarlar, diňe surat bilen

düşündirilýär. Eger-de plakatda harydyň isleg öýeýiş häsiýetleri barada ýazgy gerek bolsa, onda ony gysgaça ýerleşdirse hem bolýar. Mysal üçin, «Ary baly bu saglygyň hem-de uzak ýaşamagyň iýmitidir», ýa-da «Siziň üçin mydama sowuk içgiler satuwda bardyr». Eger-de daşdan görünýän plakat bolsa, onda ýazgylar gysgarak, ýönekeýje surat, uly harplar hem-de dürli reňkler, ünsi köpräk özüne çekiji bolýar. Plakatlar daşarda ýerleşdiriljek bolsa, onda gündiz ýa-da gije ýagtyltmak zerurlylygy hem-de onuň täsiri nähili bolarka. Howa ýaňy garaňkyran wagtynda gyzyl we sary reňkler aksowult öwüsýär we gök, ýaşyl reňklere garanyňda adamlar tarapyndan pesräk kabul edilýär. Söwda afişasy plakatyň bir görnüşi bolup, birnäçe uly bolmadyk plakatlardan ybaratdyr. Afişanyň ýardamynda birnäçe harytlary we hyzmatlary, önümçilik we söwda kärhanalaryny reklama edip bolýar. Afişalar 1 ýa-da 2 dürli reňkler bilen bezelýär.

### Prospektler, broşýuralar, listowkalar, ýatladyjylar (pamýatkalar)

Prospektler harytlary reklama etmek üçin ulanylýar. Munda bir haryt , bir topara degişli birnäçe haryt, ýa-da bir kärhananyň çykarýan önümleri reklama edilýär. Prospektlerde, ilkinji nobatda, haryt barada, ýagny onuň tehniki häsiýetleri, ulanmagyň aýratynlykalry, saklamagyň aýratynlyklary we ş.m barada maglumat berilýär.

Azyk harytlary üçin bolsa, şol prospektlerde haýsam bolsa bir nahary taýýarlamagyň usulynyň berilmegi mümkin. Prospektiň teksti uly bolmaly däl, ýeňil okalýan bolmaly.

Prospektde käbir taryhy bolan wakalary, rowaýatlary hem ýazmak mümkin. Mysal üçin, 1703-nji ýylda Pýotr I-iň stoluna, saçagyna entek görülmedik iýmiti-ýaşyl nohudyň guradylan görnüşini äberipdirler, soňra tekst gidýär, ilkinji sözler özüne çekiji. Harplar, suratlar ýönekeý bolmaly. Prospektler- uly bolmadyk list bolup, 2–3 eplemden ybaratdyr ýa-da kitapça görnüşde tikilen bolmagy hem mümkin. Prospekt broşýura- köplenç önümçiligiň ösüşi, reklama edilýän harydyň taryhy, gelejegi barada maglumatlar hem ýerleşdirilýär ýa-da söwda firmasy barada maglumatlar hem bolýar.




### Wkladyşlar, gutlag kartoçkalar, haryt ýarlyklary

Reklama wkladyşlar-köplenç harydyň fabrik gabyna, torbalara edilýär. Önümçilik firmalar, kärhanalar köplenç özleriniň täze harytlary barada maglumat bermek, reklama etmek üçin wkladyşy ulanýarlar. Bölek satuw söwda kärhanalary wkladyşy gaýtadan satyn alsynlar diýip ulanýarlar, munda olar ýetip gelýän baýramçylyklar barada habar berýärler («Ýimpaş» söwda merkezi). Mysal üçin, kartoçkalar täze ýylyň öňüsyrasynda Täze ýyl mynasybetli guralýan bazarlara çagyrylýandygyny alyjylara ýatladýarlar. Wkladyşlar kiçi möçberli kagyzdan ybarat bolup, bir tarapynda gysgajyk tekst, beýleki tarapynda bolsa surat ýerleşdirilendir. Mysal üçin, bir ýüzünde Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun, beýleki tarapynda bolsa söwda kärhanasyna çagyryş, çakylyk ýerleşdirilen bolmagy mümkin.

Haryt ýarlyklar-alyjy üçin wajyp bolan harydyň häsiýetleri barada maglumatlary özünde saklaýar. Ol harydy nähili saklamalydygy, oňa nähili hyzmat etmeli, şeýle-de harydyň ölçegleri, sorty, bahasy, öndürijiniň nyşany, haçan taýýarlananlygy we ş.m. barada maglumat




berýär. Haryt ýarlyklary özüniň ýönekeýligi, owadanlygy, hakykylygy, formasy bilen tapawutlanmalydyr. Ýokary poligrafiki usulda taýýar-

lanan ýarlyklar, önümçilik kärhanasynyň, onuň öndürýän önümleriniň abraýyny has ýokary göterýär. Mysal üçin, «Ahal» tikin önümçilik birleşiginiň öndürýän geýimleri we olara dakylýan ýarlyklar.

## Kataloglar, albomlar

**Kataloglar** – alyjylary harytlar bilen gaýybana tanyşdyrmak üçin gowy serişde hasaplanylýar, olar köplenç lomaý söwda ýarmarkalarynda, sergilerde ulanylýar. Kataloglar kitap ýa-da bir papkada ýerleşdirilen aýratyn listler görnüşinde bolýarlar. Haryt kataloglary düşündiriş ýazgylary bolan suratlardan ybaratdyr. Tekstde (ýazgyda) harydyň esasy görkezijileri, reňki, bahasy görkezilendir.

Albomlar haýsam bolsa bir topar harydy reklama etmek üçin ulanylýar. Mysal üçin, «Mebel», «zergärlik harytlar», «sagatlar» we ş.m.

**Gaplardaky reklama.**

Islendik gabyň maksady haryt daşalanda, wagtlaýyn ammarlarda saklananda ony zaýalaman saklamakdan ybaratdyr, şeýle-de gaplar reklama serişdesi bolup hem hyzmat edýär. Owadan bezelen gap alyjynyň ünsüni hökman özüne çekýär. Gap ýolda, ulagda, öýde öz täsirini alyja ýetirýär.

Türkmen telekeçileriniň her ýyl geçirilýän sergi-maslahatynda ýokarda görkezilen reklama serişdeleriniň köpüsi ulanylýar.

## Çeper surat, grafiki reklama we onuň ähmiýeti

**Çeper – grafiki** surat reklamasyna ýörite suratkeşler tarapyndan reňkleriň, flomasterleriň, tuşuň ýardamynda dürli materiallara, kagyzlara, kartona, aýna, mata, plastmasslara çekilen suratlar degişlidir.

**Çeper – grafiki** reklamanyň serişdelerini el bilen ýa-da ýörite trafaret bilen ýerine ýetirýärler. Tiražy köp däl, kahalatlarda diňe bir nusgada bolmagy hem mümkin. Bu serişdeleri ýörite dükanlarda, bezeg kombinatlarynda, ýörite ussahanalarda hem-de dürli reklama agentliklerinde taýýarlaýarlar.

Çeper çekilen grafiki reklama özüniň tiz taýýarlanmagy, reňkleriniň açyklygy, özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar. Olary söwda

kärhanalary, önümçilik kärhanalary dürli hyzmatlary reklama etmekde giňden ulanýarlar. Çeper çekilen grafiki reklama serişdeleri köçeleri bezemekde hem-de reklama serişdesi hökmünde hem ulanylýar. Çeper çekilen grafiki serişdelere wyweskalar (ýazgylar), panno, transparantlar, görkezijiler, baha görkezijiler, plakatlar hem-de ulag serişdelerindäki reklama degişlidir.

**Wyweskalar** (ýazgylar) – adamlar şäheriň köçeleri bilen barýarkalar, olary harytlar, dükanlar, palatkalar, kiosklar bilen tanyşdyrýar, olaryň haýsy harytlary satmaga ýöriteleşdirilendigi, olarda haýsy harytlaryň satylýandygy barada habar berýär. Diňe dükan ýazgylaryndan – «Süýt», «Çagalar dünýäsi» ýaly ýazgylardan başga-da wyweskalarda surat, haly gölleri, goşmaça tekst bolmagy hem mümkin. Wyweskalardaky suratlar harytlaryň, önüm öndürýän kärhanalaryň nyşanlary, haryt markalary hem bolmagy mümkin. Dükanyň ady söwda edýän harytlary barada giňişleýin maglumat bermelidir. Mysal üçin, süýji-köke satýan dükana «Süýjülik», elektrik harytlaryny satýan dükana «Ýagtylyk», aýakgap dükana «Köwüşjik» diýip nädogry at berýärler. Şonuň bilen birlikde dükanlaryň wyweskalary çylşyrymly bolmaly däl, sözler gysga bolmaly. Mysal üçin, «Iň kiçi çagar üçin niýetlenen harytlar dükany» diýeniňden «Çagalar üçin harytlar», «Uly ölçegdäki aýakgaplar we geýimler» diýeninden «Pälwan» diýlip atlandyrylsa, has talabalaýyk bolardy. Wyweskalary taýýarlamak üçin esasy material hökmünde metal, aýna, plastmassa ulanylýar. Harplar we beýleki bezeg elementleri boýaglardan, penoplastlardan, metallardan taýýarlanylýar. Wyweskadaky tekstler, daşdan, ýakyndan ýeňil okalýan bolmalydyr, şol sebäpli harplar, reňkler, daşdan, uzakdan okap bolar ýaly ölçeglerde bolmalydyr. Elde ýazylan harplary, esasan hem gyşyk ýazylan harplary ulanmak bolmaýar.

Dükanlarda, önümçilik kärhanalaryň ýokarsynda ulanylýan wyweskalar (ýazgylar) bir tipli we indiwidual bolmagy mümkin.

Tipli wyweskalar (ýazgylar) konstruksiýalary, ölçegleri, harplary, reňkleri bilen birmeňzeşräkdir. Tipli wyweskalar bir tipli dükanlarda ýa-da bir söwda guramasyna degişli dükanlarda ulanylýar. Alyjylar tipli ýazgylara öwrenişýärler we wyweskanyň ýazgysynda

ulanylan harplary, reňkleri görenlerinde şol dükanyň haýsy harytlary satýanyny bilýärler.

Indiwidual ýazgylary, wyweskalary ýörite dükanlar ulanýarlar. Mysal üçin, «Güller», «Türkmenhalylary», «Türkmençakyrlary».

## Panno, transparantlar

Pannolar köplenç dükanyň söwda zallaryny bezemekde ulanylýar, kähalatlarda lomaý-söwda ýarmarkalarynda hem ulanylýar (stend). Adatça pannolarda harytlaryň öndüriliş usullaryny ýa-da alynyş aýratynlyklaryny görkezýärler. Mysal üçin, «Hazar» dükany boýunça pannoda deňizde balyk tutmak, ondan dürli görnüşli naharlary taýýarlamak ýaly soraglara ýüzlenilýär. Çörek-bulka dükanynda gallaçylaryň zähmeti, oýnawaçlar dükanynda çagalaryň söýüp oýnaýan oýunlary we ş.m. barada ýatlaýarlar.

Köplenç halatlarda pannony surat çekmek ýa-da grafiki usulda taýýarlaýarlar. Bezeg reklama pannony metaldan, zergärçilik, çekanka, reňkli organiki aýnadan ýa-da aplikasiýa usulynda hem taýýarlaýarlar. Surat çekmek usulynda taýýarlanylan pannolar matanyň ýüzüne, aýna ýa-da göni diwarlara galam, tuş bilen kartona ýa-da watman kagyzlara çekmek bilen amala aşyrylýar. Reklama pannolar söwda zalynyň diwarlarynda ýa-da tekjeleriň yokarsynda, girelgede ýörite ýerlerde ýerleşdirýärler.

Dürli reňkler bilen bezelen pannolar alyjylaryň ünsüni özüne çekýär hem-de söwda zalynyň bölümlerinde goýulan harytlar barada maglumat berýär, söwda zalyny bezemekde hem pannolar uly ähmiýete eýedir.

Transparantlaryň – pannodan tapawutlylygy onuň tekstden ybaratlydyr. Olar adatça 1–2 setirden ybarat bolýar. Uzyn materialyň ýüzüne suratkeşler tarapyndan elde ýa-da trafaret ýardamynda amala aşyrylýar. Tekstler uly harplar bilen reňkleriň ýardamynda ýazylýar, olar köplenç iki taraplydyr.

Reklama transparantlar köçelerde ýokarda keseligine, dükanlara girilýän ýerde, söwda zalynda goýulýar. Transparantlary uly şäher söwda edarasynda, uly uniwersal dükanlarda, ýoriteleşdirilen dükan-

4. Sargyt № 2388

larda ulanýarlar. Olar şol dükanlaryň, sergileriň pasyllarda satylýan harytlar, baýramçylyk bazarlary barada habar berýärler.

**Görkezijiler. Baha görkezijiler**

Görkezijiler diňe bir alyjylara söwda zalynda hereket etmegiň ugruny görkezmän, eýsem reklama serişdesi hökmünde ulanylýar. Olar alyjylara belli-belli harytlar barada habar berýärler. Täze öndürilen harytlar bilen tanyşdyrýarlar. Görkezijilerde harydyň ady, bölümiň ady görkezilýär. Mysal üçin, «Süýji-kökeler», «Balyk», «Iň kiçijikler üçin», «Dynç aljaklar üçin» harytlar käbir halatlarda ýazgylar, suratlar bilen doldurylýar. Soňky wagtlarda görkezijilerde diňe şekil-surat görkezilýär. Ýagny edil köçe hereketindäki ýaly nyşanlar.

Bu simwollar alyjylar tarapyndan gowy kabul edilýär. Bu simwollar käbir ýerlerde, dürli halklaryň wekilleri ýaşaýan ýerde has oňaýly hasaplanylýar. Sebäbi görkezijilerde dürli dillerde ýazmak kynçylygy ortadan aýrylýar.

Görkezijileri köplenç kartondan, dykyz kagyzdan, plastmassalardan taýýarlaýarlar. Ýazgylary ýazmak üçin boýaglar, reňkler, tuş we flomasterler peýdalanylýar. Görkezijiler harydyň ýanynda goýulýar. Olar ikitarplaýyn bolsa ony ýokardan asýarlar.

## 3.4. Telewizion reklama

Reklama maglumatlaryny ýaýradyjy hökmünde telewizion reklama geçen asyryň 50–60-njy ýyllarynda Ýewropada, ABŞ-da we beýleki ýurtlarda ulanylyp başlandy. Telewideniýe tehnikasynyň ösmegi bilen bu serişde beýleki reklama serişdeleriniň arasynda iň öňdebaryjy hasaplanýar we örän uly rol oýnaýar. Häzir telewideniýä dünýäniň islendik künjeginde tomaşa edilýär we tiz, ygtybarly, anyk, islendik reklama maglumatlaryny adamlara ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Telewizion reklamany hemmetaraplaýyn oňaýlylygy üçin reklamanyň beýleki görnüşleriniň arasynda birinji ýerde goýmak mümkin. Şonuň bilen birlikde ol adamynyň görüş, eşidiş organlary-

na deň derejede täsir etmek bilen reklamanyň beýleki görnüşlerinden düýpli tapawutlanýar. Şeýle-de ol ekranda harytlaryň görnüşlerini, olaryň artykmaç taraplaryny görkezmäge giň mümkinçilige eýedir. Telegörüjiler adatça telegepleşikleri öýlerinde arkaýynçylykda tomaşa edýärler we şol sebäpli olary özleri üçin diýip düşünýärler. Şol sebäpli reklamada berilýän maglumatlary dogrulygyna we dolulygyna kabul edýärler. Reklamanyň bu görnüşi örän täsirjeňdir. Reklamanyň täsirjeňligini ýokarlandyrmak maksady bilen reklamanyň efire çykarylýan wagtyny anyklamalydyr. Bu belli bir topar adamlar üçin niýetlenen bolmalydyr (sazy gowy görýänler, sporta gyzyklanýanlar, awtomobilistler, kinofilmleri tomaşa etmegi halaýanlar, talyplar we ş.m.).

Telewizion reklamanyň esasy düzümleri: şekil, reňk, tekst, saz, dürli sesler we ş.m.

Şekil telewizion reklamanyň esasy serişdesidir. Ol adamlarda gowy pikir döredip we reklama edilýän obýekt barada iň gowy ýatlamalar galdyrmalydyr. Göze görünýän şekilleriň obrazlar, ses, owaz bilen görkezilmegi adamlara öz täsirini ýetirýär. Ulanylýan sözler, göze görünýän zatlar, olaryň häsiýetleri, umuman reklama edilýän zatlar baradaky maglumatlaryň jemini jemleýär.

Telewizion reklamadaky berilýän tekst görkezilýän harydy, önümi görkezmekden başlanýar. Ilkibaşda haryt, söwda zaly, sergi zallary we ş.m. reklama etmekden başlanýar. Ýagny tekst telegörüjileriň görýän zatlarynyň üstüni sözler bilen baýlaşdyrýar. Berilýän tekstiň mazmuny ýönekeý adamlaryň özara gürleşişi ýaly bolmalydyr we adamlar tarapyndan ýeňil kabul edilmelidir. Telewizion reklamada ýazmaça çap edilen tekstleriň ýardamynda köpräk sözleri bermek mümkin. Reklama tekstini okaýan adamyň sesi, onuň sesiniň owadanlygy, beýikligi, pesligi, labyzy, ritmi, reklama tekstini baýlaşdyrýar we adamlaryň keýpine täsir edip, reklamany dolulygyna kabul etmäge mejbur edýär. Reklama bilen bilelikde ulanylýan saz eseri diktoryň (alyp baryjynyň) sesiniň ýanynda äheň döretmek (owadanlyk) üçin niýetlenendir hem-de gysgaça wideorolikleriň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Käbir halatlarda saz reklamanyň esasy agramyny öz üstüne alýar. Käbir ýagdaýlarda mälim reklama üçin ulanylýan sazlar, sesler şol reklamanyň berilýändigini habar berýär. Mysal üçin, her bir telewizion gepleşikleriň özboluşly başlangyjy bolup, şol saz ýaňlananda telegepleşikleriň başlanýandygyny habar berýär. Mysal üçin, «Watan», «Miras», «Ýaşlyk», «TV-4», «Altyn Asyr» we ş.m. edil şol hili reklama edilýän harytlar, önümler üçin hem reklama sazy ýaňlanýar.

Dürli görnüşli ses effektleri- telegörüjiler reklama edilýän harytlary nähili ýagdaýda kabul edýän bolsa, edil şoňa görä saz sesleri ulanylýar. Mysal üçin, saz gurallarynyň ses çykaryş ukybyny görkezmek. Syýahatçylar, deňizde dynç alýanlar üçin niýetlenen harytlar reklama edilende şemalyň sesi, deňiz tolkunlarynyň sesi, guşlaryň jürküldisi bilen sazlar sazlaşykly bolsa has talaba laýyk bolýar. Ýöne ses effektler ulanylanda gaty seresap bolmaly, sebäbi ýerlikli ulanylmadyk sesiň adamlara ters täsirini ýetirmegi mümkin.

## Telewizion reklamanyň žanrlary

Telewizion reklamanyň şu aşakdaky žanrlaryny görkezmek mümkin: reklama edilýän obýekti görkezmek, alypbaryjylaryň teksti okaýan wagty, reklama edilýän obýekti görkezmek, reportaž, ýagny aýdyp bermek, görkezmek, mälim ýerde işleýän adam bilen gürrüňdeşlik arkaly hünärmenleriň çykyşy, teleoçerkler, reklama sahnajyklar, ylmy-amaly teleýaýlymlar, reklama telefilmleri. Telewizion reklamanyň häsiýeti, reklama edilýän obýektiň aýratynlygy bilen belgilenýär hem-de şol reklama haýsy kontingente (synpy aýratynlyk) niýetlenendigine hem-de şu reklamanyň öňümizde haýsy meseläni goýanlygyna baglydyr.

Alypbaryjynyň teksti okaýan wagty obýekti görkezmek – bu usul täze harytlar, olaryň aýratynlygy barada köpçüligi tanyşdyrmaga giň mümkinçilik döredýär. Köplenç bu usul telestudiýada ýa-da iş ýerlerinde alnyp barylýar. Telealypbaryjy ýa-da iş ýerindäki ýörite hünärmen görkezilýän önümi, işi bermegiň aýratynlygy, olaryň taýýarlanyş aýratynlygy, ulanyş aýratynlygy we ş.m. barada gürrüň berýärler.

Täze moda egin-eşikleri görkezmek bilen amala aşyrylsa hem bolýar. Öýde ulanylýan durmuş, elektrik harytlaryny, olaryň işleýşini görkezmek arkaly amala aşyrylsa, has talabalaýyk bolýar. Mysal üçin, täze çykan kir ýuwujy maşynyň işleýşini we ulanylyşyny görkezmek öý hojalykçy aýallar üçin has ynandyryjy reklama bolar.

Reklama reportažy köplenç önüm öndürilýän kärhanadan ýa-da olaryň satylýan ýerinden gurnalýar. Reportažy önümçilik sehinde, taýýar önümleriň ammarlarynda, harytlaryň assortimenti görkezilýän otaglarda, lomaý söwda bazalarynda, dükanlarda, restoranlarda, kafelerde, köçede, alyjynyň öýünde hem almak (geçirmek) mümkin.

Harytlar söwda zalynda reklama edilende, wideokamera söwda zalynda ýerleşdirilýär we her bir alyjy bilen gürleşmäge, söwda zalynda erkin hereket etmäge mümkinçilik döredýär. Bu bolsa öz gezeginde reklamanyň netijeliligini ýokarlandyrýar we reportažyň çynlakaýlygyny, dogruçyllygyny ýene bir gezek ynandyrýar.

Häsiýeti boýunça ýokarda belleýşimiz ýaly, hünärmenleri çykyş etdirmek bilen, olar bilen gürrüňdeş bolmaly. Mysal üçin, önümçilik kärhananyň baş tehnology, baş inženeri bilen gürrüňdeş bolmak bilen ýa-da uly uniwermaglaryň başlyklary, marketing boýunça hünärmenleri bilen gepleşik guramak mümkin.

Eger-de modelýerler, suratkeşler, dizaýnerler bilen söhbetdeşlik guralyp, olar bu geýimleriň aýratynlygy-fasony, formasy barada maglumat berseler, reklama serişdeleriniň täsirjeňligi has hem dogruçyl bolýar.

Dietelog- berhiz lukman bilen berhizlik iýmitler barada gepleşik geçirilse, onda reklamanyň özüne çekijiligi has ýokary bolýar. Bu ýerde berhiz iýmitler reklama edilse, öz netijesini berýär. Sport harytlary reklama edilende, türgenlerden ol ýa-da beýleki sport harytlarynyň häsiýetleri barada alyjylar eşitse, onda ol has täsirli bolýar.

Telegörüjilere reklama kiçiräk parçalar arkaly görkezilse, ol özüniň oňat netijesini berýär.Telewideniýede reklama üçin ulanylýan plakat – bu reklama edilýän harydyň suraty bolup, şonda ol haryt barada reklama teksti okalýar.

## 3.5. Radioreklama we onuň ähmiýeti

Radioreklama geçen asyryň 20-nji ýyllaryndan bäri ulanylyp gelinýär. Dünýäniň köp ýurtlarynyň – Ýewropanyň, Amerikanyň firmalary radioreklamanyň alyja uly täsiriniň bardygyny seljerip, radioreklamany giň gerim bilen ulanmaga üns berip başladylar.

Radioreklama – radiogepleşikleriň, onuň tehnikasynyň, tehnologiýasynyň, enjamlarynyň ösdügiçe radioreklamanyň hili, täsiri hem ösüp başlady. Radioreklamanyň ýene-de bir oňaýly tarapy, olar millionlap auditoriýaly adamlara gysga wagtyň içinde reklama edilýän harytlar barada maglumat bermek mümkinçiligine eýeligidir.

Radioreklamany islendik ýerde, iş jaýynda, öýde eşitmek mümkinçiligi, diňe bir iş ýerinde däl, eýsem öýde dynç alynýan wagtynda, çaý başynda berilýän reklamanyň islendik adam üçin elýeterlidigi bu görnüşli reklamany giň gerim bilen ulanmaga mümkinçilik döredýär. «Owaz» radioýaýlymy muňa mysal bolup biler.

Radioreklamanyň özüni aýratynlykda ýa-da bolmasa başga reklamanyň serişdeleri bilen bilelikde ulanmak mümkin. Psihologiki täsir ediş netijeliligi boýunça radioreklama, telewizion reklamadan pesräk, ýöne eşidiş we ýatda galyş ähmiýeti boýunça ol has ýokarydyr. Reklama materiallar efire şäher ulgamyndan hem-de ýerli radiogepleşikler arkaly uly dükanlarda, («Ýimpaş» söwda merkezi özüniň ýerli radio nokady arkaly), stadionlarda, dynç alyş ýerlerde, sergilerde, ýarmarkalarda, uly bazarlarda hem amala aşyrylýar. Harytlaryň satylýan ýerinde, ulanylanda radioreklama özüniň gowy netijesini berýär, sebäbi alyjy duran ýerinde eger islese şol haryt bilen tanyşyp bilýär, islese ony satyn alyp bilýär. Radioreklamany bölek-satuw söwda kärhanalary, lomaý söwda kärhanalary, bazarlar, önümçilik kärhanalary, birleşikler we firmalar hem ulanyp bilýärler.

Radioreklamanyň esasy serişdelerine tekstler, saz hem-de başgalar degişlidir. Radioreklamadaky tekst reklamanyň esasy manysyny özünde jemleýär, sebäbi radioreklamanyň esasy ideýasyny, pikirini, hem-de maglumatyny diňe sözler bilen berip bolýar.

Reklama diňe adamyň eşidişi bilen baglanyşykly bolanlygy sebäpli, tekst dürs we anyk, sada we täsirjeň, dili düşünikli bolmalydyr. Ýöne düşüniksiz, umumy adamlara ýaramaýan we olar tarapyndan




kabul edilmeýän sözleri ulanmaly däl. Nädogry, täsiri bolmadyk sözler adamyň gaharyny getirýär hem-de öň köp gaýtalanýan, hemmäni bizar eden «ştamp» sözleri ulanmaly däl. Reklama habarlary her bir eşidiji üçin elýeterli, anyk hem-de ynandyryjy bolmalydyr. Reklamanyň ideýasyny, pikirini tekstde anyk görkezmeli.

Radioreklamanyň kabul ediş kanuny hökmünde reklama edilýän harydyň adyny 3 gezek gaýtalamak täsir edijiligini güýçlendirýär diýip, netije çykarylýar. Bolmasa adamlaryň reklama edilýän haryt ýa-da hyzmatlar barada doly maglumat alanlygyna güwä geçip bolmaýar.

Saz, ses effektleri käbir ýagdaýlarda ulanylman hem biliner, ýöne köplenç ideýany, pikiri doly düşündirmek maksady bilen ulanylmagy mümkin.

## Radioreklamanyň žanrlary

Radioreklama dürli žanrlar boýunça gepleşikleri alyp barmaga mümkinçilik berýär.

Reklama boýunça radio eşitdirişler: bildiriş, radiooçerk, reportaž, interwýu gepleşik görnüşde bolýar.

Radioreklamanyň žanry saýlanylanda reklama edilýän obýektiň häsiýeti öwrenilýär (maglumatyň göwrümi hem-de radioeşidijileriň kontingenti).

**Radiobildiriş** – bu ýuwaşça saz çalynyp, diktoryň okamagynda gysgajyk bildiriş etmekdir. Bu has ýönekeý, giň ýaýran görnüşli reklamadyr. Radioreklama boýunça gepleşikleri, bildirişleri islendik ýerde geçirmek hem-de şäher we etrapdaky radioulgamdan eşitdirmek mümkin. Köplenç radioreklama ol ýa-da beýleki harydyň söwda nokadyna gelenligi barada, täze açylan dükanlar barada bolmagy mümkin. Bildirişiň käbir ýagdaýyny, mysal üçin, dükanyň ýerleşýän ýerini, telefon nomerini, işleýän wagtyny, diktor alyjylar eşider hem-de özüne bellik edip ýazyp alar ýaly ýuwaşrak okaýar hem-de 2 gezek gaýtalaýar.

**Radiooçerk** – reklama edilýän obýekte giňişleýin häsiýetnama bermäge mümkinçilik döredýär. Şol sebäpli ol harytlara we hyzmatlara, olaryň hiline, aýratynlyklaryna häsiýetnama bermeli bolanda ulanylýar.

Reportažy tiz taýýarlamak mümkinçiligi ony täzeligine, şol durşuna reklama edilýän materialy müşderilere ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Radioreportažy söwda zalyndan, önümçilik kärhanalaryň sehinden gös-göni alyp barmak mümkin. Reportažy alyp baryjydan başga-da, oňa dükanyň ýa-da önümçilik kärhanalaryň işgärleri hem gatnaşýar. Olaryň özboluşly erkin gürrüňleri zaldaky we sehdäki galmagal, ses reklamany has çynyrgadýar, janlandyrýar.

**Özara gürrüňdeşlik we interwýu** radioreklamada özboluşly orun tutýar. Olar örän köp maglumatlary özünde jemleýär. Radiodiňleýjiler eşider hem-de ynanar ýaly gürrüňdeşleri gaty ynamly gürletmeli.

**Reklama intermediýalar** – 2–3 minutlyk radiosahnajyklar bolup, sesiň, gohuň, sazyň ýardamynda radiodiňleýjileri bolup geçýän hadysa gatnaşyjy etmekden ybaratdyr. Oýna – intermediýa gatnaşyjylar öz aralarynda oýnanlarynda reklama edilýän obýekti ulanyp oýnaýarlar. Mysal üçin, «Vaniş», bu reklamanyň görnüşinde her bir personažyň häsiýeti, ähmiýeti (görnüşi) uly rol oýnaýar. Olaryň rolunda belli kitaplaryň, multfilmleriň, ertekileriň gahrymanlary çykyş etmegi mümkin. Ilatyň söýgüli artistleriniň sesleri, aýdymlary, sazlary eşidijileriň ünsüni özüne çekýär.

Reklama aýdymjyklar täze harytlary hemmetaraplaýyn wagyz etmek üçin ulanylýar. Köplenç degişme hökmünde ýa-da hemmä belli äheňde ýerine ýetirilýär. Reklama reportažlar, özara gepleşikler, intermediýalar, radio boýunça özbaşdak aýratyn gepleşik görnüşde ýa-da güýmenje ýörite gepleşikler, estrada, radiožurnal gepleşikler görnüşde hem alyp barylsa bolýar. Mysal üçin, «Öý hojalykçy aýallar üçin», «Balykçylar we awçylar üçin», «Tomus dynç alýanlar üçin» diýen ýaly temalarda.

Ýörite reklama radiogepleşikler, dürli görnüşli reklama žanrlaryndan düzülip, dürli hili reklama kadrlardan ybarat bolup, her haýsysy 1–3 minut efire goýberilýär. Aýratyn kadrlar diktoryň okaýan teksti ýa-da saz bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar.

Hemme gepleşigiň dowamlylygy 15–20 minut magnit lenta ýazylyp, ony uly dükanlarda uzynly günüň dowamynda birnäçe gezek eşitdirmek we gaýtalamak bolar.

### 3.6. ÇYRA – ÝAGTYLYK REKLAMASY

Çyra ýagtylandyrylan reklamalara dürli ýagtylyk çeşmeleri ulanylyp taýýarlanylan serişdeler degişlidir. Olar dünýäde iň köp ýaýran reklama çeşmeleriniň biri hasaplanylýar. Ýagtylyk reklamasyny dükanlar, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, durmuş hyzmat kärhanalary, önümçilik birleşikleri, medeni sport çärelerini geçirýän edara kärhanalar ulanýarlar. Ýagtylyk çeşmesini ulanýan reklama öz häsiýeti boýunça çeper surat reklamasyna ýakyndyr, ýöne bu reklama özüniň işini garaňky düşmegi bilen başlaýar. Söwdada ýagtylyk reklamasy köplenç söwda dükanlaryň, kiosklaryň, ýerleşýän ýerini görkezmek üçin ulanylýar ýa-da täze açylan dükan barada, täze öndürilen haryt barada, söwda nokadynda elmydama bar bolan harytlar barada, ýerine ýetirilýän hyzmatlar barada habar bermek üçin ulanylýar.

Ýagtylyk reklamasy diňe harytlary reklama etmek üçin däl-de, eýsem, şäheriň köçelerini, magistrallaryny, meýdançalaryny gijelerine owadan görkezmek üçin ulanylýar. Muňa mysal edip, türkmen döwletiniň paýtagty Aşgabat şäherini görkezmek bolar. Aşgabat gijelerine çyralar bilen bezelip, köp harytlary we hyzmatlary reklama etmäge mümkinçilik döredýär.




Şöhle desgalary dürli-dürli bolmak bilen özüniň konstruksiýasy, ölçegleri, niýetlenilişi hem-de tehniki mümkinçilikleri bilen bir-birinden tapawutlanýarlar. Şöhle reklamalaryna wyweskalar (ýazgylar), görkezijiler,pannolar, plakatlar, transparatlar, tablolar degişlidir.

Ýagtylyk çeşmesi hökmünde gaz bilen doldurylan ýa-da elýuminosion lampalar ulanylýar, şonuň ýaly-da nakal lampalar, yşyklandyryjy neon lampaly turbajyklar hem ulanylýar, köplenç ýagtylyk reklama hökmünde gaz bilen doldurylan aýna turbalar ulanylýar, şol sebäpli bu reklama gaz – yşyk reklamasy diýip atlandyrylýar. Gaz – çyra ýagtylygyň içinden (inert gazy doldurylan) elektrik zarýadlar geçirilende, olaryň ýagtylanmak häsiýetine eýeligi bilen baglanyşyklydyr.

Senagat tarapyndan neon bilen doldurylan alýumassion aýna turbalary öndürilýär, olar dürli reňkler – gyzyl, sary, mämişi reňkler bilen ýagtylyk saçýan simabyň argon gazynyň howry bilen doldurylan aýna turbalar (aksowult syýa reňki, limon reňki, ýaşyl, açyk gök, goňur) reňkler bilen ýagtylandyrylýar. Gaz bilen doldurylan aýna turbalar häzirki wagtda reňkleriň 20-den gowragyny döretmäge mümkinçilik berýär.

Şöhle reklamalar gozganmaýan (statiski) we gozganýanlara (dinamiki) bölünýär. Gozganmaýan şöhle reklamalaryň düzümleri üýtgemeýär.

Dinamiki (gozgalýan) reklamada harplar, sözler, bezeg düzümleri, paneller şöhläniň yzygiderli ýanyp – sönmegi netijesinde hemişe hereketde bolýar.

Şöhle nokatlarynyň ýanyp-sönmegi we olaryň hereketi ýönekeýje tehnikanyň ýardamy bilen satyjylar, reduktorlar, komutatorar amala aşyrýar. Ỳörite proektorlar ýagtylandyrylyp ulanylýar.

Gozgalýan reklama – tomaşaçylary özüne çekiji, özboluşly, üýtgeşik hasaplanylýar. Şonuň ýaly-da olar üçin köp bolmadyk elektrik energiýasy ulanylýar.

Şöhle reklama serişdeleri ulanylanda esasy ünsi suratlaryň, harplaryň ölçeglerine, reňkleriň biri-birine gabat gelişine, gaz-şöhle enjamlaryň estetiki häsiýetlerine bermeli.

Şöhle reklamasynyň eskizleri taýýarlanylanda şäheriň binagärlik keşbi, onuň milli äheňi, jaýlaryň ölçegleri, köçeleriň inliligi, ondaky öň ýerleşdirilen reklamalaryň görnüşleri hökmany suratda hasaba alynmalydyr.

Reklamanyň estetiki häsiýetleri – berkidijileriň konstruksiýasy, ekranyň montaž edilişiniň hili, gaz-şöhle turbalaryň berkidilişiniň hili, transformatorlaryň, elektrik simleriniň berkidiliş aýratynlyklary hem uly rol oýnaýar.

Bu meseleler çözülende hökmany suratda suratjyklary saýlamak, harplaryň ölçegleri, sözlemleriň aralary, harplaryň arasyndaky aralyk, reňkleriň özara baglanyşygy uly rol oýnaýar.

Şonuň ýaly-da her bir şöhle reklamasynyň serişdeleri jaýlaryň umumy arhitekturasy bilen sazlaşykly bolmalydyr. Şöhle reklama serişdelerini ýagyşyň, garyň, ýeliň täsirinden gorap saklamay we şol ýagdaýlarda olary öçürmeli.

## Şöhle ýazgylar we görkezijiler

Şöhle ýazgylar iň köp ýaýran reklama serişdeleriniň biridir, olary köplenç bölek-satuw söwdada giňişleýin ulanýarlar. Duragalaryň, tablolaryň, kiosklaryň ýazgylary şöhlelendirilýär. Köplenç şöhle ýazgylar dükanyň girelgesiniň ýokarysynda ýerleşdirilýär. Käbir ýagdaýlarda ymaratyň bütin ýokarsyndan uzalyp gitmegi hem mümkin.

Şöhle ýazgylaryň dikleýin ýa-da keseleýin ýerleşdirilen bolmagy hem mümkin. Şöhle reklamalar diňe tekst ýa-da tekst hem surat görnüşinde bolýar. Suratlar teksti açyp görkezýär ýa-da teksti dolduryar, käbir ýagdaýlarda teksti durşuna çalşyp hem bilýär. Ỳazgylardaky suratlar, eger-de dükanyň ady ýazylyp, surat bilen şol dükanyň ady bilen baglanyşykly şekil görkezilse has amatly bolýar. Mysal üçin, « Hazar » tolkunlar, «Halylar » dükany.

Ỳazgylardaky harplar, suratlar, nyşanlar hemmetaraplaýyn gowy görünmelidir. Munda reňk, harplar, suratlar bir – biri bilen oňaýly sazlaşykda bolmalydyr. Jaýlaryň üstündäki goýlan ýazgydaky tekstleri bütin jaýyň uzynlygyna, harplary süýndürip ýa-da uzaldyp ýetirmeli däl. Bu ýagdaýda harplar süýndürilen bolsa, oňa aňsat düşünilmeýär.

Şöhle reklamasynyň gijesine töweregi ýagty bolsa, ol has gowy okalýar we owadan bolýar. Ỳazgylardaky ak reňkler soňra ýaşyl, sary, gök we sary-gyzyl, iň soňunda mawy we gyzyl reňkler bilen şöhlelendirilse, has göze ýakymly bolýar.

## 3.7. Kino we fotoreklama

Kinoreklama birwagtyň özünde şekil, ses,söz bilen reklamanyň pikirini, ideýasyny tomaşaçylara tiz täsirini ýetirmekde uly ähmiýete eýedir. Giň auditoriýa üçin niýetlenen bolmagy, onuň adamlara uly psihologiki täsiriniň barlygynyň şaýadydyr. Kinoreklama geçen asyryň 20-nji ýyllaryndan başlandy. Kinoreklama ilata täsir ediji reklamanyň esasy görnüşleriniň biridir. Kinoreklama bilen ýörite kinosenagaty meşgullanýar. Kinoreklamanyň terbiýeçilik ähmiýeti hem uludyr, şol sebäpli olara ýokary talaplar bildirilýär. Reklama filmleriň ortaça görkeziliş wagty 1–2 minutdan geçenok. Reklama filmleriň aýratynlygy: ol 30–40 sekunt dowam edýän hem bolsa, ol gutarnykly eserdir.

Reklama filmler diňe kinogörüjileriň ünsüni özüne çekmek bilen çäklenmän, eýsem soňuna çenli, tä kinofilm gutarýança ondan ünsüni aýyrman tomaşa etmäge mejbur etmelidir. Munuň üçin reklama ka-

drlary filimiň soňragynda ýerleşdirilen bolmalydyr, şeýle ýagdaýda tomaşaçynyň ünsi we gyzyklanmasy ondan aýrylanok.

Käbir ýagdaýlarda reklama etmek üçin komediýa sýüžetine, kombinirlenen kino düşürmek usulyna, multiplikasiýa we ş.m. ýüzlenilýär. Her hili ýagdaýda hem reklama filmde esasy zat – bu reklamanyň we reklama edilýän harydyň düýp manysyny açyp görkezmekdir. Reklama filmleriň çeper-tehniki düzümleri hökmünde kinoşekil, tekst, saz, reňk özaralarynda bir-biri bilen baglanyşykda bolmalydyr.

**Kinoreklamanyň žanrlary**

Reklama kinofilmi dürli žanrlarda bolýar: dokumental, oýun görnüşinde, multfilm, gurjak. Žanry dogry saýlamak reklamanyň netijeliligine täsir edýär.

Dokumental film – bu görnüşli reklama harytlaryň öndürilişini ýa-da onuň ulanylyşyny görkezýär. Alyjylara özüniň kömegini ýetirýän reklama – iň gowy reklama hasaplanylýar

Dokumental filmiň görnüşleriniň birine film-reportaž hem girýär. Ol ýörite önümçilik sehlerinde, dükanyň söwda zalynda, lomaý-söwda ýarmarkalarynda surata düşürmek arkaly amala aşyrylýar.

Gizlin kamera arkaly surata düşürilende – surata düşürilýänler hiç zatdan habarsyz erkin hereket edýärler, bu bolsa reklamanyň manysyny has çynlakaýlaşdyrýar hem-de has ynandyryjyly edýär.

Oýun reklama filmleriň doly çeper filmlerden tapawudy – özüniň gysgalygy, garaşylmaýan yagdaýlaryň üsti bilen adamlara haryt barada maglumat bermek ukybydyr. Käbir ýagdaýlarda reklama oýunlaryna ady belli artistleri hem surata düşürmek üçin çagyrýarlar. Ady belli artistleriň surata düşmegi adamlaryň ünsüni esasy reklama edilýän obýektden bölmeli däldir. Şol sebäpli sahna oýunly reklama filmlerde 2–3 adamdan köp gatnaşyjy bolmaly däldir. Käbir ýagdaýlarda reklama filmlerine, reklamanyň esasy ideýasyny, öňde goýýan wezipesini açyp görkezmek üçin, elbetde, köpräk adamlary gatnaşdyrsaň hem bolýar, käbir ýagdaýlarda kinotrýuklara hem ýüzlenilse film has ynandyryjy bolýar. Mysal üçin, adamlar ekranda birden peýda bolýarlar we birden hem ýok bolýarlar. Harydyň diňe özleri galyp özbaşyna hereket edýärler, gepleýärler.

Multiplikasion reklama filmler – adamlarda aýratyn duýgy döredýär. Köplenç bu filmleriň obýekti harytdyr. Haryt esasy roly ýerine ýetiriji bolup hyzmat edýär. Onuň daş töweregini ýönekeýleşdirýärler, şol sebäpli tomaşaçylar, diňe haryda üns berýärler. Reklama üçin ulanylýan multfilmlerde suratlary owadanlap bezeýärler. Filmiň soňunda harydyň hakyky özüni görkezýärler.

Gurjak filmler – özüniň häsiýeti boýunça oýun filmlere meňzeş, beýleki tarapdan bolsa, multfilme ýakynyrakdyr. Bu ýerde janly artistleriň ýerine gurjaklar oýnaýarlar. Bu filmlerde halk ertekilerdäki gahrymanlar, folklor ulanylýar.

**Fotoreklama** hem soňky döwürlede giňden ulanylýan reklamalaryň bir görnüşidir. Fotoreklama tiz taýýarlanyşy hem-de hakykylygy bilen tapawutlanýar. Uly formatdaky (ölçegdäki) fotosuratlar witrinalarda, dükanlaryň söwda zalynda, söwda senagat ýarmarkalarynda, sergilerinde giňden ulanylýar. Lomaý söwdada ýörite harytlaryň suraty düşürilen albomlar ulanylýar.

Soňky ýyllarda ýene bir täzelik – slaýd filmler ulanylyp başlandy. Munda fotografiýanyň hemme mümkinçilikleri ulanylýar, oňa ses hem saz goşýarlar. Yzygiderli çalşyrylýan suratlar, tomaşaça her bir kadrdaky harytlary doly synlamaga mümkinçilik döredýär.

## IV bap

## Reklamanyň ykdysady netijeliligini we pisihologiki täsirini anyklamagyň usullary

### 4.1. Reklamanyň ykdysady netijeliligini anyklamagyň usullary

Reklamanyň ykdysady netijeliligi halk hojalygynyň aýrylmaz bölegi bolup, ol islendik pudak üçin gyzyklanma döretmelidir. Her bir reklamanyň ykdysady netijeliligi barlanylyp durmalydyr.

Reklamanyň netijeliligi – reklama işiniň dogry meýilnamalaşdyrylyşyny, guramaçylyk meseleleriniň dogry çözülendigini, çykary-

lan çykdajylary, zähmet serişdeleriniň çykdajylaryny hasaplamaga mümkinçilik döredýär. Reklamanyň ykdysady netijeliligi baradaky maglumat önümçilik kärhanasynyň ýa-da söwda kärhanasynyň işine reklamanyň edýän täsirini bilmek üçin zerurdyr.

Reklamanyň ykdysady we jemgyýetçilik netijeliligi diýen düşünjeleri bar.

Ykdysady netijelilik – kärhananyň ykdysady görkezijileriniň üýtgemegi, ýagny girdejisiniň köpelmegi, çykdajylarynyň azalmagy, söwda dolanşygynyň artmagy, umuman hojalyk işleriniň öňegidişligi bilen anyklanylýar.

Jemgyýetçilik netijeliligi – täze islegleri emele getirmek, alyjylaryň harytlar barada gözýetimini giňeltmek, söwdanyň, önümçiligiň harytlara talaplarynyň ýokarlanmagy. Marketing şertlerinde, ilkinji nobatda reklama jemgyýetçilikde gyzyklanma döretmelidir we ilat üçin hyzmat etmelidir. Eger-de reklama jemgyýetçilik tarapyndan gowy netije gazansa, onda çykarylan çykdajylar hökmany suratda ykdysady netije hem getirer. Eger-de jemgyýetçilik netijelilik pes bolsa, onda reklama çykarylan çykdajylary gaýtaryp bolmaz, ykdysady netije gazanyp bolmaz, sebäbi ilat tarapyndan ol kabul edilmeýär, ilatda reklama edilýän önümçilige, haryda, hyzmatlara gyzyklanma döremeýär. Şonuň üçin her hili ýagdaýda hem, ilkinji nobatda, reklama barada jemgyýetçilik netijeliligi anyklansa, soňra ykdysady netijelilik hasaplansa, has talaba laýyk bolardy.

Reklamanyň ykdysady netijeliligi, ilkinji nobatda, haryt dolanşygynyň göwrümini hasaplamak arkaly amala aşyrylýar. Reklamanyň täsiriniň degendigini anyk bilmek üçin, reklama berilenden soň şol harydyň ilat tarapyndan satyn alyş tizligi bilen bilmek mümkin. Elbetde, reklama edilen ownuk-uşak, gaty gymmat bolmadyk zatlara reklamanyň täsirini bu usul boýunça derrew bilmek mümkin. Ýöne gymmat bahaly harytlara reklamanyň täsirini birazrak wagt geçenden soňra hem bilmek mümkin, sebäbi gymmat bahaly zatlary satyn almak üçin alyjy biraz pikirlenýär, öz ykdysady ýagdaýyny hasaplap görýär we ş.m. Alyjy, ilkinji nobatda, reklamanyň üsti bilen täze harydyň öndürilenligini bilýär, soňra ol harydyň hili, häsiýetleri bara-

da gyzyklanýar we şol barada maglumat bilesi gelýär. Şondan soňra alyjy reklama edilýän harydy almak barada, onuň gowy taraplarynyň barlygy barada netije çykarýar we satyn alýar.

Reklamanyň netijeliligini reklama etmezden öň ýa-da reklama edilýän wagty, ýa-da soň anyklamak mümkin. Eger-de öňünden anyklap bolýan bolsa, onda reklama çäreleri has oňaýly meýilnamalaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Reklama edilýän döwründe netijeliligi bilmek käbir ýüze çykan kemçilikleri aýyrmak, düzetmek üçin ýardam berýär. Reklama çäreleri geçirilip gutarylandan soňky netijeler gutarnykly netijäni, jemini jemlemek üçin mümkinçilik döredýär hem-de şol netije arkaly öňünden deslapky netijäniň jemini anyklamaga mümkinçilik döredýär.

Reklamanyň netijeliligini yzygiderli öwrenmek reklama işiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Reklamanyň haryt dolanşygynyň ösmegine eden täsirini bilmek hasaphanadaky we gündelik resminamalary çuňňur yzygiderli seljermek arkaly amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda reklamadan başga-da harytlaryň satylmagyna harydyň hili, isleg ödeýiş häsiýetleri, söwda nokadynyň ýerleşen ýeri, hyzmat ediş medeniýetiniň derejesi, harydyň bahasy we ş.m. täsiriniň barlygyny hem ýatdan çykarmaly däl. Şol sebäpli reklamanyň ykdysady netijeliligi hasaplanylanda, ýokardaky şertleriň haýsysynyň (reklamadan başgasynyň) söwda dolanşygyna täsiriniň ýetendigi hem göz öňünde tutulmalydyr.

Reklamanyň ykdysady netijeliligini, reklamany ulanmazdan öň we ulanylandan soňra ortaça günler boýunça söwda dolanşygynyň mukdaryny deňeşdirmek arkaly hasaplap bolar. Reklamanyň ortaça bir güne täsirini bilmek üçin şu aşakdaky formadaky maglumatlary seljermeli.

| № n/n | Reklama etmezden ön haryt dolanşygy man. | Döwürdäki günler | Reklama edilýän döwürdäki haryt dolanşygy man. | Döwürdäki günler | Reklama soňky döwürdäki haryt dolanşygy man. | Döwürdäki günleriň sany | Ortaça bir günki haryt dolanşygy | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Reklama edilýän döwre çenli, man.% | Reklama edilýän döwürde, man. % | Reklama edilýän soňky döwürde man. % |
| | | | | | | | | | |

Reklamanyň ortaça günler boýunça haryt dolanşygynyň ösmegine täsiri % hasabynda anyklamak bilen reklama harç edilen çykdajylaryň möçberini reklama netijesinde alnan goşmaça peýdasynyň dolanşygynyň ösmeginiň möçberi bilen deňeşdirilse, has gowy netije bolýar, eger-de alnan peýda reklama çykarylan çykdajylardan köp ýa-da deň bolsa, onda geçirilen reklama çäreleri netijeli diýip hasaplanylýar.

Şeýle-de üstümizdäki ýylyň belli bir ongünlügi, aýy, çärýegi boýunça reklama edilýän harytlaryň satylyşynyň möçberini geçen ýylky reklama edilmedik şol döwürleri bilen deňeşdirmek arkaly hem reklamanyň netijeliligini anyklamak mümkin.

## 4.2. Reklamanyň psihologiki täsirini anyklamagyň usullary

Reklama serişdeleriniň psihologiki täsir etmeginiň üstünligi sarp edijileriň sany, şol serişdeleriň adamyň ýadynda galdyran gowy täsiri, ünsi çekmek derejesi bilen kesgitlenilýär.

Reklamanyň adamlara täsirini ýetirenliginiň üstünligini syn etmek, seljermek, sowal-jogap arkaly anyklap bolýar.

Syn etmek usuly reklama serişdeleriniň adamlara edýän aýratyn psihologiki täsirini anyklamak üçin ulanylýar. Bu usul passiwdir, sebäbi syn ediji sarp edijä hiç hili täsir etmän, tersine syny bildirmän alyp barýar. Syn ediji alnan maglumatlary hasaba alýar. Soňra bolsa ol maglumatlar ählitaraplaýyn seljerilýär. Mysal üçin, syn ediji haýsy witrinanyň ýanynda has köp saklanyp durýar, näçe adam witrinany synlap, dükanyň içine girýär, witrinadaky haýsy haryt has köp üns çekýär we oňa nähili isleg bildirilýär, şular ýaly zatlar bellenilýär.

Syn etmek usuly emeli usul däldir.

Reklama serişdeleriniň üstünligine aýratyn baha berlende, ilkinji nobatda, serişdeleriň öňünde goýlan maksatlara ýetenligi ýa-da ýetmänligi kesgitlenilýär.

Şeýlelikde satyn alyjylaryň witrina bolan ünsüniň derejesini şu aşakdaky formula bilen bilip bolýar:

5. Sargyt № 2388

$$W = O/P$$

bu ýerde:

W – adamlaryň ünsüni çekmek derejesi.

O – belli bir wagtyň dowamynda witrina üns beren adamlaryň sany.

P – şol wagtda witrinanyň ýanyndan geçen ähli adamlaryň sany.

Dükanyň ulanýan reklama serişdeleriniň täsir etmek derejesi (D) şu aşakdaky formula boýunça tapylýar:

$$D = K/O$$

bu ýerde:

K – reklama edilen harytlary satyn alan adamlar.

O – reklama serişdelerine üns beren adamlaryň sany.

D san 1-e näçe golaý boldugyça, şonça-da täsir etmek derejesi ýokary bolar.

Bellemeli zat: ýokarky formula diňe täze çykan harytlara degişli bolup durýar. Eger haryt täze çykan bolmasa, onda K O-dan köp bolup bilýär. Ähli reklama serişdeleriniň täsir etmeginiň üstünligini toplumlaýyn bahalamak üçin özüňe hyzmat ediş dükanlarda harytlary görüşdirmek we saýlap almak üçin sarp edilýän ortaça wagt hem görkeziji hökmünde ulanylýar.

Bu ýagdaýda 2 sany syn ediji işleýär. Olaryň biri girelgede durup, satyn alyjylara haryt sebedini (korzina) gowşurýar. Onda nomer bellenilen. Şol syn ediji özünde nomeri hasaba alýar we satyn alyjynyň dükana giren wagtyny belleýär. Beýleki syn ediji bolsa töleg edilýän ýeriň ýanynda durup, özünde nomeri, töleg edilýän ýere gelnen wagty we harydy satyn almak üçin sarp edilen wagty belläp alýar.

Syn hadysasy gutarandan soň 2 syn edijiniň maglumatlary bir tablisa girizilip, netije çykarylýar.

Dükanyň reklama bildirişleriniň gazetde çap edilenleriniň üstünligi şu aşakdaky formula boýunça tapylýar:

$$D = K/S$$

bu ýerde:

K – reklama edilen harydy satyn alan adamlaryň sany.

S – dükanda haýsam bolsa bir harydy satyn alan adamlaryň sany.

Eger dükanyň özi reklama edilse, onda reklama edilen döwürde dükana gelen sarp edijileriň sanynyň jemini günde gelýän adamlaryň ortaça sanyna bölmeli. Şonuň ýaly maglumatlary fotoelementleriň ýa-da syn edijileriň ýardamynda alyp bolýar.

Syn etmek usuly ulanylanda birnäçe şertleri göz öňünde tutmaly: syn ediliş iş günleri alnyp barylmaly, syn edilşiň dowamlylygy reklama serişdesiniň görnüşine bagly bolup durýar.

Syn etmek usulyndan başga tejribe usuly hem giňden ulanylýar. Bu usul işjeň häsiýete eýedir. Reklamanyň psihologiki täsir edişiniň öwrenilşi emeli şertlerde alnyp barylýar. Eger mysal üçin, syn etmek usulynda diňe harytlaryň tekjede goýluşyna sarp edijileriň garaýyşlary hasaba alynsa, onda tejribe usulynda bolsa, tejribäni geçiriji harytlaryň ýerlerini çalşyp, soňra bolsa sarp edijileriň täsiriniň üýtgeýşine syn edip bilýär. Şeýlelik bilen tejribe geçiriji reklama serişdelerini dürli hili edip üýtgedişdirip, soňra bolsa sarp edijileriň garaýşynyň üýtgemegini deňeşdirip, iň amatly ýoly saýlap bilýär.

Reklama serişdesiniň psihologiki täsir etmeginiň tejribe arkaly anyklanylşy aýratynam witrina, gaplanyş, gazet-žurnallardaky bildirişleriň, radio we telewizion reklamanyň täsir etmeginiň derejesini anyklamakda ulanylýar. Meselem, sarp edijä haryt gabynyň täsir edişini barlamak üçin kir ýuwujy serişdäni dürli gaplara salyp göräýmeli.

Žurnallardaky ýa-da gazetlerdäki reklama bildirişleriniň täsir edişini şu aşakdaky tejribe bilen barlaýarlar. Bildirişiň içine prospekt, katalog ýa-da haryt nusgasyny ibermek haýyşy bilen talon birikdirilýär. Şol talony satyn alyjy gyrkyp almaly we söwda guramasyna ibermeli. Onuň salgysy bildirişde görkezilen. Okyjylardan gelen talonlaryň sanyndan reklama beriji bildirişiň üstünligini anyklaýar.

Sowal-jogap usuly hem reklamanyň täsir etmeginiň anyklanylyşynyň işjeň usulyna degişli. Bu usul köp iş talap edýär, ýöne ol köp maglumat berýär. Sowal-jogaby anketalary, ýazgy, gürrüňdeşlik, radio ýa-da telewideniýe arkaly sarp edijilere ýetirilýär. Alnan jogaplar seljerilip netije alynýar. Sowal-jogap arkaly sarp edijä reklamanyň haýsy görnüşiniň has köp täsir edýändigini anyklap bolýar:

Siz täze harydyň döreýşi barada nädip bildiňiz:

a) tanyşlardan;

b) radio, gazet bildirişlerinden;

ç) dükanyň witrinasyndan;

d) dükanda harytlara seredip;

e) teleýaýlymdan.

Sowal-jogaplaryň alnyp barylşy köp wagt we köp adam talap edýär.

Käbir ýagdaýlarda sowal-jogaplary tejribe arkaly alyp barýarlar. Radio we telewideniýe reklamasynyň psihologiki täsir etmegini barlamak üçin studiýa adamlaryň bir toparyny çagyryp, olara sowal-jogap anketasyny doldurmagy hödürleýärler. Onda adamlaryň ýaşy, işi we ş.m. barada sowallar bar. Soňra ol adamlara köp telewizion reklama görkezýärler. Şondan soň her adam her bir reklamanyň özünde galdyran täsiri barada jogap ýazýar.

Reklamanyň psihologiki täsir etmeginiň üstünligi barada maglumatlar onuň adamlara nähili täsir etjekdigini çaklamaga ýardam berýär.

## V bap

## Satuwy höweslendirmek

### 5.1. Satuwy höweslendirmegiň görnüşleri we serişdeleri

Reklama işiniň ýa-da serişdeleriniň ýene-de bir ugry bu satuwy höweslendirmekdir.

Satuwy höweslendirmek bu höweslendirmegiň dürli görnüşlerini we serişdelerini ulanmak, bazarda alnyp barylýan işleri tizleşdirmek arkaly oňyn hereket etdirmekdir.

Bulara: alyjylary höweslendirmek, söwdany höweslendirmek we satyjylary höweslendirmek degişlidir.

1. Alyjylary höweslendirmegiň esasy ugurlary: alyjylara nusgalary paýlamak, gaplary paýlamak, harytlaryň bahalaryny arzanlat-

mak, dürli görnüşli bäsleşikleri alyjylaryň arasynda geçirmek, sowgatlar bermek, lotereýa oýunlaryny geçirmek we ş.m.

2. Söwdany höweslendirmek – satyn alanlygy üçin ýeňillikleri bermek, harytlary mugtuna hödürlemek, araçylaryň işini höweslendirmek (diler), bilelikde reklama işlerini alyp barmak, ilatyň arasynda harytlary ýörite wagyz edijilere baýraklar bermek, araçylaryň (diler) arasynda söwda bäsleşiklerini geçirmek.

3. Satyjylary höweslendirmek – satyjylaryň arasynda «iň gowy satyjy» atly bäsleşigi geçirmek, ýörite satyjylaryň maslahatlaryny geçirmek, baýraklar bermek.

Satuwy höweslendirmek bu – «Marketing» işiniň bir düzümi bolup durýar, bu serişdäni ulanmaga köp kärhanalar, şol sanda önümçilik kärhanalary, distýibiýutorlar (lomaý satyjylar), bölek söwda edijiler, söwda – senagat edaralary isleg bildirýärler we ulanýarlar.

Satuwy höweslendirmek çäreleri reklama bilen utgaşdyrylyp ulanylsa has peýdaly netije berýär. Edara kärhanalar eger-de satuwy höweslendirmek çäresini öz işinde ulanjak bolsa, ilkinji nobatda, öňde durýan wezipäni anyklamaly, soňra bolsa satuwy höweslendirmek çäreleriniň görnüşlerini saýlamaly, meýilnamany düzmeli, öňünden barlap görmeli, durmuşa geçirmeli we ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeli hem-de alnan netijeleri bahalamaly.

### Satuwy höweslendirmek boýunça wezipäni anyklamak

Satuwy höweslendirmek boýunça anyk wezipe bazaryň görnüşine we öňde goýlan anyk maksada, alyjylary höweslendirmek boýunça ünsi – harydy çalt ulanyjylary höweslendirmek, köpräk uly gaplanan gaplarda satyn alýan alyjylary (uly gaplarda 4–5 kg. kir ýuwyjy serişdeleri yzygiderli alýanlar) höweslendirmek, anyk siziň harydyňyzy ulanmaýan alyjylarda islegi oýandyrmak, bäsdeşleriň harytlaryny satyn alýan müşderileriň ünsüni öz harytlaryňa çekmek.

Harytlary bölek satyjylar üçin satuwy höweslendirmek: - sizin öndürýän, satýan täze harytlaryňyzy öz bölek satýan harytlarynyň sanawyna goşmak üçin, olary höweslendirmek, haryt ätiýaçlygyny döretmek bäsdeşleri höweslendirmek boýunça görýän çärelerine päs-

gelçilik bermek, bölek satyjylara täze söwda nokatlaryna girmek, açmak boýunça ýardam bermek.

Hususy söwdagärleri höweslendirmek: täze öndüren harytlaryňyzy hemmetaraplaýyn goldalmagyny gazanmaly, müşderileri özüne çekmek üçin we pasyllara seretmezden harytlaryň hemme görnüşini islendik wagt satmaga mümkinçilik tapýanlygy üçin höweslendirmek.

Satuwy höweslendirmegiň serişdelerini saýlap almak, satuwy höweslendirmek meselesi boýunça çözgütler dürli görnüşli çäreleri ulanmak arkaly amala aşyrylýar. Satuwy höweslendirmek boýunça marketing meýilnamasyny taýýarlaýjy bazaryň görnüşini, satuwy höweslendirmek boýunça anyk meseleleri göz öňünde tutmalydyr. Şeýle-de bazar konýukturasyna, ulanylýan her bir serişdeleriň peýdalylygyna göz ýetirilmelidir.

## 5.2. Satuwy höweslendirmek boýunça çärelere gysgaça häsiýetnama

Bulara nusgalar, kuponlar, ýeňillikli gaplamak, baýraklar we ýörite talonlar degişlidir.

Nusgalary paýlamak – bu müşderilere mugt ýa-da dadyp görmek üçin harytlaryň nusgasyny paýlamak. Bu usulda harytlaryň nusgalary aragatnaşyk edaralarynyň üsti bilen, müşderilere dükanlarda paýlamak, satyn alnan harydyň ýany bilen mugt bermek, reklama höküminde teklip etmekdir.

Kuponlar – bu ýörite sertifikat bolup, alyjylara anyk görnüşli harytlary satyn alanda käbir ýeňillikler berilýänliginiň kepilnamasydyr. Kuponlary aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen, satyn alnan harydyň ýany bilen, reklama bildirişlerine goşmak ýoly bilen amala aşyrmak mümkin.

Bu usul alyjylara mälim bolan harytlaryň satuwyny köpeltmek üçin, şeýle-de täze harytlary satyn almak we peýdalanmak üçin höwes döretmäge mümkinçilik berýär.

Satyn alnan harytlary gaplamak üçin ýeňillikleri bermek – mysal üçin, bir bütewi gapda toplumlaýyn harytlar bir harydyň bahasynda satylýar (diş pastasy we diş şotgasy)

Eger bu usul ýerlikli ulanylsa watlaýynça satuwyň mukdaryny köpeltmekde kupon ulanmak usulyna garanyňda hem has peýdalydyr.

Baýraklar – bu esasan satyn alan harytlaryň daşyndan başga bir harydy pes bahada satmak ýa-da mugt bermek. «Baýragyň» gaplanan harydyň içinde ýa-da daşynda bolmagy mümkin. Eger uly göwrümli ýa-da köp gezek ulanyp bolýan bolsa «Baýrak» hökminde gabyň özüni hem ulanmak mümkin.

Mugt aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen iberilýän baýraklar – alyjylar eger-de şol harydy, mälim görnüşli harydy baýrak görnüşinde almaga hukugynyň barlygyny subut eden ýagdaýda. Mysal üçin, içgilerde ulanylýan gaplaryň gapaklarynyň iç ýüzünde ýazylan bellik.

**Satylýan ýerinde harytlary görkezmek, wagyz etmek**

Satylýan we satyn alynýan ýerlerinde harytlary görkezmek, wagyz etmek önümçilik kärhanalarynyň taýýarlan enjamlaryny we serişdelerini ulanmak bilen amala aşyrylýar.

## Ýöriteleşdirilen sergileri gurnamak we hünärmenleriň duşuşygy

Türkmenistanyň Söwda senagat edarasy we pudak edaralary, daşary ýurt firmalary bileleşip, ýylyň dowamynda dürli ugurlar boýunça sergiler we ýörite forumlar, ylmy maslahatlar geçirýärler. Şu ýöriteleşdirilen sergilerede her ýyl azyndan 20-ä golaý ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň edara kärhanalary, daşary ýurt firmalary özeleriniň öndürýän önümlerini görkezýärler.

Şeýle-de halkara sergiler we forumlar hem yzygiderli geçirilýär. Her ýyl şol sergilere birnäçe müň adam syn edýär. Sergä gatnaşyjylar, elbetde, ikitaraplaýyn bähbitli öndürýän önümlerini satmak, öndürüjiler bilen harytlary satyn almak barada şertnamalar baglaşýarlar, biri-birlerini gyzyklandyrýan sowallar boýunça pikir alyşýarlar.

**Bäsleşikde lotereýalar, oýunlar**

Bäsleşikde lotereýalar, oýunlar alyjylarda özleriniň bagtyny synap görmäge mümkinçilikleri döredýär.

## Satuwy höweslendirmek boýunça meýilnamany düzmek (taýýarlamak)

Satuwy höweslendirmek boýunça marketing meýilnamasyny düzüp, birnäçe goşmaça çözgütleri kabul etmelidirler, mysal üçin, höweslendirmegiň yzygiderliligi we çaltlylygy, meýilnamany ýerine ýetirmäge kimler gatnaşyp biljek, höweslendirmek boýunça geçiriljek çäreleri nähili reklama etmeli, näçe wagt dowam etmeli, barlanjak, geçiriljek wagty we geçirmek üçin nähili serişdeler gerek boljak, şularyň hemmesiniň jogaplary meýilnamada giňişleýin görkezilen bolmalydyr.

**Höweslendirmegiň çaltlygy.** Geçirilýän çäräniň netijeli bolmagy üçin hökmany suratda höweslendirmek mümkinçiliginiň ýagdaýyny göz öňünde tutmaly. Dünýä tejiribesine göz aýlasak, onda harytlary gaplanan görnüşde satýan köp firmalar satuwy höweslendirmek boýunça ýörite hünärmenleri saklaýarlar. Olar höweslendirmek boýunça öň geçirilen çäreleriň netijeliligini öwrenýärler we ýokary başlyklara harytlar boýunça has netije berýän höweslendirmek boýunça çäreleri teklip edýärler.

**Gatnaşmagyň şerti** – höweslendirmegiň hemmelere ýa-da aýratyn topar adamlara teklip edilmegi mümkin. Mysal üçin, baýraklary diňe harytlaryň gaplaryndaky utuşlar üçin ulanmak mümkin.

## Höweslendirmegiň meýilnamasyny ýaýratmagyň serişdeleri

Bazar bilen iş salyşýan hünärmen höweslendirmek barada taýýarlan meýilnamasyny haýsy ýollar bilen ýaýratmagyň çözgüdini tapmalydyr we ony ýaýratmak üçin hem gyzyklanma döretmelidir. Mysal üçin, satylýan harytlaryň bahasynyň 15%-e çenli arzanladylýanlygy barada habary şol harytlaryň golaýynda ýerleşen dükanlaryň («Ýimpaş» söwda merkezinde ýörite plakatlarda arzanladyşlyk barada ýazylýar), aragatnaşyk bölümleriniň ýa-da reklamanyň üsti bilen ilata ýetirmek mümkin.

## Höweslendirmek meýilnamasynyň dowamlylygy

Eger-de höwesendirmegiň meýilnamasynyň dowamlylygy gaty gysga bolsa, onda alyjylaryň köp bölegi teklip edilýän peýdalary ulanyp bilmezligi mümkin. Uzak möhlet hem bolsa, alyjylaryň gyzyklanmagynyň netijeliliginiň peselmegi mümkin.

## Satuwy höweslendirmek boýunça wagty (döwri) saýlamak

Söwdany dolandyrýan hünärmenler satuwy höweslendirmek boýunça çäreleri geçirmek üçin möhletleri dogry saýlap almalydyrlar. Şol möhletleri önüm öndürijiler, harydyň hereketini we satuwyny gurnaýjylar öz işlerinde ulanmalydyr.

## Satuwy höweslendirmegiň býujeti

Satuwy höweslendirmek boýunça býujeti 2 usul bilen taýýarlamak mümkin. 1. Bazar işi boýunça hünärmeniň anyk çäreleri saýlamagy we onuň bahasynyň hasabyny çykarmagy mümkin. 2. Çykdajylaryň mukdary umumy býujetiň mälim göterimi boýunça hem bellenmegi mümkin.

## Satuwy höweslendirmegi barlap görmek

Mümkin boldugyça satuwy höweslendirmek boýunça serişdeleri we çäreleri höweslendirmek ukyplaryny barlap görmeli.

## Satuwy höweslendirmek boýunça meyilnamany durmuşa geçirmek

Her bir kärhana satuwy höweslendirmk boýunça geçiriljek çäreler üçin taýýarlyk we işiň satuw döwri üçin aýratyn meýilnama düzmelidir. Taýýarlyk döwri – çäreleriň başlanmagynyň öňüsyrasynda edilmeli işler üçin meýilnamany düzmekden taýýarlamakdan ybaratdyr. Işiň satuw döwri – çäreleri durmuşa geçirmek boýunça başlanan wagtdan gutarýan döwrüne çenli wagty öz içine alýar.

## Satuwy höweslendirmek boýunça meyilnamanyň ýerine ýetirlişiniň netijelerini bahalamak

Satuwy höweslendirmek boýunça meyilnamanyň ýerine ýetirlişiniň netijelerini bahalamak esasy işleriň biri hasaplanýar. Bahalamagyň birnäçe usulyny ulanmak mümkin. Esasy ulanylýan usullaryň biri satuwyň görkezijilerini deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Mysal üçin, Aşgabadyň «Süýt paýdarlar jemgyýeti» satuwy höweslendirmek boýunça çäreler geçirilmänkä, öz önümleri bilen bazaryň 6%-ini tutýardy, çäreler tamamlanandan soňra 5%-e çenli peselipdir we ýene bir az wagt geçenden soňra 7%-e çenli ösüpdir. Munuň esasy sebäbini satuwy höweslendirmek boýunça meýilnamanyň satylýan önümlere täze alyjylaryň tapylandygy bilen düşündirmek mümkin. Çäreler geçirilip tamamlanandan soňra, satuwyň möçberiniň kemelmeginiň esasy sebäbi, alyjylar öňki satyn alan önümlerini ulanandyrlar.

Eger-de satuwyň möçberi satuwy höweslendirmek boýunça çäreler geçirilmezden öňki derejede bolsa, onda çäreleriň diňe wagtlaýynça täsir edenligini tassyklaýar we satuwyň möçberiniň yzygiderli ösmedigini aňladýar. Satuwy höweslendirmek boýunça çäreleriň haýsy topar alyjylara täsir edýändigini we çärelerden soň alyjylaryň özlerini alyp barşyny bilmek üçin tapgyr çäreleri geçirmek arkaly täsirini bilmek mümkin.

**Wagyz işlerini geçirmek**

Satuwy höweslendirmegiň ýene-de bir ugry, bu alyjylaryň arasynda wagyz işlerini alyp barmakdyr. Ýaýratmagyň hemme usullaryny ulanmak arkaly bolup biläýjek müşderleriň arasynda wagyz edilýän maglumaty almaga, görkezmäge we eşitdirmäge mümkinçlik döretmek arkaly bu iş amala aşyrylýar.

Wagyz etmek ilat arasynda eýýäm ady belli markaly, ýa-da adaty harytlary, önümleri öndürýän kärhanalar we ş.m. tarapyndan ulanylýar. Mysal üçin, türkmen halylarynyň artykmaçlyklary barada şu işi geçirmek mümkin.

Wagyz etmegiň has netijeli bolmagy üçin jemgyýetçilik pikiri öwrenilse, has talabalaýyk bolar, şol sebäpli jemgiýetçlik pikirini bilmek, öwrenmek maksady bilen birnäçe serişdelere ýüzlenilýär:

1. Metbugat bilen aragatnaşygy guramak we saklamak.

Bu işi amala aşyrmak üçin harytlara we hyzmatlara jemgiýetçiligiň ünsüni çekmek üçin köpçilikleýin habar beriş serişdelerinde dürli gyzykly wakalar bilen baýlaşdyrylan maglumatlary ýerleşdirmek mümkin.

Mysal üçin, 1. Sport harytlaryny, sport ýaryşlaryny görkezmek bilen.

2. Harydy wagyz etmek bu anyk harydyň ilat arasynda has meşhurlyga eýe etmek maksadynda ýerine ýetirilýän işleriň toplumy (Türkmenistanda öndürilýän dokma önümler).

3. Maslahat bermek: kärhananyň umumy ýagdaýy, jemgiýetçilik ähmiýetliligi barada ýolbaşçylara teklipleri bermek.

Wagyz etmek boýunça wezipeleri goýmak.

Ilkinji nobatda wagyz etmek işleriniň öňünde anyk wezipeleri goýmaly.















Ряженка
TÜRKMENISTAN
"ŞA ÝOLY"
Aýran
ÝAGLYLYGY 1,5%
Bio
Кефир
SÜÝT
PASTERIZIRLENEN
AHAL WELAÝATY
"ŞA ÝOLY" oba hojalyk maldarçylyk toplumy
"KAKA" ýagsyz duzly peýniri
Peýnir
TÜRKMENISTAN "ŞA ÝOLY"
TDS 395-97
GAÝMAK
DORAG


AŞGABAT
SAÝATLY
ETREK
SAÝATLY
AŞGABAT


"Ýayla" peýniri
UÝADYLAN GAÝMAK
Pasta görnüşli ereme peýnir
"AŞGABAT"
Agramy 250 g
ŞAPAK
MESGE ÝAGY
PREZIDENT

# II BÖLÜM

# MARKETINGDE ETIKA, ESTETIKA WE PSIHOLOGIÝA

## GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ähli-halk saýlawy tarapyndan Türkmenistan döwletiniň Prezidentligine saýalanandan soňra, onuň baştutanlygynda türkmen halkynyň, asyrlarboýy arzuw eden Garaşsyz ýurdumyzyň durmuşynda täze galkynyşlar döwri başlandy. Bu döwür täze özgertmeleriň, täze ösüşleriň, ykdysadyýetimiziň hemmetaraplaýyn galkynmagynyň we eziz halkymyzyň eşretli durmuşynyň has-da öňegidişlik zamanasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt baştutanlygyna geçen ilkinji günlerinden başlap, milli ykdysadyýetimiz özboluşly, aýratyn ösüş ýoluny saýlady. Şol ýolda biziň döwletimizde döwrelaýyk bazar gatnaşyklary şertlerinde öz-özüňi dolandyrmak we netije gazanmak her bir kärhananyň öňünde goýlan esasy wezipeleriň biri bolup durdy.

Beýik Galkynyşlar zamanasynyň başlanmagy bilen Watanymyzda saýlanan ýoluň ilkinji günlerinden başlap dürli üýtgeşmeler geçirilip başlandy, ýurdumyzda birnäçe täze önümçilik kärhanalary gurulýar we işe girizilýär, öň bar bolan kärhanalaryň durky täzelenilýär we olara daşary ýurt maýa goýumlary goýulýar hem-de täze tehnikalar we tilsimatlar ornaşdyrylýar.

Elbetde, milli ykdysadyýetimiziň şeýle depginde ösmegi bazar gatnaşyklarynda netijeli işleriň durmuşa geçirilmegini talap edýär. Bazar gatnaşyklarynda ýokary netije gazanmak diňe bazar ulgamyna dogry we doly düşünmek we bazara gönükdirilen işi ýokary hilde netijeli ýerine ýetirmek bilen çözülip bilner.

Türkmenistanyň önümçilik kärhanalarynda öndürilýän önümleriň bäsleşlik ukyby gün-günden ýokarlanýar, olara bolan isleg içerki hem-de daşarky bazarlarda has-da köpelýär. Köp harytlarymyz daşary ýurt bazarlarynda öz orunlaryny tapdylar. «Türkmenistanda öndürilen» diýen ýazgyly harytlaryň ýanyndan indi hiç kim parhsyz geçip bilenok. Şeýle ýagdaýda ýalňyşsyz hereket etmek üçin bazar gatnaşyklary şertlerinde marketinge ýüzlenmek zerurlygy ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde türkmen ykdysadyýetiniň we beýleki ulgamlaryň «Beýik Galkynyşlar eýýamynda» haýsy ugurlar we ýörelgeler esasynda guramalydygy, haýsy işleri, haýsy wezipeleri amala aşyrmalydygy we olaryň üstünlikli çözülmegi barada döwletli, il-ýurt bähbitli meselelere seredip geçdi we her bir ministrligiň, her bir pudagyň öňünde anyk wezipeleri goýdy.

Ýurt Baştutanymyz halk hojalyk pudaklarynyň hemmetaraplaýyn ösmegine uly üns berýär we pudaklaryň öňünde goýýan aýdyň wezipeleri ykdysadyýetimiziň gelejekde gülläp ösmegi üçin aýdyň ýoldur.

Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň dokma toplumynyň ykdysadyýetimize uly goşant goşýandygyny bellemek bilen, dokma toplumlaryň önümleriniň dünýä bazarynda bäsleşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we harytlaryň eksportynda toplumyň paýyny artdyrmak, dokma önümlerini ýerlemek boýunça ösen marketing gullugyny döretmek, eksporta gidýän taýýar önümleriň möçberlerini artdyrmak, dokma önümlerini öndürmekde we eksport etmekde hususy telekeçiligi ösdürmäge ýardam etmek gerek diýip nygtady.

Hakykatdan-da haryt öndüreniň bilen onuň hereketini (satuwyny) ýola goýmasaň, ondan hiç hili peýda almak mümkin däl. Şol sebäpli her bir kärhananyň, pudagyň ýolbaşçysynyň marketinge ýüzlenmegi hökmanydyr. Elbetde, biziň döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň özboluşly manysy bardyr we biziň bazarlarymyzyň ulgamy beýleki daşary ýurt bazarlaryndan düýpli tapawutlydyr. Şoňa

laýyklykda biziň şertlerimizde bazar bilen işlemegiň aýratyn ýoly saýlanmalydyr. Ol biziň milli, medeni, taryhy, ykdysady, syýasy hatda howa şertlerimizi we halkymyzyň ahlak – gylyk häsiýetlerini nazara alyp, marketing çärelerini durmuşa geçirmekligi bazar işine gatnaşyjylardan talap etmelidir.

Elbetde, dünýä standartlaryna gabat gelýän önümleri öndüräýmek aňsat iş däl, ýöne dünýä bazarlarynda bäsleşip, ondan üstin çykyp, ol harytlaryň alyjysyny (bazarda ornuny) tapaýmak hem gaty kyn. Şol sebäpli döwlet Baştutanymyz häzirki zaman marketingine esaslanyp, dünýäniň sarp ediji we harytlar bazarlaryna toplumlaýyn seljermeleriň birsyhly geçirilip durulmagynyň zerurlygyny belleýär.

Bazar gatnaşyklary şertelerinde önümleri öndürýän, dürli hyzmatlary ýerine ýetirýän we beýleki kärhanalarda Marketing gullugynyň ýola goýulmagy we onuň kömegi bilen dürli görnüşli marketing maglumatlaryny toplap, yzygiderli seljeriş geçirmek hökmany işleriň biridir.

Bazar şertlerinde halk hojalygynyň ähli pudaklarynda we şol sanda hususy ulgamdaky kärhanalaryň hem amala aşyrýan hojalyk işlerinde marketing maglumatlaryna uly üns berilýär, maglumatlar hojalygy ýöretmekde iň gymmatly serişdeleriň biri bolup durýar. Ýygnalan marketing maglumatlaryny seljermek esasynda kärhanalar öz önümçiligini ýola goýýarlar, ýokary hilli önümleri öndürýärler, hyzmatlary ýerine ýetirýärler, öndürilen önümleri ýerleýärler, özleriniň girdejilerini artdyrýarlar, peýda alýarlar we beýleki maliýe, ykdysady netijeleri gazanýarlar.

Türkmenistanda marketing işleriniň ýüze çykmagynyň özboluşly, aýratyn möhüm orny bardyr. Marketing dersi XX asyryň başlarynda dörän daşary ýurt dersleriniň biri hökmünde görkezilse hem biziň halkymyza ol gadymyýetden bäri tanyşdyr.

Gadymy döwürde Orta Aziýanyň meşhur Gündogar bazarlarynyň ady belli Ýüpek ýolunda merkez bolandygy biziň ählimize mälimdir. Biziň ata-babalarymyz hem şol bazarlara öz öndüren önümlerini çykaryp, bazar bilen işlemegi başarypdyrlar. Bazar bilen işlemegiň özi hem marketingdir.

Häzirki döwürde her bir hojalyk işiniň esasy ugry ýokary netijeleri gazanmaga gönükdirilen bolmalydyr. Şonuň üçin biziň pudaklarymyzyň köpüsinde marketing bölümleri açyldy we işe girizildi.

Biziň ilatymyzyň marketingi öwrenmegi sarp edijä ýa-da öndürijä bazarda özüni dogry alyp barmaga mümkinçilik döreder.

Marketing önümçiligiň we söwdanyň ýokary girdejisini, tiz we amatly hereketini hem-de marketing kommunikasiýasyny, islegiň doly kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän ulgamlaýyn nukdaýnazara esaslanyp, sarp edijilere gözükdüriji esasynda önümi öndürmegi we ýerlemegi dolandyrmak maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň hereketidir. Marketinge dürli-dürli kesgitleme bermek mümkin, biziň pikirimizçe, has ýönekeý, sada dilde aýdanymyzda, marketing bu sarp edijileriň bähbitlerini göz öňünde tutup, bazarda gürrüňsiz satyljak önümi öndürmek we ýerlemek arkaly girdeji gazanmakdyr.

«Marketing» iňlis dilinden terjime edilende «Market» – bazar, «ing» goşulmasy bolsa öwrenmek, ýagny «Bazary öwrenmek» diýen manyny aňladýar.

## I bap

## Etika, estetika we psihologiýa barada düşünje

### 1.1. ETIKA BARADA DÜŞÜNJE

Etika – ahlaklylyk, tertiplilik, terbiýelik, gylyk-häsiýetlilik, edep-ekramlylyk baradaky ylymdyr.

Bir-birini goldamak, adalatlylyk – ahlaklylyk etikanyň esasy düzümleri hasaplanýar.

Etiket adamlaryň özlerini alyp barmak baradaky – tertip-düzgünleri baradaky, başga adamlar bilen aragatnasykda bolanynda özlerini alyp barmak baradaky kadalarynyň jemidir. Mysal üçin, adamlar bilen aragatnaşyk etmegň düzgünleri, aýratynlyklary, olara ýüzlen-

mek, salamlaşmak, köpçülik ýerlerinde özüňi alyp barmak, geýim geýmegiň aýratynlyklary barada giňişleýin maslahat berýän ylymdyr.

Marketing (bazar işi) bilen baglanyşykly meselelerde, alyjylar bilen baglanyşykly meselelerde, alyjylar bilen satyjylaryň, öndürijileriň özaralarynda gatnaşygy hemmetaraplaýyn ýola goýmakda etikanyň ähmiýeti örän uludyr. Dogrudan hem, etiket biziň hemme tarapymyzy, özümiziň islendik hereketimizi öz içine alýar. Mysal üçin, iň bärkisi adam hereket edende, ýatanda, turanda, aýak üstünde duranda hem onuň durşy, ýatyşy, hereketi belli bir etiki formalara gabat gelmelidir. Mysal üçin, siz özüňiz bilen gepleşip duran adam bilen ýüzbe-ýüz durup, mylakatly gepleşseňiz gowy bolarmy ýa-da siziň bilen gürleşip duran adama yzyňyza seredip gürleşseňiz nähili bolar? Etika boýunça esasy üns gürrüňe, gepleýiş düzgünlerine berilmelidir. Mysal üçin, mylakatly ýüzleniş adamlarda saňa bolan hormaty döredýär.: «Salowmäleýkim», «Mümkin bolsa bagyşlaň», «Gijäňiz rahat bolsun», «Işdäňiz açyk bolsun» diýen sözleri eşitmek adamlar üçin örän ýakymlydyr.

Göz gyrpmak iň ýakyn adamlaryň arasynda bolup biler ýa-da islendik adamyň egnine kakyp bolanok, bu hereketleri gaty ýakyn, elmydama bile işleşip, iýip-içip ýören, gaty öwrenişen adamyň bilen edip bolýar – eger-de siz bilen gaty tanyş bolaýmasa göz gypmak ýa-da onuň egnine kakmak bolanok. Esasan hem ýaşy uly, ýa-da ýokary işde, öziňden ýokary işde işleýän adamlara asla göz gypmak bolanok. Göz gyrpmaklyk haýsam bolsa bir zadyň gepleşik arasynda syry gizlemeklik, ýa-da gürrüň arasynda bir zady duýdurmak maksady bilen adamlarda bolup geçýän hadysadyr, ümdür.

Her bir jemgyýetiň özara gatnaşyş düzgünleri bar. Şol düzgünler şol jemgyýetiň medeniýetini hem-de jemgyýetçilik gurluşyny belgileýär.

Etiket (fransuz dilinden terjime edilende – «ýarlyk etiketka») – ýagny adamlar bilen aragatnaşyk edilende ýüze çykýan tertibiň düzgünidir. Etiketi ýerine ýetirmekde ony alyp barmagyň formasy örän wajyp meseledir.

Hünärmeniň etiketi her bir adama deň derejede bolmalydyr, ýagny hormatlamak, hyzmat etmek derejesi, iş salyşýan adamlaryň bolşy,

işi, onuň wezipesi, abraýy gyzyklanma döretmeli däldir. Islendik ýagdaýda hem – terbiýe, tertip-düzgün, adamlar bilen mylakatly bolmak hünärmene mahsus bolmalydyr.

## 1.2. Estetika we onuň ähmiýeti

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde marketingiň ahmiýeti gün-günden artýar. Esasan hem ýurdumyzda gurulýan kuwwatly önümçülik kärhanalaryň ösmegi, ilatyň sarp edilýän harytlara isleginiň artmagy, daşary ýurt bazarlaryna harytlary, önümleri çykarmak meselesiniň örboýuna galmagy bazarlarda işlemegiň çylşyrymlaşmagyna alyp barýar. Bu ýagdaýda ýalňyşsyz işlemek esasy wezipe bolup durýar. Marketingiň öňde durýan köp wezipelerinden biri hyzmatlaryň medeniýetini ýokary götermekden ybaratdyr. Marketingiň medeniýeti köptaraplaýyn bolup, bu bazar bilen işleýänleriň ýokary ussatlyklary, olaryň özüni alyp baryşy, medeniýetli hyzmat edişleri, müşderiler bilen mylakatly bolmagy, olara ünsli garamaklygy, reklama işiniň doly ýola goýulmagy, söwda kärhanalarynyň we işgärleriniň etiki we estetiki daş görnüşleri bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli bazar bilen işleýän hünärmenleriň özlerini estetiki taýdan terbiýelemek meselesi iň wajyp meseleleriň biridir.

Estetika bu adamlaryň hakykaty estetiki we medeni taýdan düşünip öwrenmegi baradaky ylymdyr.

**Estetika grek dilinde «estezis»** – duýmak, syzmak diýen manylary aňladýar. Hakykata estetiki taýdan düşünmek diýilip, adamlaryň gurşap alan älem, zatlar bilen aragatnaşygy netijesinde we zatlaryň, predmetleriň we gursap alan älemin hakykatdan häsiýetlerine düşünmeklerine we baha bermeklerine aýdylýar.

**Estetiki duýgy** – syzgy adam synalary tarapyndan estetiki hadysalaryň adam aňynda düşünje hökmünde berkemegidir. Düşünje – bu dürli predmetleriň görnüşleri, häsiýetleri barada netije çykarmakdyr. Mysal üçin, gyzyl reňk, ys, şar görnüşli şekil.

**Estetika baha bermek** – adamlaryň özüniň dürli predmetlere, gurşawda bolup geçýän hadysalara estetiki garaýşyna aýdylýar.

Ýöne estetiki taýdan baha berilýän predmetiň hem estetiki häsiýetleri, bahalaýan adamyň hem estetiki duýgulary ýeterlik bolmalydyr. Eger-de predmet ýa-da hadysa adamlarda kanagatlanma, begenme ýa-da bolmasa gynanç, ýarawsyzlyk duýgularyny döredýän bolsa, onda olar adamlara estetiki duýgyny oýaryp bilýärler we şol adamlar ol predmetlere baha bermäge ukyplydyr (mysal üçin, owadan mebel). Marketing boýunça hünärmenleriň bazara çykarylan ýa-da täze öndürilýän harytlara estetiki baha bermäge mümkinçiligi we tejribesi bolmalydyr. Şol sebäpli siziň bazar öwrenijileriň estetikanyň nazaryýetini, häzirki öndürilýän we bazara çykarylýan harytlara hemme tarapdan estetiki bahalamaga ylmyňyz, bilimiňiz ýeterlik bolmalydyr.

Estetika ylym hökmünde 2,5 müň ýyl mundan ozal, ýagny gulçulyk döwründe emele gelipdir. Ýöne owadanlyk barada, onuň çeşmeleri, ýaşaýyş formalary baradaky oý-pikirler ilkidurmuş jemgyýetinde emele gelipdir. Mysal üçin, adamlaryň aňyndaky haýsydyr bir güýçli mifologiýa parahatçylyk, bagt, şadyýanlyk paýlapdyr.

Estetika barada pikirler – owadanlyk barada nazaryýet gadymy grek akyldarlarynyň filosofiki eserlerinde duş gelýär, owadanlyk örän gowy, örän oňat zatlar barada ilkinji nazary düşünjeleri bermekçi bolan alym filosof, matematik, astronom Pifagordyr, ol biziň eýýamymyza çenli bolan VI asyrda ýaşap geçipdir.

«Estetika» sözi – gadymy grekçeden-«estezis»-duýmak-ýagny adamlaryň dünýäni hemme duýgulary bilen duýmak bilen kabul etmegi, ahyrky netijede bolsa dünýäniň owadanlygyny dolulygyna duýmak we ony sungat hökmünde kabul etmek 1735-nji ýylda nemes filosofy Aleksandr Gotliw tarapyndan teklip edilipdir, şondan bäri hem estetika özbaşdak ylmy ders hökmünde kabul edildi.

Estetika özüniň taryhynda birnäçe döwürlerden geçdi:

**Antik estetikasy** – bu gulçulyk döwrüniň iň ýokary derejelerini öz içine alan estetiki pikirlerdir. Şu döwürden başlap estetikanyň soňky ugurlary hem döräp başlady, antik estetikasy gadymy Gresiýanyň çeper aň-pikirleriniň durmuşyny öz içine alýar. Grek antik estetikasynyň düýbüni tutujylaryň biri filosof Demokritdir. Ol «artykmaçlyk ýa-da kemçilik maňa ýaramaýar» diýip ýazýar.

**Orta asyrlaryň estetikasy** – bu döwrüň estetikasy beýleki sungatlar ýaly idelogiki we dini taraplaryna ugrukdyrylan bolupdyr. Orta asyryň estetikasynyň nazaryýetçileriniň esasysy Foma-Akwinskiw (1225–1274 ý.) owadanlygyň hudaý tarapyndandygyny ündäpdir, hudaý hemme zady döredýär we oňa owadanlyk berýär diýen nazaryýeti öňe sürüpdir.

**Täzeden döredilmek döwrüniň estetikasy**

Ol çeperçilik tejribesi bilen tebigy bilimleriň ýakyn arabaglanşygynda emele geldi. Dünýä belli hudožnik Leonardo da Winçiniň (1452–1519 ý.) aýtmagyna görä, owadanlyk predmetleriň (zatlaryň) häsiýetlerindedir, olaryň bölekleriniň biri-biri bilen baglanşygyndadyr, reňk we ses öwüşginlerindedir.

**Hakykatyň adam tarapyndan estetiki özleşdirilmegi**

Bu predmetler (zatlar) – adamlaryň dürli görnüşli hadysalary, ýüze çykmalary, özüniň kabul edip bilijilik ukybyna görä hakykaty kabul edip bilijiligi we dünýä düşünişidir.

Estetiki kabul etmek, düşünmek adamyň predmetler, zatlar bilen gös-göni galtaşmagy netijesinde – duýuş organlarynyň göz, eşidiş ýardamynda duýmagyna-bilmegine aýdylýar. Adamlaryň predmetleriň hakyky häsiýetlerini we hadysalaryny kabul etmegine mälim emosiýa – kabul edijiligiň aýratynlygy diýilýär. Adamda emosiýanyň ýüzlerçe görnüşi bardyr, olardan biologiki – pes, – ýokary we iň ýokary ruhy duýgurlygy görkezmek bolar.

**Emosiýa-duýgurlyk derejesi**

Biologiki duýgurlyk adamlara dogulandan berilipdir, haýwanlarda hem biologiki duýgurlyk bardyr. Ruhy-duýgurlyk diňe adamlara degişli bolup, adamlaryň şahs bolmagynyň esasy şertidir.

Eger-de adam köp wagtyň dowamynda emosional ýagdaýda bolsa, onda onuň keýpi gowy hasaplanyp, ol ýagdaýa estetiki duýgulary başdan geçirmek diýilýär, şonuň bilen birlikde estetiki duýgy biologiki emosiýa hem täsir edýär. Mysal üçin, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Sowet Soýuzynyň adamlarynyň gahrymançylygyny öňe sürüp, urşujylarda bar bolan agyryny, gorkyny aýryp bilipdirler, medeniýet we sungat işgärleriniň esgerleriň öňünde çykyş etmegi şol wagtky kynçylyklary ýatdan çykarmaga mümkinçilik döredipdir.

Hojalyk harytlary satylýan dükanda 3 sany alyjy bir zatlar almakçy bolýar, alyjylardan biri sizde «naftalin» barmy diýip soraýar, satyjy alçaklyk bilen «ýok» diýip jogap berýär, ýerine başga zat ýokmukan, «bar güýä garşy», ony nähili ulanmalyka, «bilmedim» diýip, satyjy jogap berýär. Şol wagt alyjylaryň biri gürrüňe goşulýar, alyňalyň, ony hasa düwüp geýimli şifonerde goýmaly, soňra 3–4 günden taşlamaly, güýäniň ýekejesem bolmaz, 3-nji alyjy «naftalini» bütin tomus saklamaly diýip, gürrüňe goşulýar. Onda näme «antimol» «naftolinden» güýçli, beýle artykmaçlygy ýokdurla diýip, ýene-de 3-nji alyjy gürrüňe goşulýar, ýylgyrýar. Eger şeýle bolsa satyjy onuň artykmaçlygy barada düşündirerdi. Eger-de satyjy ol tabletka barada bilmeýän bolsa, onda ol gowy däldir, gowusy men «naftalin» tabletkasyny gözläýin diýip, dükandan çykyp gidýär. Görüp otursak, satyjy hiç hili uly ýalňyşlyk goýbermedi. Ýöne onuň esasy ýalňyşlygy haryt bilen alyjyny duşuryp bilmedigindedir, alyjy diňe medeniýetli bolman, ol haryt häsiýetleri barada maglumatlary köpräk bilmelidir.

## II bap

## Marketingde psihologiýa we onuň mazmuny, wezipeleri

### 2.1. Psiholiogiýa barada düşünje

Psihologiýa – bu psihika (adamyň ruhy-duýgusy ýaly manyny aňladýar) barada onuň emele gelişi, bolşy, ösüşi baradaky ylymdyr.

«Psihika» – «psýühe» diýen grek sözünden gelip çykandyr, ýagny ruh diýen manyny aňladýar. Adamyň psihiki durmuşy (ruhy) ýaşaýşy yzygiderli psihiki ruhy duýgularyň emele gelmek zynjyrjygyndan ybaratdyr. Adam bir zatlary ýatlaýar, bir zatlar barada pikir edýär, nämedir bir zady duýýar, şularyň hemmesi psihiki ýüze çykmalardyr. Bular umumalaşdyrylyp, olara «psihika» diýilýär. Müňýyllyklaryň dowamynda adamlar adam aňy, ýat, duýgy, häsiýet ýaly zatlara aň ýetirip bilmändirler. Häzirki zaman ylmy «psihikany» nähili düşündirýär.

Psihika – bu adam beýnisiniň bizi gurşap alan dünýäni hakyky edip görkezmegidir. Adam beýnisi diňe hakykaty, bolşy ýaly, aýna dek görkezip biler. Eger-de adam beýnisi kesellese, mysal üçin, adam beýnisiniň iki gapdal gabygy kesellese adamyň gepine düşünilmeýär, aýdym-saza düşünmän başlaýar. Şeýlelikde adamyň kellesindäki beýni, ýagny nerw sistemasy (ulgamy) psihikanyň esasy organy bolup durýar.

Psihika diňe janly organizmlere degişlidir. Organizm näçe çylşyrymlaşsa, şonça-da onuň psihikasy hem çylşyrymlydyr. Ýokary derejeli psihiki durmuş diňe adamzada degişlidir. Adamlaryň psihiki ýaşaýşy haywanlaryňkydan hil derejesi bilen tapawutlanýar. Adamlaryň pikirlenmäge, öňünde mälim bir meseläni goýmaga, ony çözmäge, döretmäge ukyby bardyr. Adamyň aňy okamaga, bilmäge döretmäge ukyplydyr.

Marketing şertlerinde psihologiýanyň ähmiýeti – bu özbaşdak pudagyň psihologiýasy bolup, munda marketing işleriniň özboluşly taraplary, hünärmenleriň psihologiki aýratynlyklary öwrenilýär.

Marketingiň esasy düzümi bolan söwdanyň psihologiýasynyň wesipelerinden biri dükanyň söwda işgärleriniň ilatyň islegini öwrenip, olary doly derejede kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Munda her bir alyjynyň haryda bolan garaýşy, her bir adamyň aýratynlygy, onuň häsiýeti, islegi we başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, psihologiki sebäpleriň biri-ilatyň haýsydyr bir haryda isleginiň emele gelmegi – başgalar ýaly geýinmeklik islegi, mysal üçin, moda kowalaşmak – ol haýsy hem bolsa birine meňzeş bolmagy, ýa-da şol modaly eşigi edinmekligi öz öňünde maksat edip goýýar.

Moda – bu belli bir döwrüň belli bir wagty üçin geýimler bolup, ondaky üýtgeşmeler-reňkler, fason-formalar boýunça özgerişikleriň, görnüşleriiň ýokary derejesidir.

Söwdanyň psihologiýasy – haryt satyn almaga mümkinçilik döretmekden ybarat. Mysal üçin, alyjylara harydyň reňki psihologiki täsir edýär. Ýöne reňkiň ýaş aýratynlygyna görä dürli psihologiki täsir etmegi mümkin: Ýaşlara açyk, dok gyzyl, sary, naryňç, ýaşuluraklara sowuk reňkler, ýaşyl, gök we ş.m. ýaraýar.

**Psihiki hadysalar**

Üns – bu belli bir obýekte gönükdirilen aňdyr. Eger-de adam özüniň aňyny edip oturan işine doly gönükdirmese ýalňyşýar. Mysal üçin, satyjy üçin esasy üns: alyjy, haryt, gürrüňdeşlik, özüniň pikiri, arzuwy, ýagny belli bir wagtda özi üçin gerekli bolan zatlar (pikirler, ünsler). Satyjynyň ünsi esasan harytlary witrinada ýerleşdirýän, alyjylara hyzmat edýän wagtlary ýüze çykýar. Satyjynyň esasy wezipeleriniň biri alyjynyň ünsüni haryda çekmekdir.

**Duýgy** – duýgynyň hasabyna biz reňki, formany, ululygy, sesi, ysy duýýarys. Daşky duýgy, içki duýgy, hereketlenýän duýgular adamda bardyr. Daşky duýgy – bu görmek, eşitmek, tagam bilmek, ten duýgusydyr.

Içki duýgy – bu açlygy, suwsuzlygy, ýürek bulanma we ş.m. duýgulardyr.

**Hereketlenme duýgusy** – bu hereketiň duýgusy bolup adam teniniň daşky gurşawdaky ýagdaýydyr. Harytlara bolan isleg hemme duýguda ýüze çykýar. Mysal üçin, dürli görnüşli azyk önümlerini satyn almak içki duýga baglydyr.

**Kabul etmek** netijesinde adam aýratyn predmetler barada maglumat alýar. Kabul etmek - bu predmetleriň adam organyna täsiri netijesinde psihiki hadysalary kabul etmek derejesine aýdylýar. Mysal üçin, matany göreniň ýeterlik däl, ony elläsiň, myncgalap, dartyp görmek islegi döreýär.

**Ýat** – bu adamyň başyndan geçirenleridir. Ýatlamak – duýgularyň adamyň ýadynda galmagydyr.

Öz pikiriňi sözler bilen ýalňyşsyz düşündirmäge çalyşmaly, sözleri nädogry ulansaň adamlaryň gaty görmegi mümkin, köp halatlarda satyjy bilen alyjynyň arasyndaky düşünişmezlik alyjynyň ýa-da satyjynyň nädogry söz aýtmagy netijesinde emele gelýär. Mysal üçin, alyjy: – Sizde şöhlatlaryň haýsy görnüşleri bar. Satyjy: – Witrinada hemmesi bar seredäýiň. Alyjy witrina seredeni bilen hem şöhlatlaryň görnşüleri barada giňişleýin maglumat alyp bilmeýär, eger-de satyjy şöhlatlaryň: kakadylan, ýarym kakadylan, gaýnadylan görnüşleri bar we atlaryny, bahalaryny haýsy ýagly, haýsy ýagsyz goýun-sygyr

şöhlady we başga-da aýratynlyklary barada giňişleýin mylaýymlyk bilen gürrüň beren bolsa, onda alyjy üçin satyn almaga oňaýly ýagdaý dörärdi, ol hoşallyk bilen özüne gerek şöhlaty satyn alyp giderdi.

## 2.2. PSIHIKI HADYSALAR WE ÝAGDAÝLAR

Gadymy döwürlerden bäri bizi gurşap alan zatlar, ýüze çykmalar hakykatda adamyň içki dünýäsi bilen we onuň psihikasy bilen nähili aragatnaşykdadygyny aýyl-saýyl etmekçi bolýarlar. Pisihiki ýagdaýlaryň ýüze çykmasyny nähili edip düşündirjeklerini bilmän, olar öz başyna hiç zada dahylly däl görnüşde ýüze çykýär diýip, pikir edýärler. Şol sebäpli adamyň ruhy, teni barada özboluşly düşünjeler emele gelipdir.

Tebigatyň iň ösen çylşyrymly önümi hökmünde adamy, onuň beýnisiniň işlemegi netijesinde emele gelen pisihiki ýüze çykmalary görkezmek bolar: Psihika – bu beýniniň anyk bolup geçýän wakalary açyk görkezmek derejesidir.

**Duýmak** – adam predmetler, dünýäde bolup geçýän wakalar barada özüniň duýuş organlary tarapyndan maglumat alýar. Duýgy organlaryň her haýsysy predmetiň her bir häsiýetleri barada: göz – reňki, formasy (şekili) – eşitmek ses, owaz, ys maglumat berýär. Predmetleriň we ýüze çykmalaryň belli bir wagt içinde adamlaryň duýgy organlaryna täsir etmegine duýgy diýilýär. Mysal üçin, almadan kabul edilýän duýgular, ol togalak, gyzyl, ysly, gaty, süýji we ş.m.

**Duýgy bu** – daşky düňýä bilen aňyň arasyndaky ýeke-täk aragatnaşyk serişdedir. Duýgy bolmasa adam daşky gurşaw, adamlar özaralarynda aragatnaşyk saklap bilmezdiler.

**Işgärleriň zähmet çekýän ýerinde duýgynyň ähmiýeti**

Her bir hüňär işgärlerden onuň duýgy organlarynyň ösen derejede bolmagyny talap edýär. Marketing boýunça iş salyşýän hünärmen üçin onuň hemme duýuş organlarynyň kadaly işlemegi zerurdyr. Söwda işgärleriniň mysalynda seretsek, olar üçin ýokary derejedäki, ýokary duýgy kän bir gerek däl, sebäbi gaty ýokary duýgy käbir ýagdaýlarda onuň gaharjaňlygyny artdyrýar, mysal üçin, ys, ses we ş.m.

täsirinde olaryň psihiki güýçleri ýeňip geçmägä mümkinçilikleri bolmalydyr.

Satyjylar öz işine ýuwaş – ýuwaşdan öwrenişýärler, olarda çydamlylyk artyp, duýgy örän güýçli bolsa, ol peselýär we eger ol öz işine gyzyklanýan bolsa, onda ol wagtlaýyn kynçylyklary tiz ýeňip geçýär we öz işine öwrenişýär. Häzirki wagtda her bir söwda işgärine belli bir talaplar bildirilýär, onuň duýuş organlarynyň ýardamynda harydyň hilini hiç hili enjam ulanmazdan anyklap bilmegi zerurdyr. Şeýle-de harytlary hil derejeleri boýunça deňeşdirmek ýoly bilen harytlaryň aýratynlygyny, häsiýetlerini aýyl-saýyl etmegi hem başarmalydyrlar. Ýokary duýuş mümkinçiligi azyk, porfýumeriýa harytlaryny satýan işgärlerde ýokary bolýar. Mata dükanynyň tejribeli satyjysy matany elläp görende, haýsy materialyň elindedigini, onuň hil derejesini anyklap bilýär. Şeýlelikde söwda işgärleriniň duýgurlygy iş ýagdaýynda emele gelýär.

**Kabul etmek** – bu predmetleriň we ýüze çykmalaryň adamyň duýgusyna täsir edende dolulygyna kabul edilmegidir. Mysal üçin, duýgularyň derejesiniň deňligine garamazdan, ýöne kitap okaýan adam bilen kitaby söýüp okaýan adamyň kitabyň mazmunyny kabul edip bilijiligi deň däldir. Kabul edişlikde adamyň tejribesi onuň özboluşly häsiýetlerinde möhüm rol oýnaýar. Şol sebäpli hem adamlar şol bir ýüze çykamlary dürlüçe, özboluşly kabul edýärler.

**Kabul etmegiň aýratynlygy** – ýolda barýan är-aýaly, mysal hökmünde getirsek, aýal maşgala öňünden çykan aýallaryň geýinşine üns berýär, adamsy bolsa täze markaly awtomobillere üns berýär we ýakyndan geçýänlere üns bermeýär, islendik ýagdaýda hem esasy üns berilen zat ýatda aňsat galýar, beýlekiler bolsa äheň döredýär, ýatda azda-kände galmagy ýa-da umuman galmazlygy hem mümkin. Satyjy, mysal üçin, kime hyzmat edýän bolsa, şony kabul edýär, beýlekilere entek üns berenok, olar äheň bolup durýarlar. Predmet we äheň ýerlerini çalşyrmagy mümkin, satyja ýakynlandan soňra, öňki alyjy bilen satyjynyň gepleşigini bozup, alyja sorag berýär we kabul etmekligiň predmetine öwrülýär. Satyjynyň ussatlygy alyjyny haryt baradaky, onuň häsiýetleri baradaky gyzykly maglumatlar bilen gyzyklandyr-

makdan ybaratdyr. Şonda, elbetde, harydy hemmetaraplaýyn reklama etmegi, amala aşyrmak mümkin.

**Syn etmek** – synlamak (synçy) – bu predmetiň obrazy bolman, eýsem pisihiki hadysadyr (prossesdir). Bu hadysanyň pes ýa-da işjeň derejede geçmegi hem mümkin, ýagny synlanjak ýagdaýynda öňünde belli bir maksat goýlup geçirilen synlamaklyk anyk mazmuna eýe bolup, netije hem berýär. Mysal üçin, satyjy söwda zalynda bolup geçýän özgertmeleri syn etmekligi özüne maksat edinse, elbetde, bu agyr – kyn iş, sebäbi synlamaklygy hemmetaraplaýyn alyp barmaly (alyjylary, harytlaryň barlagyny, ýeterlikligini, goýluşyny we ş.m.), ýöne ýuwaş – ýuwaşdan bu ýagdaý kyn hem bolsa, satyjy oňa öwrenişýär we nirede nähilli özgerişler bolan bolsa derrew bilýär.

**Ýat hakynda düşünje** – bu psihiki hadysa bolup, adamyň hemme hereketiniň jemini ýatda saklamak we ýene-de täzeden ýatlamakdan ybaratdyr.

Eger-de adamyň ýady bolmasa, onda ol ýaňyja doglan çaga ýaly hiç zady bilmezdi.

**Ýadyň hadysalary** – ýadyň ýerine ýetirýän funksiýalary, özbaşdak, aýratyn 4 hadysa tarapyndan üpjün edilýär.

**Ýatlamak** – (ýatda galdyrmak) – täzäni köne bilen baglaşdyryp ýatda galdyrmak. Ýatlamak (ýatda galdyrmak) – öz özünden (erkin), haçan-da öňünde belli bir zady ýatlamak üçin maksat goýulsa we erkin däl – öz özünden ýatda galmaklyk, haýsy hem bolsa belli bir maglumatlara gyzyklanma dörän ýagdaýynda emele gelýär. Bu ýagdaýy marketingiň esasy düzümi bolan reklamalar düzülende göz öňünde tutmak gerek.

Ýatda galmaklyk mehaniki we mazmunly bolýar. Bularyň birinjisiniň esasynda – gaýtalamak, ikinjisinkide bolsa – materiala düşünmek hadysalary ýatandyr. Mehaniki ýatda saklamaklyk örän kyn mesele bolup durýar. Mysal üçin, yzygiderli sanlar: 149162536481. Şunuň yzygiderligini ýatda saklamak üçin ony näçe gezek gaýtalamaly! Eger-de mazmunly ýatda galyjylyk ulanylsa, onda bu ýagny 1-den 9-a çenli kwadrat sanlaryň yzygiderliligidir we olary ýatda galdyrmak örän aňsatdyr, mehaniki ýatlamak üçin biderek wagtyňy we güýjüňi sarp hem etmeli däl.

**Ýatda galdyrmak we ýatdan çykarmak.**

Ýatda galdyrmak bu çylşyrymly hadysa bolup, başdan geçen zatlary bir ulgama salmak, gerekmejegini aýryp, ýatda galdyrmakdyr. Şonuň üçin ýatda galdyrmagyň ters tarapy ýatdan çykarmakdyr. Käbir adamlar ýatdan çykarmaklyga ýatkeşligiň pesligi diýip düşünýär. Ýöne hakykatda bolsa ol beýle däl. Ýatdan çykarmak bu adamyň ýadyny ýeňledýär we gerekmejek maglumatlardan boşadýar.

Ýatlamak ýatda galdyrmak ýaly erkin we erkin dällere bölünýär. Erkin ýatlamak haýsy hem bolsa bir wakany ýatlamaklygy maksat edinýär, erkin däl öz – özünden ýüze çykýan ýatlamalar. Ýatlananda geçen wakalary ýatda hakyka öwrülmek hadysasy bolup geçýär.

Adamlary ýeňil ýadynda galýanlara we aňsat ýatdan çykarýanlara hem-de ýuwaş-ýuwaşdan ýatda galýanlara we köp wagtyň dowamynda ýadynda galýanlara bölmek mümkin.

**Duýgy we emosiýa (syzgy)**

**Duýgy, syzgy hakynda düşünje** – adam zatlara özüniň gatnaşygyny duýup, şoňa gynanýan bolsa, onda oňa duýgy, syzgy diýilýär. Duýgy adamyň işine, ýaşaýşyna örän täsir edýär.

Duýgulary özüniň mazmuny boýunça şatlykly we şatlyksyzlara bölmek mümkin. Şatlykly duýgular oňaýly duýgulara ýagny hormat goýmak, ynanmaklyk, söýgi, şatlyk, kanagatlanmaklyk we ş.m. Oňaýsyz erbet duýgulara gaňarjaklyk, gynanmaklyk, ýüz öwürmeklik we ş.m. degişidir.

Adamlar jemgyýetiň agzasy bolmak bilen, olara ahlak, intelektual, estetiki we ş.m. duýgular häsiýetlidir. Ahlak duýgular adamyň jemgyýete, aýratyn adamlara, öz – özüne bolan duýgular görnüşinde ýüze çykýar. Mysal üçin, watansöýüjilik, ýoldaşlyk, minnetdarlyk duýgusy.

**Intelektul duýgy** – okuw we döredijilik işinde emele gelýär. Bu duýgulara haýsy hem bolsa bir mesele bilen meşgulanylanda, nätanyşlar bilen duşuşylanda döreýan geň galmaklyk, agyr meseleler çözülende emele gelýän şatlyk duýgusy degişlidir.

**Estetiki duýgy** – bu owadanlygy, tebigatyň, sungatyň, harydyň we ş.m. owadanlygyny duýmaklykdyr.

**Emosional ýagdaý** – bu adamy öz erkine goýmaýan aladalardyr.

**Üns barada düşünje** – kitap okap oturan wagtyň uly diwar sagadynyň jykgyldysy eşdilenok, eger-de sagadyň jykgyldysyna gulak assaň näme okaýanyňa düşünmersiň. Näme üçin beýle ýagdaý ýüze çykýar, birinji ýagdaýda biziň esasy ünsümiz bir predmete gönükdirilen, ikinji ýagdaýda bolsa başga predmete gönükdirilendir.

**Ünsüň görnüşleri** – ünsüň üç görnüşi bar: erkin, erkin däl we erkinlikden soň emele gelýän üns, erkin üns öz erkine emele gelýär. Erkin däl üns öz-özünden hiç zada baglylykda däl ýagdaýda predmetleriň, ýüze çykmalaryň aýratynlyklarynyň täsirinde emele gelýän üns. Mysal üçin, ýoldan geçip barýan adam näme hakynda pikir edýänligine garamazdan, ýoldan geçip barýan güýçli duýduryş berýän ot öçüriji maşyna hökmany suratda üns berer. Täze harydy herekete getirmek üçin reklamanyň dürli görnüşlerini ulanmak bilen alyjylaryň ünsüni çekmek bolar. Öz erkine döreýän üns – bu haýsam bolsa bir obýekte anyk berilen ünsdür. Adam maksadyna ýetmek üçin öz öňünde esasy wezipeleri goýýar we şoňa öz ünsüni gönükdirýär.

Öz erkine emele gelenden soňraky üns – erkin ünsden soň peýda bolýar. Mysal üçin, adam kitaby açyp, okap başlaýar we öz ünsüni şol okan zadyna berýär. Onuň ünsi erkin we özüniň erkin ünsünden soňra kitaby birnäçe wagtyň dowamynda okaýar.

**Erk** – adamyň hereketiniň erkin we erkin däl bolmagy mümkin, erkin däl erkiň öz-özünden, tötänlikden döremegi mümkin bolan pikirleriň anyk bir zada gönükdirilmegidir. Erkin erk – bu işjeňligiň aýratyn görnüşi bolup, onuň netijesinde adam belli bir maksada ýetmek üçin hereket edýär. Erkinligiň köp duş gelýän görnüşi öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin bar bolan päsgelçilikleri ýeňip geçmek üçin niýetlenendir. Bu päsgelçilikler daşky (şol işiň çylşyrymlylygy, agyr iş şertleri, başga-da adamlaryň garşy durmagy) we içki işi ýerine ýetirip bilijilik ukybynyň pesligi, ýadawlylyk, erbet häsiýetler we ş.m. bolup bilýärler.

Erk özüňi haýsam bolsa bir işi ýerine ýetirmek üçin päsgelçilikleriň barlygyna garamazdan özüni borçly etmek däl-de, eýsem, şol işi ýerine ýetirmek üçin päsgelçilikleri ýeňip geçmek üçin hereketleri

ýerine ýetirmezlikden ýüz öwürmekdir. Mysal üçin, talyp synaglara taýýarlanýan wagty, onda telewizorda gyzykly filime tomaşa etmek höwesiniň döremegi mümkin, elbetde, bu pikirden el çekäýmek aňsat däl. Şu ýerde ikinji derejeli öňde goýlan maksat, birinjä garamazdan, erk esasynda emele gelýär.

Şeýlelikde erk adam tarapyndan özüni erkin alyp barmaýandygyna aňly pikir, hadysa hökmünde ýüze çykýar.

**Şahsy erkinligiň hil derejesi**

Öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmek üçin öz durmuşynda, işinde, hereketinde adamyň erkinlik duýgularynyň hili emele gelýär.

Olaryň esasysy: özbaşdaklyk – bu öz öňüňde dürli wezipeleri, maksatlary goýmak we şol maksatlara öz pikirleriň, ynanjyň, ylmyň, bilimiň bilen ýetmekdir.

Tutanýerlilik – erkiň hil görkezijisi bolup, belli bir maksada ýetmek üçin, yzygiderli arman-ýadaman, öz güýç kuwwatyňy şol işe bagyşlamakdyr.

Häsiýet näme?

**Häsiýet** – bu şahsyýetiň häsiýetiniň adamlara bolan garaýşynyň ýüze çykmasydyr. Adamyň häsiýetini bilmek ol adama degişli bolan onuň öz aýratynlyklarydyr. Saýlanyp alnan hünär häzirki zaman adamsynyň häsiýetine uly täsir edýär. Adamyň häsiýeti öz aragatnaşyklaryna, işleýän toparyna, şonuň ýaly-da maşgala uly täsir edýär.

**Nädip mylaýym, mähirli bolmaly:**

1. Adamlar bilen gyzyklanyň. Siziň gürrüňdeşiňiz ýöne bir gürrüňdeş däldigiňizi duýsun;
2. Hakykatdan, ak ýürekden hoşniýetli ýylgyrmak – bu sungat. Ýylgyrmany öwreniň. Bu siz bilen açyk göwünden gepleşmäge mümkinçilik döredýär.
3. Gürrüňdeşlik wagtynda, adatça, biz gürrüňdeşimiziň adyny tutmaýarys, şuny hiç haçan etmeli däl. Adam öz adyny eşitse, onda şol adam üçin bu örän ýakymlydyr.
4. Oňat gürrüňdeş (eşidiji) bolmak bilen gürrüňdeşiňiz esasy gyzyklanýan zadyny ýadyňyzdan çykarmaň we gürrüňdeşligi şol gyzyklanma ugrukdyrjak bolmalydygyny ýatdan çykarmaň.

5. Adamlaryň özlerinde başarjaňlygyň bardygyny duýmaga mümkinçilik beriň we muny tüýs ýürekden ediň. Her zatda onuň gowy taraplary bar. Onuň gyzykly pikirleriniň bardygyny aýratyn belläň, adama gowulyk, ýagşylyk etjek boluň.

### Siziň temperamentiňiz (joşgunlylygyňyz, hyjuwlylygyňyz, ganygyzgynlylygyňyz) nähili?

Adamlaryň daş-töwerekde bolup geçýän zatlara dürli garaýyşlary bar. Biri ünsüz, başga biri gaty haýal, başga biri gaharjaň. Bu ýagdaý adamlaryň temperamenti bilen baglanyşyklydyr. Adamlara şu aşakdaky görnüşli temperamentler degişlidir: sangwinik, melanholik, flegmatik, holerik we isterik, epiloptoid we şizoid.

**Sangwinik** (lat. sözünden-sanguis – gan) özüniň temperamenti boýunça bu adam has durmuşy söýýän, çalasyn hereket edýän, tiz täsirli, ýöne töwerekde bolup geçýän wakalara gaty çuňňur düşünmeýän bolmagy hem mümkin. Sangwinik täze talaplara we ýagdaýlara tiz öwrenişýär, adamlar bilen aragatnaşygy tiz sazlaýar , bir işden başga bir işe tiz öwrenişip geçip bilýär. Onuň hereketleri, ýüz-gözüniň hereketleri aýratyn täsirli. Ol örän işjeň, kuwwatly.

**Melanholik** – (grek sözünden-melanos - gara – chole – želç (öt)). Bu adam duýgurlygy, syzgyrlygy, göwnüniň päkligi, gaýgyçyllygy, aladaçyllygy bilen tapawutlanýar. Daşyndan kän bir hereket etmeýän ýaly, mimikasy, ýüz we göz hereketi kän bir göze görünip duranok. Tiz ýadaýar, bir görnüşli işden başga bir görnüşli işe gaty kynlyk bilen geçýär, täze iş ýer ony gorkuzýar. Köplenç özüniň gynançlary, aladalary bilen başagaý, utanjaň, ýygra. Başga biriniň bagtsyzlygyna gaty gynanýar.

**Flegmatik** – (grek sözünden – phlegma-nemli, öl). Bu adam geleňsiz, gaharjaň däl, özüni saklap bilýän adamlar bilen zoraýakdan dil tapýar, bolup geçýän wakalara zordan üns berýär. Çydamlylygy, özüni saklap bilmekligi we işjeňligi bilen tapawutlanýar.

**Holerik** – (lat. sözünden – želç-öt). Güýçli, özüne erk edip bilmeýän adam. Sangwinik ýaly bolup geçýän wakalara ruhubelentli-

lik bilen garaýar, ýöne köplenç özüne erk edip bilmeýän, takatsyz, gaharjaň, gönüsini-dogrusyny aýdýan adamdyr. Özüniň tutanýerliligi, zähmetsöýerligi bilen tapawutlanýar. Bir işden basga işe zoraýakdan geçýär.

**Isterik** – örän tiz aragatnaşyk açýan, elmydama dürli şorta sözleri ýomaklary aýdýar, durmuşdan dürli wakalary gürrüň berýär. Örän gyzykly hereketler bilen ýüz-gözüni üýtgedip, artist ýaly keşbe girip gürrüň berýär. Özüniň artykmaçlygyny has hakykata laýyk edip görkezmäge çalyşýar. Ähli adamlar bilen dostlukly gatnaşýar, ýüzlenýär, moda laýyk geýinýär, olar köplenç adamlaryň duýgusyna täsir edýärler, olary öz ellerinde saklaýarlar, ýöne özlerini hem ele almak gaty aňsat, olaryň esasy duýgularyna ýa-da gowşak taraplaryna täsir etmek aňsat, bilesgejiligine, gysgançlygyna, artykmaçlygyna esasy üns beräýmeli.

**Epiloptoid** – özine üns berýän, arassaçyl, saçyna, geýimine seredýän, klassiki stilde geýinmäni halaýan. Olaryň gürrüňi ýerlikli, käbir üýtgeşikliksiz, gaty ýuwaş gürleýärler. Özini alyp barşy bir gyradeň sözüniň üstünde durýan, kanunalaýyk we düzgünnama laýyk hereket edýär. Bilesigelijilik bilen bir zady anyklamak üçin müňňükirlik bilen berýän soraglary daş töweregindäki adamlaryň gaharyny getirmegi mümkin. Esasy häsiýeti: gysganç, özüniň saglygy barada aladaçyl, adalatlylyk duýgusy, özüniň beýlekilerden artykmaçlyk duýgusy bardyr.

**Şizoid** – ony tanamak kyn däl, ýüz-gözüniň hereketleri ýok diýen ýaly, ýüzi nikaby ýatladýar. Adamlar bilen aragatnaşyk etmäni halanok, özüni erkin duýmaýar. Sesi birmeňzeş pesräk, gürrüňi üzlem-saplam. Moda kowalaşmayar, bar zady geýýär we şol geýimi özi üçin gaty oňaýly hasaplaýar.

Marketing bilen iş salyşýan hünärmenler öz işlerinde her gün adamlaryň ýüzlerçesi bilen iş salyşýarlar, hyzmatlary ýerine ýetirýärler, şol sebäpli hünärmenleriň esasy wezipesi müşderilere gowy, ýokary hilli hyzmatlary ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

# III bap

# Bazar ykdysady aragatnaşyklar şertlerinde zähmetiň, özara aragatnaşygyň medeniýeti

## 3.1. ESTETIKI DUÝGULARY DÖRETMEKDE, EMELE GETIRMEKDE ZÄHMETIŇ ÄHMIÝETI

Zähmet – adamlaryň ýaşaýyş durmuşynyň esasy şertidir. Zähmet adamynyň şahs hökmünde öňe çykmagyna ýardam berýän esasy görkezijidir. Adamzat jemgyýetiniň döräli bäri zähmet ruhy baýlygyň çeşmesi hem-de adamlaryň estetiki tarapdan ösmegine ýardam beripdir. Zähmetde adamynyň gyzyklanma, hil görkezijileri, olaryň jemgyýetçilik hem-de raýatlyk duýgulary emele gelýär.

Adamlaryň arasynda elmydama zähmetiň owadanlyk çaýandygy barada gürrüň edilýär.

Zähmet çekmek netijesinde adamlar özleriniň estetiki isleglerini kanagatlandyrmak bilen, öndürilýän önümleriň her birine, olaryň gerekliligi we owadanlyk tarapyna başgaça seredýärler.

Bize mälim bolşy ýaly, marketing önümçilikden başlap, tä sarp edijilere çenli satuwdan soňky hyzmatlary hem öz içine alýar. Bu ýerde zähmet, birinjiden, önümçilik, harytlaryň hereketi, şahsy ulanmak, ikinjiden, önümçilikde önümi gutarnykly öndürmek – harytlary gaplamak, taýýar harytlaryň hilini barlamak ýaly meseleleri çözmek bilen baglanyşykdadyr. Şol sebäpli marketing «bazary öwrenmekde» ykdysadyýetiň (halk hojalygyň) esasy pudagy bolmak bilen özboluşly zähmetiň psihologiki kanuny, estetiki we etiki aýratynlyklaryny öz içine alýar.

Bazar bilen işleýän hünärmenlere ilki bilen bildirilýän talaplaryň biri – estetiki medeniýetdir. Estetiki medeniýet – bu diňe bir ýeterlik derejedäki bilim bolman, eýsem ol bilimi işde, durmuşda ýerlikli ulanmakdyr. Esasy zat gowy zady erbet zatdan saýgaryp bilmekdir, hakyky harydy hakyky däl harytdan, hili pes harydy hili gowy harytdan aýyl-saýyl edip bilmekden ybaratdyr. Bazar bilen iş salyşýan hünärmenler, bazar bilen işleýän, söwda gatnaşyjylara ýakyndan maslahat berip bilýän ýokary derejeli hünärmenler bolmalydyrlar.

7. Sargyt № 2388

Häzirki wagtda bazar bilen işleýän hünärmenleriň esasy ünsi bazary doly öwrenmek bilen önümçilige täsir edip, isleg bildirilýän harytlary öndürmekden ybaratdyr. Şol harytlaryň estetiki taýdan owadan bolmagyny we islegleriň kanagatlandyrylmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Bazar bilen işleýän hünärmenleriň medeniýeti, olaryň daşky görnüşiniň estetikasy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi harytlary bazarlara çykarýan, ilata hyzmat edýän söwda işgärleri elmydama köpçüligiň göz öňünde işleýär, bu ýerde diňe bir harydy gowy görkezmek, ony gaplamak esasy bolman, eýsem alyja medeniýetli hyzmat etmek, satyjynyň daş görnüşi, hem-de satyjynyň özüni alyp baryşy bilen hem baglanyşyklydyr. Bu ýerde estetiki we etiki düşünjeleriň özara baglanyşygy ýüze çykýar.

Medeniýeti ýokary, gowy geýinen, arassa, daş görnüşi özüne çekiji (semiz, hor) söwda işgäriniň özüni alyp barşy alyjylaryň hormatyna eýe bolýar, şol satyjylara hiç hili şübhe, ynamsyzlyk döränok, tersine olar özlerine alyjylary çekýärler. Satyjynyň daş görnüşi onuň işleýän tutuş söwda nokadynyň işine baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Marketing hadysasy ykdysady guramaçylyk, terbiýeçilik, medeniýetlilik derejeleriniň ýokary bolmagyny talap edýär. Bu zatlaryň hemmesini diýen ýaly marketolog edara kärhananyň ýolbaşçysy bilen bilelikde ýerine ýetirýär. Söwda kärhanasynyň ýolbaşçysy ilki bilen harydyň wagtynda getirilmegine, ol harydyň gaplanylmagyna we şol harytlary söwda zalyna eltip erbe-ýer goýulmagyna hem-de satyjylaryň ýerli ýerinde bolmagyna jogap bermelidir. Ýöne gynansakda, ýolbaşçylary söwda zalynda göräýmek gaty kyn. Olaryň bahanalary haryt almaga gitdi, haryt öndürijiler bilen şertnama baglaşmaga gitdi we ş.m. bolýar. Käbir söwda kärhanalary muny ýönekeýje çözýärler. Uly söwda guramalarda üpjünçilik boýunça başlygyň orunbasary wagtynda habarnama - teklipnama berse, wagtynda harydy getirip berýärler, sowadyjyny hem bejerýärler. Bu gulluk öz wezipesini anyk ýerine ýetirýär. Sebäbi olarda hojalyk hasaplaşyk we material taýdan gyzyklanma ulgamy gowy ýola goýlan.

## 3.2. BAZAR IŞLERINDE ZÄHMETIŇ ESTETIKI AÝRATYNLYKLARY

Bazar düzümleriniň esasy bolan söwda öndüriji bilen sarp edijiniň arasyndaky arabaglanyşygy üpjün edýär.

Marketing şertlerindäki zähmet – haryt önümçiligi ýola goýmakda, harytlaryň hereketini guramakda, hyzmatlary ýerine ýetirmekde we ş.m. ýüze çykýar. Bazar bilen baglanyşykly kärhanalarda işgärler bilen ýolbaşçylaryň arasynda bir-birine ynanmak we hormat goýmak gatnaşyklary, esasan, ýola goýlandyr, muňa işgärleriň hemmesi düşünýär.

Zähmetiň medeniýeti işgarleriň hünärine hem-de isleýän ýerine garamazdan, hemmeler üçin hökmany suratda ýerine ýetirilmeli talaplaryň esasysydyr. Bazar bilen işleýän her bir hünärmeniň medeniýeti ýokary, hünärmenliligi, öz işini bilýänligi, öz işine düşünýänligi, onuň taýýarlyk derejesi ykdysadyýeti, harytlaryň isleg ödeýiş häsiýetlerini, önümçiligi, tilsimaty bilýänligi bilen baglanyşyklydyr.

Bazar şertlerinde zähmetiň estetikasynyň esasy görkezijisi zähmet çekmek üçin ähli şertleriň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Estetikanyň medeniýeti – ol barada bilimleri ele almak bilen çäklenilmän, eýsem ol bilimleri işde oňaryp, ýerine ýetirip ulanmakdyr. Bazar şertlerinde – hünärmenleriň esasy wezipeleri bazar bolçulygyny döretmekden, ýagny, söwdanyň üsti bilen önümçilige täsir edip, ilatyň isleglerini doly kanagatlandyrmakdyr we netije gazanmakdyr.

## 3.3. SÖWDA IŞGÄRLERINIŇ GEPLEÝIŞ MEDENIÝETI

Bazar bilen is salyşýan işgärleriň medeniýetiniň derejesi esasan olaryň daşky görnüşi bilen baglanyşyklydyr, mysal üçin, satyjy elmydama alyjylar köpçüliginiň göz öňündedir. Owadan edip satmak diňe bir harydy alyjylara hemmetaraplaýyn gowy edip görkezmek, ony gaplamak we medeniýetli gowşurmakdan däl-de, eýsem, söwdany owadan alyp barmakdan ybaratdyr, ol bolsa köp zatlary öz içine alýar – satyjynyň daşky görnüşini, onuň özini alyp barşyny, bu ýerde etiki we estetiki kategoriýallaryň toplumyny ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Satyjynyň daş görnüşi elmydama alyjylara hyzmat etmäge taýýar bolmaly, özüniň ýörite geýimi bolup, gaty arassa, ütüklenen bolmaly, söwda zalyna iliklerini ildirip barmaly, ammarlardan göni söwda zalyna çykmaly däl, satyjylar üçin ýörite dynç alyş otagy bolup, şol ýerde hem üsti-başyny talaba laýyk tertibe getirmeli. Aýakgaby ýalpyldap durmalydyr, şonuň bilen birlikde işlemek üçin örän oňaýly şert bolmalydyr, köwşüniň ökjesi pes bolmaly, sowuk wagty sowukdan, yssyda yssydan dabany goramalydyr. Baş geýimler örän oňaýly bolup, aýakgap bilen meňzeşrak bolmalydyr. Daşky görnüş, arassa geýim, saçyň ýagdaýy we başgalar estetikanyň esasy düzümleridir. Alyjy mydama dogrudyr diýen pikir satyjylaryň kellesinde bolmalydyr. Ol satyjylar üçin ýazylmadyk kanundyr. Ýöne bu şygar söwda zalynda asylyp goýulmaly däl-de, satyjylaryň dynç alýan ýerlerinde goýulmaly, sebäbi bu şygar diňe şolara degişlidir. Ýöne muny satyjylar ýatlarynda saklaýarmykalar?

Mysal üçin, alyjy soraýar:

– Sizde süýt barmy?

Satyjy: – Ýok.

Alyjy: – Prilawkada (stolyň) üstünde ýatan paket näme?

Satyjy: – Näme size ýyrtyk paketdäki süýt gerekmi? – Baý-bä adamlar nähili baýapdyrla-aý.

Alyjy satyjynyň sözini we iňirdisini eşitdi, netijede, umuman, süýdi satyn almakdan boýun gaçyrdy.

Ýöne şu bolup geçen wakany başgaça düzmäge çalyşalyň:

Alyjy: – Sizde süýt barmy?

Satyjy: – Ýok.

Alyjy: – Prilawkada ýatan paket näme?

Satyjy: – Baş üstüne? Ýöne paket ýyrtyk, süýt damýar.

Bu ýagdaýda satyjy alyja medeniýetli jogap berýär, harydyň kemçiligi barada duýdurýar, alyjynyň degnasyna degmeýär. Mümkin alyja hökman şu wagt süýt gerekdir, ýakyn arada bolsa dükan ýok, munuň bolsa ýeke-täk mümkinçilik bolmagy mümkin. Alyjy çykgynsyz ýagdaýda, şonuň üçin ýyrtyk paketli süýdi almaga mejbur. 1-nji ýagdaýda satyjy aragatnaşygyň etikasynyň düzgünini bozdy, hyzmat edilmedi. 2-nji ýagdaýda etiketiň düzgünleri bozulmady, hyzmat edildi.

Adamlar adat boýunça öz işleri, öz maşgala durmuşy, işi we aladalary bilen meşgul. Beýleki adamlar üçin olara wagtam, güýjem ýok. Soňra adamlarda ruhy körlük başlanýar, muny adamlar bilen aragatnaşyk edilende duýmak bolýar.

Satyjy ýönekeý adam däldir, ol durmuşda psihologiki işi ýerine ýetirýär. Bazar bilen isleýän islendik, hünärmende ruhubelentlilik duýgusy has ýokary bolmalydyr, işjeňlik, şähdiaçyklyk, duýgydaşlyk, adamlara ünslülik hünärmeniň esasy hil görkezijisi bolmalydyr.

Söwdagär haryt satyn almaga gelen adama üns bermelidigini, hiç haçan ýadyndan çykarmaly däl, haryt satmak bilen bilelikde, ol alyjynyň gowy keýpine, onuň rahatlygyna, oňaýly duýuşyna gös-göni jogap berýär.

Ýöne bu ýagdaýlary mydama ýerine ýetirip bolýarmy ýa-da ýok?

Arakesme golaýlan wagtda ýa-da işiň soňunda alyjylar howlugyp başlaýarlar, satyjynyň hereketi çaltlaşýar, jogaplary gaty gysga, ýürek urşy çaltlanýar, gan başysy galýar.

Ýönekeý iş wagty şu ýagdaýlarda özüni alyp baryşlaryna üns bereliň

Alyjy: – Salam.
Satyjy: – Salam.
Alyjy: – Aýtsaňyzlaň iň täze gelen köke haýsy?
Satyjy: – Hasar kökesi, şony ýaňyja getirdiler.
Alyjy: – Aýtsaňyzlaň ol süýjülimi ýa-da az süýjülimi?
Satyjy: – Süýjüli.
Alyjy: – Bahasy näçe?
Satyjy: – Bir kilogramynyň bahasy 4 manat
Alyjy: – Mümkin bolsa 2 kg beriň!

2-nji ýagdaý – arakesmä ýa-da işiň soňuna golaýlan wagtda:
Satyjy: – Size näme gerek?
Alyjy: – 2kg – Hasar kökesi
Satyjy: – Baş üstüne, indi kimiň nobaty?

2-nji ýagdaýda aragatnaşygyň kadalary düýbünden ýok diýen ýaly. Bu ýagdaýda esasy maglumaty alyjy harydyň bahasyna hem-de

ýazgylara seredip alýar. Şonuň üçin ýazgylar uly harplar we sanlar bilen ýazylan bolmalydyr.

## IV bap

## Halkyň sarp edýän harytlarynyň estetikasy

### 4.1. Halkyň sarp edýän harytlarynyň estetikasyny (estetiki gymmatyny) bahalamagyň ugurlary

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ilatymyzyň durmuş derejeleriniň ösmegi netijesinde olaryň harytlaryň görnüşlerine, hiline, daşky görnüşine bolan islegi düýpgöter özgerdi.

Hil näme – onuň islendik harydy ulanyjynyň talabyna gabat gelmegi. Hil topar görkezijilerden ybarat bolup, ol harydyň niýetlenişine gabat gelmegi, peýdalylygy, ulanmagyň oňaýlylygy, owadanlygy ýaly häsiýetleri öz içine alýar. Bularyň toplum bolup birleşmesi harydyň hili barada maglumat berýär.

Harydyň hili barlananda sosial-jemgyýetçilik talaplar bildirilýär – bu harytlaryň jemgyýetçiligiň talaplaryna gabat gelmegidir. Bu talaplar harytlar taýýarlananda ulanylýan çig mallaryň, energiýanyň hem-de zähmeti tygşytly ulanmaga gönükdirilendir.

**Funksional** (niýetlenişi, ýerine ýetirýän işi) talaplar diýilip, harytlaryň, önümleriň niýetlenişine görä, talaplara laýyk gelmegine aýdylýar. Mysal üçin, sowadyjynyň, esasy wezipesi – tiz zaýalanýan iýmit önümlerini zaýalanmakdan gorap saklamak.

**Ergonomiki häsiýetler** (talaplar) – harytlaryň konstruksiýa (düzüliş) aýratynlyklarynyň adamlaryň organizmleriniň aýratynlyklary bilen gabat gelip, olary ulananlarynda zyýan ýetirmezligine, oňaýly bolmagyna hem-de ulanylanda harytlaryň ygtybarlyklaryna aýdylýar.

**Estetiki talaplar** – adamlaryň ruhy talaplary bolup – harytlaryň owadanlygyna, moda gabat gelmegine, adamlaryň özboluşly garaýyşlaryna, duýgularyna gabat gelmegidir – owadanlyk käbir harytlara, mysal üçin, zergärlik harytlara, aýakgaplara, geýimlere esasy

görkeziji hökmünde estetiki häsiýetleri görkezmek bolar. Häzirki döwürde alyjylar harytlaryň estetiki häsiýetlerine köp üns berýärler.

**Harytlara estetiki baha bermek**

Harytlara estetiki baha bermek şu aşakdaky görkezijiler bilen baglanyşyklydyr.

Harydyň formasynyň talabalaýyklygy häzirki zaman çeperçilik sungatynyň talaplaryna gabat gelmegidir. Eger-de harydyň formasy (daş görnüşi) bilen niýetlenişi talabalaýyk bolsa, iki görkeziji bir – birine gabat gelse, onda haryt has owadan bolýar. Harytlaryň daşky görnüşleri harydyň näme üçin niýetlenişi baradaky maglumatlary özünde saklamalydyrlar. Formasynyň alamatlaryny nähili bilmeli:

**Deňagramlylyk**

**Proporsionalyk** diýilip – harydyň hemmetaraplaýyn (bölekleriniň, taraplarynyň, ölçegleriniň) biri-birine gabat gelmegine aýdylýar.

**Rasionallyk** – (oýlanyşyklyk-pähimlilik) bu harytlaryň formasynyň niýetlenişi boýunça peýdalanyşyna doly gabat gelmegidir.

Önümleriň formasynyň, esasy häsiýetleriniň biri bu çeperçilik taýdan aýratynlygydyr, bu aýratynlyk köplenç proporsiýanyň, reňkleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Estetiki taýdan hemme harytlar üçin iň esasy zat olaryň daşky görnüşidir. Owadan bezelen haryt alyjylary özüne çekiji bolýar. Bu babatda dükanlarda bar bolan çylşyrymly tehniki harytlary, radioelektron enjamlary mysal hökmünde görkezmek bolar.

Harytlara estetiki taýdan baha berilende, olaryň hemme tarapdan ansamblynyň bitewiligine, ilkinji nobatda, üns berilýär. «Ansambl» sözi hemme bölekleriniň bir meňzeşligi, özaralaryndaky olaryň ölçegleriniň bir meňzeşligi, reňkleriniň bir-birine gabat gelmegidir. Bu talap köp haryt toparlaryna degişlidir. Mysal üçin, geýimler, aýakgaplar, mebeller we ş.m.

**Ansambl** – önümleriň ulanylýan toparynyň birmeňzeş harytlar biçiwiniň, reňkleriniň reňk öwüşginleriniň, ýüzüniň meňzeşligi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, baş geýim, aýakgap, palto, sumka ýaly

harytlar ulanylanda ansamblyň bitewiligi göz öňünde tutulmasa, onda adamyň daş görnüşiniň owadanlygyna ters täsir edýär.

Elbetde, harytlaryň estetiki abraýyny ýokary götermekde olaryň stil tarapdan çözgütleri göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, häzir ýaşlaryň arasynda sport geýimleriň biçüwindäki geýimlere köp isleg bildirilýär, munuň sebäbi sport eginbaşlarynyň biçüwi ýaşlyk, saglyk bilen baglanyşyklydyr. Stil bu estetiki hadysa bolup, uzak wagtyň dowamynda emele gelýär.

Harytlaryň modanyň talaplaryna gabat gelmegi – estetiki bahalamagyň esasy görkezijisidir. Moda harytlaryň abraýyny ýokary derejelere göterýän görkezijidir. Adamlaryň özleriniň ulanýan harytlarynyň görnüşlerini üýtgetmäge edýän hereketleriniň netijesidir. Moda köp harytlaryň köpelmegine täsir edýän şertdir, Geýimleriň täzeden satyn alynmagynyň 40%-i geýimlere bolan modanyň üýtgemegi sebäplidir.

### 4.2. Her bir haryt toparyna estetiki talaplar

Harytlaryň estetiki häsiýetleri ozal mälim bolan harytlaryň häsiýetleri bilen deňeşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Azyk harytlary – iýmit üçin niýetlenen hem-de adamyň saglygyny gorap saklaýar. Azyk harytlarynyň tagamy gaty çylşyrymlydyr – ýöne 4 sany tagam esasydyr. süýji, ajy, turşy we şor., tagamlar bilen bilelikde adamlar şol iýmitiň ysyny hem duýýarlar. Önümiň ysy boýunça şol önümiň hili barada netije çykarmak mümkin. Azyk önümleriniň hili barada gutarnykly netijäni, şol iýmiti iýen wagtyň çykaryp bolýar. Ýöne daşky görnüşi boýunça hem ilkinji hil görkezijilerine baha bermek mümkin. Mysal üçin:

1. Önümiň daşky görnüşiniň ýagdaýy.
2. Iýmit hökmünde taýýarlygy.
3. Gaplanyşy.

Geýimleriň we aýakgaplaryň estetiki häsiýetleri anyklanylanda, olaryň niýetlenişi we ulanylýan şerti boýunça gabat gelişi göz öňinde tutulýar. Mysal üçin, iş, sport, çaga geýimleriň estetiki häsiýetleri ba-

halananda, ilkinji nobatda, olaryň ergonomiki, toý, baýram häsiýetlerine seredýärler. Dynç alyş üçin niýetlenen geýimlerde bolsa, ilkinji nobatda, olaryň owadanlygy, häzirki zaman moda gabat gelýänligi göz öňünde tutulýar.

Mebel harytlaryna mebellere estetiki baha bermek öýleri bezemek bilen baglanyşyklydyr. Ol bolsa otaglaryň sany, onuň umumy meýilnamalaşdyrylyşy hem-de niýetlenişi bilen baglanyşyklydyr. Birinji nobatda, mebelleriň niýetlenişine görä gabat gelişi we ulanyş aýratynlygy bahalanýar.

Mebeller ergonomiki talaplara gös-göni jogap bermelidirler, ulanylanda hemmetaraplaýyn oňaýly bolmalydyr. Mysal üçin, oturmak üçin niýetlenen mebel, adam islendik ýagdaýda oturanda hem (işlände, dynç alanda) oňaýly bolmalydyr.

Mebelleriň estetiki häsiýetleri bahalananda olaryň ölçegleriniň birmeňzeşligi, toplumlylygy, otagyň belli bir ýerinde ýerleşdirilip, başga ýerlerini boş goýmaga mümkinçiligi göz öňünde tutulýar. Daşky owadanlygy ýeke bir konstruksiýasy bilen belgilenmän, eýsem ulanylýan agaçlaryň ýüzüniň owadanlygy bilen hem belgilenýär.

## Mata harytlaryna bildirilýän estetiki talaplar

Adamlaryň material däl isleglerini kanagatlandyrýan häsiýetler jemgyýetçilik şerti ulgamynda bolup geçýär. Bu bolsa estetiki talaplar toplumy bolup durýar. Estetiki häsiýetleriň görnüşlerini ýüze çykarmak üçin, mata harytlaryň näme üçin niýetlenini we adamlaryň şolara bolan owadanlyk babatda pikirlerini öwrenmek zerurdyr. Sebäbi owadanlygy belgileýän derejeler (mysal üçin, her dürli pasyllarda geýilýän her dürli geýim, her hili ýaşdaky adamlar) her hilidir, olara köp zatlar täsir edýärler.

Eger-de taryha göz aýlasak, onda her bir halkyň mata harytlarynyň estetik häsiýetlerine özboluşly talaplarynyň barlygyna göz ýetireris. Halkyň özboluşly talaplaryny öz içine alýan geýimler şol halk üçin iň owadan hasaplanýar. Mata harytlaryň we olardan taýýarlanan geýimleriň milli aýratynlyk ýagdaýyny öwrenmek olaryň bazaryny iň ýokary bahalamagyň derejesidir.

Mata harytlaryň owadanlygyny belgilemegiň iň ýokary derejesi olaryň estetiki häsiýetlerniň moda gabat gelmegidir.

Moda – bu adamlaryň endikleriniň, talaplarynyň, isleglериniň belli bir döwür içinde agalyk sürmegidir. Mata önümleri modany anyklamakda iň öňdebaryjy görkezijili harytdyr. Modanyň iň görnükli talaplaryndan biri olaryň yzygiderli alyş-çalyş bolup durmagydyr. Modanyň üýtgemegi bilen adamynyň daşky durky şol döwre laýyklykda üýtgäp durýar we şoňa gabat gelýar. Täze modaly eşikleriň peýda bolmagy bilen köne modaly eşikler özleriniň estetiki gymmatyny bölekleýin ýa-da doly ýitirýär we olar isleg ödeýiş häsiýetlerini we gymmatlaryny hem peseldýär ýa-da ýitirýär. Modanyň üýtgemegi adamlaryň islegleriniň üýtgemegi we tebigy zerurlyk ýüze çykmagy esasynda bolup geçýär.

Täze modaly eşikleriň öňki eşikleriň käbir düzümlerini öz içine almagy mümkin, ýöne hiç haçan öňki durkuny gaýtalamaýar. Modanyň ömri ortaça 5–7 ýyl hasaplanýar. Ýöne soňky wagtlarda modanyň ortaça ömri 3–4 ýyl diýip hasaplanýar.

Modanyň üýtgemegi şol geýimleriň modul taýdan köpelmegine eltýär.

Mata önümlerini modanyň belli bir derejesi bilen belgilesek, onda:

1. Iň soňky moda gabat gelýänler.
2. Häzirki döwrüň modasyna gabat gelýänler.
3. Öňki ýyllaryň modasyna gabat gelýän, ýöne häzir hem saklanyp ýör.
4. Modadan çykanlar, köne modalylar.

Haýsy matalardan haýsy egin-eşikler döwrüne görä modalydygy ýa-da modadan yza galýanlygy modelleşdirýän kärhanalara baglydyr, moda boýunça esasy sowallar radio, telewideniýe, modalar žurnaly we başga serişdeleriň üsti bilen berilýär.

Mata harytlaryň esasy estetiki häsiýetlerinde olary reňkler bilen bezemek uly rol oýnaýar. Boýaglar bilen bezemek boýaglar we her dürli suratjyklar arkaly amala aşyrylýar. Adam tarapyndan reňkleri kabul etmek üç ýagdaýda bolup geçýär:

1. Reňkiň fiziki häsiýeti.
2. Psihologiki täsiri.
3. Simwoliki ähmiýeti.

Reňkiň fizki häsiýetleri – olaryň öwüşginleri bilen belgilenýär.

Reňkiň adamynyň psihologiki häsiýetlerine täsiri adamlaryň şol reňkleri kabul edişi derejesine baglydyr. Käbir reňkler adamyny köşeşdirýär, käbirleri gaharyny getirýär, käbirleri begendirýär we ş.m.

Gyzyl reňk we onuň öwüşginleri, sary reňkler ýyly reňkler hasaplanyp, adamlaryň keýpini göterýär, geýimleri owadanlaşdyrýar, adamlaryň suduryny mese-mälim görkezýär.

Gök reňk we onuň öwüşginleri sowuk reňkler hasaplanyp, adamlary köşeşdirýär, adamynyň sudurynyň kem-käs ýerlerini gizleýär, ony inçe hem owadan görkezýär.

Ýaşyl reňkiň we onuň öwüşginleriniň sowuk we ýyly bolmagy mümkin, köşeşdiriji häsiýete eýe bolup, adamyň sudurynyň kemçiliklerini düzedýär, ony inçe we owadan görkezýär.

Mata harytlar suratjyklar bilen bezelip, tematikasy boýunça geometriki, ösümlükleriň ornamentinde, peýzaž, haýwanlaryň suratjygy bilen bezelen we milli äheňlerde bolýarlar.

## Egin-eşiklere bildirilýän estetiki talaplar

Geýimleriň estetiki häsiýetleri, kompozisiýasynyň bitewiligi, modeliniň funksionallygy äheňlerde hem-de stili bilen belgilenýär. Estetiki häsiýetler, umuman, jemgyýetiň estetik ideýallary bilen baglanyşyklydyr.

Umuman aýdanyňda, estetiki häsiýetler geýimleriň hemme tarapdan owadanlygydyr. Estetiki häsiýetleri bahalamak deňeşdirme ýoly bilen anyklanylýar. Estetiki häsiýetler geýimleri ulanýan adamlaryň ýaşaýyş durmuşlaryna, işine, ulanylanda klimat şertlerine hem-de millete baglydyr.

Kompozisiýanyň bitewiligi diliýilende şulara düşünilýär: bu geýimdäki bar bolan detallaryň (bölekleriň) biri-biri bilen arabaglanyşygy, olaryň formasy (şekili), fason tarapyndan birligi.

Kompozisiýanyň esasy komponentleri (düzümi): forma, suluýet (sudur), her hili çyzmyklar, proporsiýa, esasy material, massasy (agramy), bezelişi we ritimidir.

Geýimleriň formasy (şekili); geýimiň detalarynyň (bölekleriniň) biri-birine birleşmegi esasynda emele gelýär. Formanyň görnüşleri şu aşakdakylardyr:

1) Berk nusgawy forma.

2) Sport.

3) Fantaziýa.

a) Nusgawy formadaky geýimler - dogry çyzykly, sudury boýunça adam bedenine galtaşýan hem-de ýarym galtaşaýan, ýeňleri ýönekeý tikilen, bezeg düzümleri ýok. Bu formadaky geýimler özüniň ýönekeýligi bilen tapawutlanýar.

b) Sport formasyndaky geýimler – örän çylşyrymly kontstruksiýada, bezeg çyzmyklary agdyklyk edýär, bular giňräk, umuman adamlaryň keşbine (şekiline) laýygrak. Mysal üçin, ýeňleri dürli ýol bilen birleşdirilen, jübüleri daşyndan tikilen, gapakly we gapaksyz, ilikli, syrmaly bolmagy mümkin.

ç) Fantaziýa – dürli görnüşdäki, formadaky we stildäki geýimler, köp bezeg bölekleriniň barlygy bilen tapawutlanýar. Şeýle-de goşmaça çyzmyklar, aýlawlar bilen bezelen, sudury dürli – dürlüdir.

**Sudury** – geýimleriň sudury diýilende egniniň beýikliligi hem-de ini göz öňünde tutulyp, umuman, geýimleriň adamyň göwresine galtaşmak derejesine aýdylýar:

1. Adamyň göwresine galtaşýan.
2. Ýarym galtaşýan.
3. Dogry geýim.
4. Giň – ýokardan aşak giňelýän geýim.

Sudurlaryň dürli görnüşleri bolup, olar moda baglydyr. Geýimleriň estetik formalaryny düzmekde suduryň ähmiýeti örän uludyr.

**Fason** – diýilende geýimleriň esasy sudurynyň her bir detaljygynyň (bölejiginiň) her hili ýollar bilen biçilmegine, tikilmegine we üýtgedilmegine aýdylýar.

**Çyzmyklar** – geýimleriň umumy kontruny emele getirýär. Geýimlerde üç görnüşli çyzmyklar bar:

1. Kontr (geýimleriň detallarynyň (bölejikleriniň) gyra araçägidir).
2. Konstruktiw (geýimler tikilende emele gelýän çyzmyklar).
3. Bezeg.

**Kontr** (gyra çyzmyklar) ýa-da sudur çyzmyklary geýimleriň daşky görnüşini häsiýetlendirýär. Olar sudurlara belli bir häsiýet berýär, proporsiýany belgileýär hem-de modany görkezmäge çalyşýar.

**Konstruktiw çyzmyklar** – geýimler tikilen wagtynda ýa-da eplemeleriň ýardamynda döredilýär. (Mysal üçin, egin, gapdal we döş çyzmyklary).

**Bezeg çyzmyklary** – tikinler ýa-da keşdeler arkaly geýimiň detallarynda, bölejikerinde emele getirmek mümkin. Geýimde hemme çyzmyklar biri-birine bagly bolup, umuman, geýimleri owadan görkezýär.

**Proporsiýa** – geýimleriň proporsiýasy – bu geýimleriň detallarynyň (bölekleriniň) – ölçegleriniň biri-birine gabat gelmegidir. Eger-de proporsiýa dogry çözülmese geýimiň daşky görnüşi bütinleý üýtgeýär.

**Material** – umuman geýimleriň kompozisiýasyny çözmekde kompozisiýanyň ähmiýeti uludyr. Materiallar saýlanyp alnanda ilkinji göz öňünde tutulýan zat geýimleriň görnüşleri, olaryň haýsy pasyllarda geýmek üçin niýetlenişi, geýimleriň formasy hem-de niýetlenen adamlaryň ýaşy.

Saýlanyp alnan materialyň reňki, ýüzünde bar bolan şekiljikler geýimleriň kompozisiýasyna üýtgeşik şekil berýär. Geýimleriň massasy we agramy – bu görkeziji geýimleriň detallarynyň (bölekleriniň) ölçegine we geýimleriň göwrümine baglydyr. Kese çyzmykly matalar ulanylanda bir hili geýimleriň göwrümi ulanan, giňelen ýaly bolýar. Bu görküziji täze materialdan modeller taýýarlanylanda ulanylýar. Mysal üçin, orta-ýokary boýly (175 sm) aýýallar üçin kese çyzmykly hem-de uly suratjykly matalardan tikilen geýimi geýmek gelişmeýär. Tersine kiçi boýly aýallara, gyzlara dik çyzmykly geýimler gowy gelişýär. Olaryň boýy uzalan ýaly bolýar.

**Bezemek** – geýimleri bezemek, goşmaça estetiki bezemek üçin maşynda dürli rekli sapaklar arkaly keşde çekilýär ýa-da lentalaryň,

tesmalaryň, ýüpjagazlaryň, kružewalaryň hem-de dürli reňkdäki matalaryň ýardamynda geýimler bezelýär. Bezemek işleri geýimleriň haçan, nirede, haýsy pasylda geýmek üçin niýetlenilişine baglydyr.

**Sazlaşyk** – geýimlerdäki sazlaşyk bu geýimleriň düzümleriniň umumy kompozisiýada ýerleşişini hem-de olaryň arasyndaky bar bolan aragatnaşygyny belgileýär. Geýimleriň umumy kompozisiýasynda sazlaşyk sudur çyzmyklarynda, gurluşlarynda, bezeg düzümlerinde hem-de reňklerinde ýüze çykýarlar. Olaryň her hili görnüşleri bar:

1. Ýönekeý sazlaşyk – bir formadaky, ölçegdäki hem-de reňkdäki düzümleriň arabaglanyşygydyr. Mysal üçin, birmeňzeş eplemler.
2. Çylşyrymly sazlaşyk – bu düzümleriň kompozisiýadaky biri-birine proporsional baglanyşygydyr. Mysal üçin, kostýumyň ýokary döşdäki jübüsiniň, gapdal jübüleriniň ölçeglerine laýyklykda kiçelmegi.

Eger-de geýimlerde sazlaşyk oňaýly çözülmese, onda bütinleý geýimleriň kompozisiýasy üýtgeýär, şeýlelikde olaryň estetiki häsiýetleri peselýär.

Eger-de sazlaşyk bozulsa, onda geýimiň kompozisiýasynyň umumy bozuldygy bolýar, netijede geýim adamlaryň isleglerini doly kanagatlandyranok, hili bozulýar.

Kompozisiýanyň bütewiligi geýimdäki düzümleriň biri-birileri bilen gatnaşyklaryna baglydyr. Kompozisiýanyň bütewiligine aýratynlykda seredilmän, eýsem durkuna (durşuna) seredilýär. Kompozisiýanyň bütewiligi sazlaşygyň ululygyna hem-de stiline laýyk bolmaly. Stil hakyndaky çözgüt bolsa, häzirki zaman moda gabat gelmegini belgileýär. Söwda tejribesinde geýimleriň moda gabat gelmegi we gelmezligi esasy, aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Eger-de geýimler döwrüň modasyna gabat gelmese, onda olar islegleri doly kanagatlandyryp bilenoklar. Eger-de geýimler häzirki zaman moda gabat gelmese, onda senagat kärhanasy hem-de söwda kärhanalary bileleşip, adamlaryň islegine görä moda gabat gelýän önümleri öndürmäge mejbur bolýarlar. Geýimde moda diýilende şol geýimlerde bar bolan her hili çyzmyklar, üstki material, onuň reňki, konstruk-

siýasy, bezelişi we ş.m göz öňünde tutulýar. Çitimleriň modasy bu wagtlaýynça jemgyýetlilik estetiki standart hasaplanýar.

Adamlaryň durmuşynyň gowulanmagy bilen olar moda kowalaşýarlar. Moda belgilenende, oňa häsiýetnama berlende, onuň hökmany suratda sudury, soňra materially, fosony, reňki, bezeliş usullary bellenilýär. Häzirki zaman modasy halkara görkeziji hasaplanýar. Modanyň häsiýeti bütin Ýer şarynda duýulyp durulýar. Moda özüniň belli bir taraplary, kanunlary, ösüşi bilen tapawutlanýar. Ilatyň islegine görä, modany döredýärler hem-de ony belli bir ýola ugrukdyrylýar. Hudožnik – modelýer, sungat öwrenijiler, marketolaklar modany geljek üçin meýilnamalaşdyrýarlar. Şonuň üçin senagat kärhanalary 1–2 ýyl öňünden geljekde dürli eşikleriň modasynyň nähili boljakdygyny bilýärler.

V bap

# Hünär etikasy we onuň esasy ugurlary

## 5.1. HÜNÄR ETIKASYNYŇ ESASY WEZIPELERI

Etika – bu ahlak baradaky ylymdyr. Onuň esasy predmeti adamlaryň özüni alyp barmak ýörelgeleri we kadalarydyr, hem-de adamlaryň bir-biri bilen gatnaşygydyr.

Hünär etikasy – bu hünärmenleriň jemgyýetdäki borçlary, özlerini alyp barmagyň (normasy) tertibi hem-de ahlaklylygydyr. Hünär etikasynyň borçlaryna hünärmeniň gylyk-häsiýetleri, özlerini alyp baryşlary girýär. Mysal üçin, marketing bilen iş salyşýan işgärleriň, hünärmenleriň etikasyna köpçülik bilen işleýändikleri üçin has uly talaplar bildirilýär.

Hünär etikasy – bu ahlaklygy öwretmelidir hem-de işgäri ahlaklylyk, borçlulyk, abraýly bolmak barada terbiýelemelidir. Şeýle-de etika adamlara özlerini medeniýetli alyp barmagy, işleýän toparynyň agzalary bilen medeniýetli aragatnaşykda bolmagy öwretmelidir.

Hünär etikasy hünärmende şol hünäriň häsiýetine laýyklykda medeniýetlilik duýgusyny döretmelidir. Mysal üçin, söwda işgärleri,

marketing bilen iş salyşýan hünärmenler üçin esasy etiki görkeziji – bu adamlar üçin haýyrlylykdyr, peýdalylykdyr, olaryň üstünligidir. Marketing bilen iş salyşýan hünärmen özboluşly, talabalaýyk şahsyň ýokary hilini özünde terbiýelemelidir.

Hünär etikasy önümçilikdäki hünärmenleriň öz aralaryndaky aragatnaşygy dogry ugrukdyrmagyna niýetlenendir, sebäbi her bir hünäriň özboluşly aýratynlygyna seredip, işgärler biri-birleri bilen aragatnaşyk edýärler. Marketing bilen iş salyşýan hünärmenleriň etikasy marketing şertlerinde emele gelen ahlaklyk bilen baglanyşyklydyr.

Marketing bilen iş salyşýan hünärmenler jemgyýetiň, medeniýetiň, ykdysadyýetiň gülläp ösmegine özleriniň goşantlaryny goşýarlar. Bu esasan ilaty maddy we ruhy taydan üpjin etmekde ýüze çykýar, şeýlelikde ilatyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda üstünlikli zähmet çekmeklerine ýardam berýär. Marketing boýunça hünärmenler önümçiligi, söwdany ýola goýmakda we ilaty gerekli önümler bilen üpjün etmekde köp işleri ýerine ýetirýärler, ýagny olar elmydama köpçüligiň göz astynda bolýarlar, şol sebäpli olar hünär etikasyny hemmetaraplaýyn çuňňur bilmelidirler.

Etiket we onuň gelip çykyşy. Etiket fransuz dilinden terjime edilende – ýarlyk etiketka, ýagny adamlar bilen aragatnaşyk edilende ýüze çykýan tertibiň düzgünidir, özboluşly tertibidir. Etiketi ýerine ýetirmek we ony alyp barmagyň formasy örän wajyp meseledir.

Hünärmeniň etiketi her bir adama bir derejede bolmalydyr, ýagny hormatlamak, işi, hyzmat etmek derejesi. Iş salyşýan adamlarynyň bolşy, işi, onuň wezipesi, abraýy gyzyklanma döretmeli däldir. Islendik ýagdaýda hem terbiýe, tertip-düzgün, adamlara mylakatly bolmak hünärmene mahsus bolmalydyr.

Marketing boýunça işleýän adamlar (hünärmenler) özüne berk talapjaň bolmalydyr, özleriniň her bir ädimine, her bir eden işine berk gözegçilik etmelidirler.

Sowda boýunça hünärmeniň mysalynda birnäçe meselelere seredip geçeliň.

Psihologiki talaplar – daşyndan olaryň ahlak-psihologiki tarapdan alyjylara gatnaşygynyň taýýarlygy bilen anyklanylýar. Bu alyjyla-

ryň satyja bolan minnetdarlyklary, hormata mynasyp bolmaklarynyň derejeleri bilen bahalanylýar. Mysal üçin, alyjynyň minnetdarlygyny, onuň dükandan gowy keýpli çykyp gitmegi bilen bahalamak mümkin.

Satyjy hünärmene örän ýokary talaplar bildirilýär. Sebäbi satyjy dürli ýaşdaky, kärdäki hem-de psihiki ýagdaýdaky adamlar bilen iş salyşýar. Bu ýagdaýda oňa öz üstüňde köp işlemek artykmaçlyk etmeýär, uly durmuş tejribesi azlyk edýär.

Satyjy – hyzmat ulgamynyň işgäri bolany üçin köp adamlar bilen duşuşýar, olara hyzmat edýär. Fiziki taýdan ýadamakdan, daşary psihiki taýdan hem ýadawlyk emele gelýär. Satyjynyň daşky görnüşi, özüni alyp baryşy, geýinişi, adamlar bilen gürleşişi belli bir talaplara laýyk gelmelidir.

Marketing bilen iş salyşýan hünärmenlere özleriniň işiniň şowly bolmagy üçin şu aşakdakylary teklip edýäris:

1. Hiç haçan sesiňizi gataltmaň. Eger-de biri bilen iş ýagdaýy boýunça jedelleşäýseňiz hem, gaýta tersine azajyk sesiňizi peseldiň. Sebäbi siz bilen jedelleşýän adam siziň sesiňizi peseldeniňize üns berip, alaçsyz öz sesini peseldýär. Soňra siziň gürrüňiňiz alaçsyz ýagdaýda ikitaraplaýyn ynanylýan äheňe geçer.
2. Eger-de gürleşýän adamyňyzy ýigrenýän hem bolsaňyz, gaty mylakatly boluň. Mylakatly, ýuwaşjadan gürrüňdeşiňize nädogrudygyny düşündirmegiňiz hem mümkin.
3. Ýüzüňiz elmydama gülüp dursun. Sebäbi ýüzüň tutuk parhsyz bolsa, onda ol gürrüňdeşiňiz bilen siziň araňyzdaky esasy päsgelçilik bolar.
4. Ýüzüň hereketlerine (mimika) üns beriň. Dodaklaryňyz ýeňil ýumulan bolmaly, bu sizi diňe diňleýäniňiz, gürrüňdeşiňiziň gürrüňiniň arasyny kesmeýäniňiziň şaýadydyr. Gözüňiz gürrüňdeşiňize gyzyklanma bilen seredýän, kelläňiz bir tarapa, gürrüňdeşiňize tarap çalarak öwrülen bolmaly.

Bu teklipleri doly ýerine ýetirseňiz, hökman işiňizde üstünlik gazanarsyňyz. Satyjynyň mysalynda daşky görnüşe bolan talaplar.

Satyjynyň daşky gornüşi özüne çekiji bolmalydyr, sebäbi köpçülik bilen işleýän hünärmen özüniň daşky keşbi bilen hem tapawutlan-

malydyr. Daşky görnüş özüne köp taraplary öz içine alýar – gigiýeniki, geýim, saçyň ýagdaýy, kosmetikanyň ulanylyşy, duruşyň, keşbiň, özüňi alyp barşyň, hereketleriň, mimikaň, adamlar bilen gürleýiş medeniýetiň ýokary bolmagyny.

Söwda işgärlerine esasy bildirilýän talap endamyň gigiýenasydyr, arassa eller, endigan alnan dyrnaklar, ýuwulan, daralan saçlar – bularyň hemmesi daşky gigiýenanyň görkezijileridir.

Hünärmeniň geýimi, ilkinji nobatda, gaty oňaýly, ýönekeý iş ýagdaýyna gabat gelmelidir. Satyjylar üçin ýörite iş formalary bardyr, geýimleriň reňki bir reňkde bolmalydyr. Satyjynyň geýiminiň owadanlygy şol hünärmen bilen işleşýän adamlarda estetiki kanagatlanma döredýär. Bezeg şaý-sepleri ulanmaklykda seresaply bolmaly, zenan satyjylara saçlaryny uzynlygyna goýbermek bolanok.

Iş ýagdaýynda kosmetikany azrak ulanmaly, ýene-de bir görkeziji adam organizminiň sudurydyr, sudur dik, arkaýyn durmalydyr, egilip durmaly däl. Dik sudur satyjynyň köp wagtlap dik durup işlände hem ýadamazlygyna ýardam edýär. Dik sudur aýakgaba hem bagly, aýakgap dar bolmaly däl, beýik ökjeli köwüş geýmek maslahat berilmeýär.

Satyjynyň özüni alyp baryşy medeniýetliligiň esasy görkezijisidir. Satyjynyň ýüz keşbi elmydama gülüp durmalydyr, hereketler endigan hem ýerlikli bolmalydyr.

## 5.2. Hünärmeniň gürleýiş etikasy

Her bir hünärmeniň özboluşly gürleýiş etikasy bolmalydyr. Lukmanyň, mugallymyň, satyjynyň gürleýişlerini deňeşdirip görüň. Satyjynyň gürlände esasy ünsi harytlaryň häsiýetlerine, lukmanyňky kesel barada, mugallymyňky temany düşündirmek barada bolýar. Satyjynyň her bir 5-nji alyjy bilen gürrüňdeşligi bolup geçýär. Şol sebäpli satyjynyň jogaby sowatly we şonuň bilen birlikde mylakatly hem bolmalydyr. Mysal üçin, alyjy: «Mümkin bolsa aýdyň, çörek täzemi», «Men bilemok, düýn getirilen, özüňiz çöziň» diýenden, gowusy «Düýnki» diýip, jogap beräýmeli.

**Satyjynyň özüni alyp baryşy**

Satyjy hiç haçan alyjy bilen jedelleşmeli däldir hem-de öz borjuny doly ýerine ýetirmelidir. Bardy-geldi şeýle ýagdaý dörä ýse «Men siz bilen ylalaşýan» diýip, mylakatly gürleşmeli.

**Öz-özüňe erk etmek**

Öz-özüňe, gürrüňiňe, alyp baryşyňa, öz şahsy hereketleriňe erk etmeklikdir.

Şu soraglary öz öňüňizde goýuň:

1. Özüňiz barada köp gürläňzokmy?
2. Daşyňyzy gurşap duran adamlardan köpräk talap edeňizokmy?
3. Öz ýoldaşlaryňyzyň gizlinliklerine bilesigelijilik etmekligiňiz artykmaç dälmi?
4. Öz ynamlaryňyza gaty ynanýan bolaýmaň?
5. Özüňiz barada tersräk gürrüňlere nähili seredýärsiňiz?
6. Bolar-bolgusyz degişmeler bilen ýoldaşlaryňyzy ýadadaňzokmy?

VI bap

# Iýmitlenmegiň etikasy

## 6.1. IÝMITLENMEGIŇ MEDENIÝETI

Naharlanylýan stolda oturmagyň öz düzgünleri bar. Stoluň başynda oturanyňda dik oturmaly, öziňi arkaýyn alyp barmaly, stoluň arkasyna ýeňilräk ýaplanmaly. Stul naharlanylýan stoldan daşda-da, ýakynda-da bolmaly däldir. Elleriňizi nahar äberilýänçä dyzlaryňyzyň üstünde goýmaly. Elleriňiz bilen saçyňyzy düzetmek, maňlaýyňyzy süpürmek, eňegiňize diremek, skaterti barmaklaryňyz bilen takyrdatmak ýa-da bar bolan enjamlary barlamak bolanok. Nahar iýeniňizde, ýeňiliräk stoluň üstüne egilseňiz bolýar, ýöne tirsegiňizi stoluň üstünde goýmaly däl. Geýimiňize nahar syçramaz ýaly, başda uly süpürgiji açyp dyzyňyzy ýapmaly. Süpürgiji alyp dodaklaryňyzy süpürmeli däl-de, diňe ýuwaşlyk bilen dodagyňyza degirmeli. Naharlanyp

bolanňyzdan soňra, süpürgiji tarelkanyň sag gapdalynda goýmaly, eger-de tarelka aýrylan bolsa, onda şonuň ýerinde goýaýmaly. Süpürgiji eplemän goýsaň hem bolýar.

Naharlanmaga myhmançylyga çagyrylan adamlardan soňra başlamaly. Eger-de stoluň başynda köp myhmanlar oturan bolsa, etikete laýyklykda nahar 5–6 adama berilen bolsa, onda iýmäge başlabermeli.

Iýmiti howlukman hem-de sessiz çeýnemeli. Eger-de nahar gaty gyzgyn bolsa, onda azrak suw içmeli. Agyz boşlugyny nahardan doldurmaly däl.

Eger-de bulgur ýa-da çörek almakçy bolsaňyz, onda pyçak bilen çarşagy tarelkada goşmak edip goýmaly; çarşagyň egri ýeri ýokaryk – pyçagy bolsa tygyny çepe edip goýmaly. Enjamlar tarelka goýlanda, enjamlaryň ujy tarelkada, eltutarlary bolsa stola direnip dursa hem bolýär, ýöne bu ýagdaýda seresap bolmaly, enjamlar, süýşüp gaçyp, saçagy ýa-da geýimleriňizi zaýalamagy, hapalamagy mümkin.

Eger-de bardy-geldi eliňizdäki enjamy gaçyraýsaňyz, özüňiz ony galdyrmaly däl, ofisiantyň özi galdyrmaly hem-de töwerekdäki oturanlaryň ünsüni çekmezlik üçin ötünç soramaly däl.

Naharlanyp bolanyňyzdan soňra tarelkany özüňiziň öňüňizden süýşürmän, oňa enjamlary goýmaly, olaryň eltutarlary biri-birine parallel bolmaly, çarşagyň dişleri ýokaryk seredip durmaly.

### 6.2. Iýmitleri iýmegiň aýratynlyklary

Çörek – çöregi çarşak bilen däl-de eliň bilen almaly, ýörite tarelkajyga (pirožka) goýmaly, ol tarelka her kime aýratynlykda berilen bolmaly, çörekden çep eliň bilen 1–2 gezekde iýer ýaly döwüp almaly. Eger-de pirožki bolsa, onda ony döwmeli däl.

Eger-de çörege mesge çaljak bolsaňyz, çep eliňizde döwüp alan çöregiňizi, tarelkada saklap, sag eliňiz bilen ýörite pyçagyň kömegi bilen mesgäni usullyk bilen çalmaly, ýöne pyçak bilen beýleki nahardan galan galyndyny mesgä geçirmeli däl.

Murepbeleri ilki bilen pirožka tarelkasyna goýup, soňra çörek bölejiginiň üstüne ýazmaly.

Şöhlady, kakadylan eti – pyçagyň, çarşagyň ýardamynda iýýärler.

Bulýon, çorba, pýuro – ýörite çaşkada äberilýär. Desert çemçe (kiçiräjik) çep eliň bilen çaşkanyň el tutaryndan tutmaly, azrakdan bulýon sowanyndan soň, çaşkany eliňe alyp içibermeli. Bulýony sowatjak bolup, ony üflemeli däl, çorbany sowatmak üçin, çemçejik bilen ýuwaşjadan bulap durmaly, çorbany çemçäni özüňden öňe gyra garşy hereket etdirip doldurmaly we çemçäniň gyrasyndan içmeli.

Etde taýýarlanan naharlar ýörite enjamlar, ýagny çarşak we pyçak bilen iýilýär. Iýmit iýilende çarşak çep eliňde, pyçak bolsa sag eliňde bolmalydyr. Eti ilki böleklere bölüp, soňra çarşak bilen iýmek rugsat berilmeýär, olar her gezek kesilip, uly bolmadyk böleklere bölünen görnüşde iýilýär. Eger-de pyçaksyz çarşak bilen aňsat bölüp bolýan kotlet, teftel ýaly et önümleri kesmek üçin pyçak ulanmak hökman däl. Naharlanýan wagtyňyz pyçak we çarşak elmydama eliňizde bolup, pyçak bilen iýýän iýmitiňizi toplap, süýşürip durmaly, ýöne pyçak bilen alyp çarşagyň üstüne goýmaly däl.

Öý we ýabany guşlaryň bişen etini pyçak we çarşak bilen eti süňkden aýryp iýmeli, soňra eliň bilen eti süňkden aýryp naharlanyp, bolanyňyzdan soňra, eliňizi ýörite äberilen ýylyja, çalaja turşy suwda çaýkaýmaly.

Balykdan naharlary – ýörite balyk iýmek üçin niýetlenen enjamlaryň ýardamynda iýýärler. Munda pyçak bilen balygy kesmek bolmaýar, pyçak eti süňkden aýyrmak üçin niýetenendir. Balygy ýörite ulanylýan 2 sany çarşak bilen hem iýmek rugsat berilýär. Balyk galyndylary üçin ýörite tarelkalary ulanmaly, ol tarelkany kiçi tarelkalaryň çep tarapynda goýmaly.

Işdäaçarlary iýmegiň öz tertibi bar. Eger-de gowrulan et üçin niýetlenen işdäaçar bolsa we kiçijik tarelkalarda her bir adam üçin aýratyn goýulan bolsa, onda uly tarelka geçirmän şol tarelkadan iýibermeli. Gök önümleri stola kesilen görnüşde äbermeli.

Eger-de işdäaçar wazada bolsa, onda kiçi tarelka munuň üçin ýörite çemçe we çarşagyň ýardamynda geçirilýär. Aýratyn bezelip goýulan gök önümleri – pomidory, rediskany we otlary eliň bilen hem alsa bolýar we duza batyryp iýilýär. Galyndylary öz tarelkaňyzyň

gyrasyna süýşüräýmeli ýa-da şonuň üçin niýetlenen tarelkajyga geçiräýmeli.

Buterburodlary diňe el bilen iýmän, çarşak we pyçak arkaly iýse hem bolýar. Buterburodlary kähalatlarda ýörite dürtgüçler (mysal üçin, furşet stoldan iýilende) bilen hem iýmek bolýar. Buterburody taýýarlamak üçin tarelka azrak çörek, mesge bölegini almaly we iki barmagyň bilen çöregi saklap, oňa pyçak bilen mesge çalmaly. Çöregi eliň aýasyna almaly däl, bu gigiýeniki talaplara laýyk gelmeýär şöhlaty, etiň bölejigini we ş.m. çöregiň üstüne çarşak bilen goýýarlar.

Çorbany sessiz iýmeli, tarelkanyň aşagynda galan çorbany içmek üçin çep eliň bilen tarelkanyň gyrasyny azrak galdyrmaly we çemçe bilen içmeli. Çorbany iýip bolanňyzdan soňra, çemçäni tarelkanyň içinde goýmaly. Bulýon we puýro çorbany ýörite çaşkalara guýup we çep eliň bilen tutawajyndan tutup, soňra deserti kiçiräk çemçe bilen iýýärler, aşagynda galanyny çemçe ulanmazdan içäýmeli.

Almany, armydy ýörite miwe kesmek üçin niýetlenen pyçak bilen böleklere kesip, ýörite kiçiräk tarelka goýmaly we daşyny arassalamaly, çigidini aýyrmaly, soňra eliňiz bilen alyp iýibermeli.

Garalyny, erigi ýörite pyçak bilen çalaja kesip, soňra seresaplyk bilen, eliň bilen döwmeli we şänigini aýryp, eliň bilen iýibermeli.

Wişnýanyň, çereşnýanyň şänigini, üzümiň çigidini agzyňdan çemçä çykaryp, soňra tarelka goýmaly.

Gawuny, garpyzy ýörite desert pyçak we çarşak bilen iýmeli. Pyçak bilen garpyzyň çigidini aýyryp, pyçak bilen kesip, çarşak bilen iýmeli.

Apelsini çep eliňe alyp, pyçak bilen gabygyny (daşyny) ýokardan aşak kesip, soňra daşyny arassalap, bölejiklere kesmeli, çigidini aýyrmaly we eliň bilen iýmeli.

Mandariniň daşyny pyçak ulanman eliň bilen arassalap, bölejiklere öz ugry boýunça bölmeli, çigidini agzyňdan çykaryp, kiçijik çemçä, soňra tarelka goýmaly.

Banany ýarsyna çenli eliň bilen arassalap, eliňde tutup iýibermeli. Ýöne doly arassalap, bölejiklere kesip çarşak bilen iýseň hem bolýar.

Çaý we kofäni gant bilen bulaşdyryp, çemçäni tarelkada goýmaly. Gandy ýörite gysgyç bilen almaly, eger-de gysgyç bolmasa, eliň bilen almaly, çemçe bilen almak bolmaýar.

Çaý üçin limon bölejigini ýörite çarşak bilen alyp, çaşka goýýarlar, çemçe bilen onuň şiresi sykylýar, galyndysyny bolsa tarelkajyga alyp goýmaly.

# VII bap

# Daşary ýurtly myhmanlara hyzmat etmegiň medeniýeti

## 7.1. DAŞARY ÝURTLY MYHMANLARA HYZMAT ETMEGI GURAMAK

Biziň baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde syýahatçylygy ösdürmek barada köp aladalar edilýär, ondan başga-da daşary ýurtly işewür adamlar yzygiderli biziň ýurdumyza iş saparlary bilen gelýärler. Şol sebäpli bazar bilen iş çalyşýan hünärmenler daşary ýurtly myhmanlara hyzmat etmegiň medeniýetinininiň aýratynlyklaryna hemmetaraplaýyn üns bermelidirler. Gelen myhmanlara hyzmat etmek ýokary derejede ýola goýulmalydyr. Biziň ýurdumyza daşary ýurt myhmanlary: ýörite jahankeşdeler, halkara ylmy konferensiýa gatnaşajylar, aýdymçylar, festiwallara gatnaşyjylar, sport ýaryşlaryna gatnaşyjylar, awçylar, sagaldyş sanatoriýalaryna öz saglygyny dikeltmäge täjirler we başga daşary ýurtly işewürler yzygiderli gelýärler, öz gezeginde biziň raýatlarymyzyň köpüsi daşary ýurtlara gidýärler. Myhmançylyga gelen daşary ýurtlulara ýörite meýilnama esasynda hyzmatlar amala aşyrylýar. Gelýän myhmanlar dürli ulaglarda – demir ýol, awiasiýa, awtobuslarda gezýärler. Gelen myhmanlara ýörite ýarym lýuks, 1-nji klas, jakankeşde klas, kemping klaslar boýunça ýagdaýlaryna görä hyzmatlar edilýär.

Myhmanlara edilýän hyzmatlaryň esasysy olary naharlamakdyr – ol umumy çykdajynyň 25–30%-ini öz içine alýar. Daşary ýurtly

myhmanlary naharlanmak köplenç ýöriteleşdirilen restoranlarda, kafelerde amala aşyrylýar. Daşary ýurtly myhmanlary kabul edýän edara-kärhanalar täze ýyl üçin, üstümizdäki ýylyň tamamlanmagyna bir aý çemesi galanda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryň degişli edaralary bilen geljek ýyl üçin şertnama baglaşýarlar. Şol şertnamada naharlandyrmagyň döwürleri, aýratynlyklary, hasaplaşmagyň görnüşleri we başga-da umumy meseleleri çözýärler. Soňra kabul ediji edara daşary ýurtlularyň biziň ýurdumyzda boljak aýlyk, ongünlük tertibini berýär. Şol tertipde hyzmat etmegiň klasy (derejesi), olaryň milleti, 24 sagatdan giç galman – her topara hyzmat etmekligiň aýratynlygyny görkezip, talapnama berýärler. Şol talapnamada toparyň №-ni, milletini, sanyny, klasyny (derejesini), boljak gününi we çäreleriň sagadyny görkezýärler.

Daşary ýurtly jahankeşdeleri naharlandyrmak üçin birnäçe menýu (naharlaryň sanawy) düzülýär, ertirlik, günortanlyk hem-de agşamlyk naharlar.

Naharlar toplumy (sanawy) düzülende dürli ýurtlardan gelýän myhmanlaryň aýratynlyklaryna seretmeli. Mysal üçin, Hindistandan we başga-da birnäçe ýurtlardan gelýän syýahatçylar üçin hökman çaý bermeli, amerikalylara bolsa kofe ertirlikden öň bermeli. Koreýalylar – kofe ýa-da kakawany düýbünden içmeýärler.

Köp ýurtlardan gelen myhmanlar köplenç ertirlik, günortan, agşam naharlarynda hem mineral suwlary ýa-da miwe şirelerini içmegi halaýarlar, şonuň bilen birlikde ýaponlar, mongollar, koreýler mineral suwlary içmeýärler.

Çehiýalylaryň, wengriýalylaryň, alžirlileriň, müsürlileriň, eýranlylaryň köpüsi ikrany (işbili), balyk önümlerini iýmeýärler.

Çehler, slowaklar, polýaklar, rumynlar, daniýalylar, norwegiýalylar goýun etinden taýýarlanan naharlary halamaýarlar. Wengerler kiseli, rumynlar souslary, iňlisler gaýnadylan şöhlatlary, blinçikleri, etli börekleri iýenoklar, Koreýler bulýonlary, şwedler, daniýalylar, norwegler tworogdan taýýarlanan naharlary iýmeýärler. Koreýler özleriniň naharlarynyň köpüsiniň tüwüden taýýarlanýanlygyna garamazdan, tüwüden taýýarlanan nahary halamaýarlar, sebäbi tüwini

gaýtadan işlemegiň olara mahsus bolan usulyny ulanyp, şol tüwini nahara ulanýarlar. Myhmanlaryň köpüsi biziň milli naharlarymyzy halaýarlar.

Günortan we agşamlyk nahary üçin her günde azyndan 2 görnüşde (aýratyn görnüşde) naharlaryň sanawy düzülýär. Şol sanawda naharlaryň ady, çykymy we her haýsysynyň bahasy görkezilýär. Naharlaryň sanawy hepdäniň günleri üçin dürli-dürli bolmalydyr. Sanawda gelýän myhmanlaryň milli aýratynlyklaryny (naharlaryny), öz şahsy aýratynlyklaryny, endiklerini we naharlanmagyň tertibini göz öňünde tutmak hökmanydyr.

Amerkalylar köpräk miwelerden, gök önümlerden işdäaçarlary sygyr etini, ýagly bolmadyk doňuz etini, guş etini we olardan taýýarlanan naharlary halaýarlar. Şeýle-de birinji naharlardan dürli çorbalary gowy görýärler. Konditer önümlerine, miweleriň şirelerine, sitrus miwelerine aýratyn üns berýärler.

Ýaponlaryň – ýapon aşhanasynyň esasyny tüwi, deňiz jandarlary we ösümlikleri düzýär. Şeýle-de olar baran ýurtlarynyň milli aşhanasynyň naharlaryny datmagy halaýarlar. Dürli görnüşli gök önümlerden taýýarlanylan işdäaçarlary, duza we sirkä ýatyrylan hyýarlary, gaýnadylan şöhlaty, etli börekleri, goýun, sygyr, doňuz etinden taýýarlanan naharlary halaýarlar. Ertirlikde, günortan we agşam naharda stola mesge äbermeli. Ertirlik çaý içmekden başlanýar. 1-nji nahar üç wagtyna azrakdan berilýär. Miweleriň şirelerini, buzly suwy we piwony halaýarlar.

Italýanlar leňňeçleri, leňňeçli işdäaçarlary, çorbalary, langeti (gowrulan bölek et), almany, apelsini, gara kofäni, aşly, peýnirli naharlary gowy görýärler.

Fransuzlar dürli et önümlerinden naharlary, örän köp mukdarda miweleri, gök önümleri, süýt we süýt önümlerini, çorbalary halaýarlar.

Nemesler dürli görnüşli buterbrodlary, doňuz, göle, sygyr, guş etinden, balykdan taýýarlanan naharlary halaýarlar. Gök önümleri, süýt we süýt öňümlerini, ýumurtgaly naharlary, şöhlaty, peýniri, baran ýeriniň milli naharlaryny, miwelerden işdäaçarlary we gara kofäni gowy görýärler.

**Angliýadan gelýän jahankeşdeler üçin naharlaryň sanawy**

| **Ertirlik** | | Çykymy, g |
|---|---|---|
| 1. | Mesge ýagy | 15 |
| 2. | Jem | 20 |
| 3. | Süýt | 50 |
| 4. | Kakadylan et | 35 |
| 5. | Syr | 35 |
| 6. | Ýumurtga | 1 |
| 7. | Alma şerbeti | 100 |
| 8. | Bulka | 1 |
| 9. | Kofe | 150/18 |
| 10. | Çörek | |

| **Günortanlyk** | | |
|---|---|---|
| 1. | Mesge | 10 |
| 2. | Süýt | 50 |
| 3. | Gaýnadylan dil | 75 |
| 4. | Pomidor işdäaçary | 100 |
| 5. | Towuk çorbasy pirožkyly | 30/75/3000-94 |
| 6. | Piwo | 1/2 |
| 7. | Çaý, gant, konfetler | 200/12 |
| 8. | Doňdurma | |
| 9. | Miweler | |
| 10. | Çörek | |

| **Agşamlyk** | | |
|---|---|---|
| 1. | Mesge | 10 |
| 2. | Süýt | 50 |
| 3. | Etden işdäaçary | 150 |
| 4. | Pomidor | 100 |
| 5. | Gaýnadylan balyk | 125 |
| 6. | Bişirilen alma | 100 |
| 7. | Piwo | 1/2 |
| 8. | Pirožnyý | 100/12 |

9. Miweler
10. Çörek
11. Buzly suw

## Myhmanlar üçin «Şwed stoluny» taýýarlamagyň aýratynlyklary

«Şwed stoly» görnüşinde daşary ýurtly myhmanlary naharlamak boýunça hyzmat etmegiň esasy maksady myhmanlary naharlamagy we hyzmaty çaltlandyrmakdan ybaratdyr. Naharlanmagyň umumy wagty ertirlik üçin 15–20 min, günortanlyk we agşamlyk üçin 25–30 min hasaplanandyr.

«Şwed stoly» görnüşinde naharlananda hyzmat edýänlere (ofisanta) garaşmak düzgüni aradan aýrylýar. Her bir adam özüniň islegine görä, ol ýa-da başga tagamy saýlaýar.

Tejribeden görnüşi ýaly, «Şwed stoluny» ulanmak ertirlik üçin 8–10 sagat aralygy, günortanlyk – 12–15 sagat aralygy, agşamlyk üçin 17 sagat 30 min – 19 sagat-30 min aralygy has oňaýly hasaplanylýar. «Şwed stoly» üçin restoranlarda ýörite zal ýa-da hyzmat etmek üçin onuň oňaýly bölegi ulanylýar (bölünip berilýär). «Şwed stolunyň» işleýän wagty, naharlaryň bahalary, görnüşleri barada bildiriş görnükli ýerde asylyp goýulýar.

«Şwed stoly» boýunça hyzmatlary gurnamak üçin ýörite toparlar döredilýär. Şol topara girýän her bir agza anyk wezipäni ýerine ýetirýär. Aşpezler, ofisantlar topary başga hemme işlerden boşadylan bolmalydyrlar. Hyzmat edýän topar hemme önümleri (naharlary) stola owadanlap ýerleşdirýärler we günüň dowamynda assortimente gözegçilik edýärlar we assortimenti yzygiderli dolduryp hem-de stoly bezäp durýarlar, ulanylan gap-gaçlary aýyrýarlar. Adamlaryň islegine görä, stoluň başynda oturdyp, hyzmat etmäge hem borçludyrlar (ýaşy uly, ýarawsyz adamlaryň haýyşy boýunça)

«Şwed stolunyň» assortimenti düzülende, naharlanmagyň wagty (ertilik, günortanlyk), rejeli naharlanmagyň aýratynlyklary, islegler öwrenilýär. Bu bolsa her bir adamyň iýmitini özüniň ýagdaýyna görä rejelemäge mümkinçilik döredýär. Şol zalda dürli içgileriň, çilimleriň

satuwyny ýörite barlarda ýa-da ýörite arabajyklar ulanyp gurnamak mümkin.

Günortanlyk naharyň sanawyna suwuk naharlar bilen birlikde gök önümler, balyk assortisi, marinadly balyk, etli assorti, duza ýatyrylan balyk, winegret girizilmelidir.

Birinji naharlardan çorba, borş, we ş.m. ikinji naharlardan kartoşka bilen gowrulan balyk, biwşteks, şeýle-de doňdurma, kompot, süýtli çaý, gara kofe, mineral suw, miwe şireleri we ş.m. stolda goýulýan naharlaryň asssortimenti üýtgeşik bolmalydyr. Naharlanýan adamyň naharyň her bir görnüşinden datmaga mümkinçiligi bolmalydyr – bu «Şwed stolunynyň» esasy aýratynlygydyr. Şonuň üçin hem stoluň üstündäki iýmitleriň köpüsi şöhlat, kakadylan et, syr, et ýaly kesilip goýulan iýmitlerdir. Köp myhmanlar balyk we balyk önümleriniň dürli görnüşlerini halaýarlar. Şonuň üçin bu ýagdaý göz öňünde tutulmalydyr.

Ertirlik naharlara – täze hyýar, pomidor we olardan taýýarlanan işdäaçarlary, köke, konditer önümleri, mesge goýulmalydyr.

Günortan naharynda – 6–8 görnüşli işdä açarlar, 2–3 görnüşli suwuk 1-nji nahar, 3–4 görnüşli ikinji nahar, souslar, konditer önümleri, miweler, gyzgyn içgiler, miwe şerbetleri we ş.m. bolmalydyr.

«Şwed stolunyň» önümleriniň assortimentini hepdäniň günleri boýunça myhmanlaryň milli aýratynlyklaryna seredip, üýtgedip durmaly. Şeýle-de türkmen milli naharlaryny myhmanlaryň arasynda reklama etmeli, olaryň iýmitlik gymmatyny, ekologiki taýdan arassa önümlerden öndürilýändigini hem reklama etmeli.

## 7.2. Maslahatlara, sergilere, forumlara gatnaşýan daşary ýurtly myhmanlary naharlamagyň aýratynlyklary

Myhmanhanalarda ýaşaýan, maslahatlara, sergilere, forumlara gatnaşýan myhmanlary, üç gezek naharlamaly – ertirlik, günortanlyk we agşamlyk. Günortanlyk we agşamlyk naharlanmagy başga restoranlarda hem gurnasa bolýar. Maslahaty, sergini, forumy gurnaýjy-

lar restoranyň ýolbaşçylary bilen haçan, haýsy wagtda, naharlaryň assortimenti, bahasyny hasaplaşmagyň aýratynlygy barada öňünden gürleşmeli (bilmeli). Bu ýagdaýda naharlaryň sanawy hem şu çäreleri guramaçylar bilen ylalaşylyp düzülýär. Eger-de köp adamlara hyzmat etmeli bolsa, onda naharlanmagyň yzygiderliliginiň tertibini düzmeli, şeýle-de tertip boýunça hyzmat etmeli işgärleriň işe çykmaly wagtynyň hem tertibini düzmeli. Grafik düzülende, hyzmat edýän işgärleriň her biriniň 8 adama çenli hyzmat edip, hyzmat ediş hiliniň ýokary derejede bolmagy göz öňünde tutulmalydyr. Gap-gaçlary ýygnamak üçin ýörite kömekçi işgärleriň bolmagy işleri azrak ýeňňileşdirýändigini hem göz öňünde tutmalydyr.

Hyzmat edýän işgärler (ofisant) üçin eger-de öňünden hyzmat edýän adamlaryň ýeri belli bolsa, stoluň üsti hem bezelen bolsa, has oňaýly bolýar. Hyzmaty tizleşdirmek üçin stola çaý çäýneklerde, kofe kofeýniklerde äberilse, naharlanýanlar üçin olary gerekli mukdarda guýup alamaga mümkinçilik döredýär we bu ýerde goşmaça hyzmat gerek bolmaýar.

Köp ýurtlarda ertirlik naharda miweleriň şireleri, mesge, jem (mürepbe), bulkajyklar, kofe ýa-da çaý berilýär. Ertirlige şonuň ýaly-da gaýmak, ýumurtga, sosiska ýaly iýmitler hem äberilýär.

**Daşary ýurtly myhmanlara restoranlarda we kafelerde hyzmat etmek**

Daşary ýurtly myhmanlary naharlamak aýratyn zallarda ýa-da ýörite aýratyn belgilenen stollarda amala aşyrylýar. Iýmiti şu aşakdaky tertip boýunça bermeli – ertirlik – sagat 8-den – sagat 10-a çenli, günorta nahary – sagat 12-den sagat 15-e çenli, agşamlyk nahar – sagat 17.30-dan – 19.30-a çenli.

VIII bap

# Işjeň hatlar etikasy

## 8.1. Işjeň hatlar barada umumy düşünje

Ýörite hatlar arkaly edaradyr kärhanalar özaralarynda aragatnaşyk saklaýarlar. Dünýä ulgamynda hemme gepleşikler köplenç işjeň hatlaryň kömegi arkaly amala aşyrylýar. Şol sebäpli telefonyň, telegrafyň, fakslaryň, internetiň barlygyna garamazdan, aragatnaşyk saklamak üçin, işjeň hatlar ulanylýar. Işjeň hatlara bolan talaplary ýerine ýetirmek hökmany borç hasaplanýar, sebäbi hatyň mazmuny, ýazylyş stili şol hatyň üsti bilen bitiriljek işleriň ýerine ýetirilmeginde uly ähmiýete eýedir.

Ýörite hatlar ýörite kagyzlarda – blankalara ýazylýar. Hatlaryň ýardamynda kärhana bilen edaralaryň arasynda bolup biljek aragatnaşyklar alnyp barylýar.

Ýörite blankalar bir list kagyzdan ybarat bolup, hökmany suratda çaphana ýol bilen şol edaranyň ýa-da kärhananyň mälim nyşany we ady ýazylan bolmalydyr. Işjeň hat blankasynda hat ýazýanyň salgylary – telefonynyň, faksynyň nomeri we başga salgylary görkezilendir (iberilen wagty, gelen hatyň wagty, nomeri we ş.m. görkezilendir).

Ýörite hatlarda hökmany suratda şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

Döwlet gerbi;

Edaranyň emblemasy (nyşany):

Ýörite hatlarda kärhananyň kody, edara kärhananyň doly ady, aragatnaşyk, telegraf, faks salgysy, telefon nomeri, teleks, faks nomeri, bankdaky hasap nomeri, wagty, resmi hatyň indeksi, iberijiniň salgysy, hatyň ady, mazmuny, goşmaça resminamalaryň sanawy, gol, haty taýýarlanyň ady, familýasy we telefony görkezilmelidir.

Hat iberilende iberilýäniň salgysy doly ýazymalydyr, onuň salgysy, alyjynyň ady, familiýasy blankanyň ýokarsynda sag tarapda ýerleşdirilen bolmalydyr.

Mysal üçin:

Türkmenistanyň dokma
senagaty ministri
Babaýewa G.

Sözleri gysgaldyp ýazmak bolmaýar. Ýazylan hatlar dogry, mazmuny düşnükli bolmalydyr.

Mysal üçin, «Talyplar dynç alyş döwründe aýakgap fabriginde işleýän işgärlere kömekleşdiler».

Has dogry ýazjak bolsaň, «Talyplar öz dynç alyş döwürlerinde, fabrigiň işgärlerine kömekleşdiler» diýip ýazmaly.

Işjeň hatlarda etiket – etiket bu adamlaryň jemgyýetde özüni alyp baryşy. Häzirki döwürde iş hatlarynda köplenç halatlarda ýazylýan ýüzlenmäniň medeniýeti talabalaýyk bolmalydyr. Mysal üçin, hat şeýle başlanýar: Hormatly, ________________! «Hormatly» diýen sözden soň otur belgisi goýulsa, onda iş haty ýazylyp, şol edara kärhana bilen günde-günaşa aragatnaşykda ýaly duýulýar. Eger-de «Hormatly» diýip, yzyndan ýüzlenme belgisi goýulsa, onda ýüzlenilýän adama ýa-da gozgalynýan meselä aýratyn üns berilýändigini görkezýär.

Tehnikanyň ösmegi – internet, telefon ulgamlarynyň we beýleki aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi, hat bilen aragatnaşyk saklamagyň mümkinçiligini peseltdiler, ýöne telefon arkaly iş meselelerini çözmek, telefon arkaly gepiňi düşündirmek gaty kyn, ýolbaşçylaryň köpüsi telefon boýunça gepleşik geçirmäge taýýar däl.

Köplenç ýagdaýda hat köp meseleleri çözmekde esasy serişde bolup hyzmat edýär.

Tipli tekstler we traferet hatlar

Tipli we ýönekeý tekstler – bu trafaretler (nusgalar) ýörite hatlary, birmeňzeş maglumatlary ibermekde ulanylýar we ykdysady taýdan wagty tygşytlamakda, hatlary taýýarlamaklygy aňsatlaşdyrmakda we olary çap etmekde möhüm rol oýnaýar.

Tipli tekstler – bu nusgalyk tekst bolup, bu täze hatlary taýýarlamakda esas bolup durýar. Tipli tekstleri ulanmak hatyň esasy tekstini taýýarlamak üçin wagty 3 esse tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Traferet (meňzeş) hatlary taýýarlamak – bu bir topar hatlaryň esasy mazmuny birmeňzeş bolup, esasy habar beriljek maglumat boýunça teksti üýtgedilýär.

Blank – bu işjeň hat üçin esas bolup, doldurylan görnüşde nusga bolmak bilen öňde goýlan maksada ýetmäge mümkinçilik döredýär.

Standart işjeň haty taýýarlamak, tekst statistiki ýüze çykmalar ýa-da başga sözler bilen emele gelmegi kanunalaýyk bolmalydyr.

Eger-de bir tipli ýagdaý barada we resmi kagyzlaryň aýlanyşygy köp bolan halatda trafaret görnüşde hat taýýarlamaly. Mysal – habar bermek üçin niýetlenen hatyň trafareti:

Hormatly ___________________

Aşgabat şäheriniň merkezi sergiler köşgünde geçiriljek, telekeçileriň sergisine we forumuna çagyrýarys, sergi Aşgabat şäherinde

___________________ «senesi» ___________________ açylýar we
Salgysy aý, gün, sagat

_________________ dowam edýär.
dowamlylygy

Şu sergä we foruma gatnaşmak barada gelen netijäňizi biziň şu salgymyza _____ habar bermegiňizi soraýarys.

Trafaret hatlar ýeňil, düşnükli, yzygiderli sözler bilen ýazylan bolmaly.

Traferet ýazylan hatlara mysallarda seredip göreliň:

Nädogry ýazylan:

«Biz Size ibermek barada haýyş bilen ýüzlenýäris» …..

«Biz Sizden habar bermegiňizi soramakçydyk»….

«Biz Sizden örän minnetdar bolardyk».

Dogry ýazylan:

«Ibermegiňi soraýarys»…..

«Habar bermegiňizi soraýarys»….

Haýyşnamada görkezilen «Biziň salgymyza habar bermegiňizi…..», şu ýerde «biziň salgymyza» diýen sözüň hiç hili ähmiýeti ýok, sebäbi hatyň daşynda ibermeli salgysy görkezilýär.

Sözleri azaltmak boýunça mysallara seredeliň:

Nädogry ýazylan:

«Sizi habarly etmekligi hökmany bildik….»

«Şeýlelik bilen size şertnamanyň nusgasyny iberýäris…..»

Dogry ýazylan:

«Habar berýäris, ýagny….»

«Şertnamanyň nusgasyny iberýäris…..»

## 8.2. IŞJEŇ HATLARY TAÝÝARLAMAK

Işjeň hatlar adamlaryň özara gepleşikleriniň we onda ulanylan sözleriniň ýerine ulanylýar.

Ilkinji nobatda hatlary olaryň niýetlenişi boýunça toparlara bölmek mümkin.

1. Jogaplary talap edýän hatlar;
2. Jogaplary talap etmeýän hatlar.

Birinji topar hatlara degişlileri şertli «sorag hatlar» we «jogap hatlar» ýaly toparlara bölmek mümkin, bular bolsa öz gezeginde haýyş hatlaryň, ýüzlenme hatlaryň, teklip hatlaryň, sorag hatlaryň, talap hatlaryň emele gelmegine şert döredýär. Bu hatlara jogaplar häsiýetleriniň özboluşlylygyny talap edýär.

Jogap hatlar, iberilen hatlaryň esasy mazmunyny özünde saklamak bilen, anyk jogaply bolmalydyr.

Şu aşakdaky hatlara jogap hökman däl….

Duýduryjy hatlara;

Ýatladyjy hatlara;

Çagyryş hatlara;

Tassyklaýjy hatlara;

Habar berýän hatlara;

Kepil hatlara;

Maglumat beriji hatlara we ş.m..

Tematiki alamat boýunça hatlary işjeň we täjirçilik hatlara bölmek mümkin. Ykdysady, hukuk, maliýe we başga-da kärhananyň durmuşy, işi bilen baglanyşykly ulanylýan hatlara kärhananyň işjeň hatlary diýilýär. Material tehniki üpjünçilik, önümi satmak bilen baglanşykly hatlara bolsa täjirçilik hatlar diýilýär.

9. Sargyt № 2388

Belli bir temalar boýunça hatlary toparlara bölmek hem mümkin, munuň üçin olary şu aşakdaky görnüşlere bölýärler:

1. Önümçilik tehnologiýasynyň umumy soraglary boýunça.
2. Önümçilik esbaplary, enjamlary we energetika soraglary boýunça.
3. Önümçilik soraglary boýunça.
4. Standartlaşdyrmaklygyň soraglary boýunça.
5. Taýýar önümleri satmak soraglary boýunça.
6. Gurluşyk bilen baglanşykly soraglar boýunça.

Kärhananyň önümçiligi bilen baglanşykly işjeň hatlar jemgyýetçilik guramalary bilen alyşylýan hatlaryň mazmunyndan düýpgöter başgaça bolmalydyr.

Hatlaryň düzüliş aýratynlygyna seredip, olary standart we standart dällere bölýärler. Standart hatlar belli bir nusga esaslanyp düzülen hatlar bolup, kärhananyň önümçiliginiň yzygiderli ýagdaýy barada maglumatlary özünde saklaýar. Bu işjeň hat gysga, düşnükli, yzygiderli we doly bolmalydyr, käbir ýagdaýlarda standarta gabat gelmeýän hatlar hem ulanylýar. Mysal üçin, önümçiligiň aýratyn üýtgeşik ýagdaýyny hat görnüşinde ýazyp beýän etmeli bolan ýagdaýynda standarta laýyk gelmeýän hatlar hem ulanylýar.

**Gulluk resminamalaryň dili we stili**

Ýörite gulluk hatlarynyň dili we stili üçin kanunlaşdyrylan talaplar bar.

Gulluk hatlarynyň we resminamalarynyň dili ortaça beýan edilmelidir, artykmaçlyklar bolmaly däldir, adalgalary standartyň talaplaryna laýyklykda bolmalydyr, ulanylýan sözleriň giňligine – dolulygyna, sözleriň gaýtalanyş ýygylygyna, tekstiň mälim ýerlerinde ulanylýan hatyň diline üns berilmelidir.

Hatyň tekstiniň stil tarapynyň aýratynlygy anyklananda haty taýýarlanyň (awtoryň) status – gulluk iş derejesine esasy üns berilmelidir. Sebäbi haty taýýarlaýan tehniki işgär we onuň awtory köp ýagdaýlarda şol bir adam däldir. Şonuň üçin hem döwlet standarty hatlary taýýarlan awtoryň adynyň, familýasynyň görkezilmelidigini talap edýär.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. Aşgabat Türkmen döwlet neşirýat gullygy 2010.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. Aşgabat Türkmen döwlet neşirýat gullygy 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I tom. Aşgabat, 2008.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II tom. Aşgabat, 2009.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, III tom. Aşgabat, 2010.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, IV tom. Aşgabat, 2011.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, V tom. Aşgabat, 2012.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, VI tom. Aşgabat, 2013.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, VII tom. Aşgabat, 2014.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, 2010.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň derman ösümlikleri. Aşgabat, 2010.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bereketli türkmen saçagy. Aşgabat, 2009.
14. Milli Lider, Fotoalbom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy 2012.

15. Owazly tolkynlaryň mekany. Türkmen döwlet neşirýat gullugy 2012.
16. Türkmenistanyň durmuş ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat 2010.
17. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasy» – «Türkmenistan» gazeti 2007-nji ýylyň 28-nji dekabry.
18. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş – ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» Aşgabat, 2011.
19. Jürdekow T.. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. Aşgabat, 2009.
20. XX taryhy Halk Maslahatynda kabul edilen resminamalar we olaryň durmuşa geçirilişi. Aşgabat, 2007.
21. XXI Halk Maslahatynda kabul edilen resminamalar we olaryň durmuşa geçirilişi. Aşgabat, 2008.
22. Ataýew Ç.A., we başg. Azyk däl harytlary öwrenmegiň we hilini ekspertiza etmegiň nazaryýeti, A., Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001.
23. Ataýew Ç.A., Ýagmyrow A.Ý. Azyk harytlarynyň hiliniň ekspertizasy, Aşgabat 2001.
24. Ataýew Ç.A., Hojanazarowa S.K., Kadyrow K.H., Sarygulow D.G. Marketing. I kitap. Aşgabat 2013.
25. Berdygylyjow T., Kakalyýewa G., Hojamgulyýewa B., Şukurow A. Marketing. II kitap. Aşgabat, 2013.
26. Çaryýew A. Türkmenistanda reklama işiniň hukuk meseleleri (monografiýa). Aşgabat, «Ylym» 2014.
27. Голубков Е.П. Основы маркетинга. Москва, 2001 г.
28. Гарри Картер. Эффективная реклама. Москва Бизнес-информа, 2000 г.
29. Даниэль Ядин. Маркетинговые коммуникации: Современная креактивная реклама. Москва, 2003 г.
30. Джо Витали. Малый бизнес. Реклама – Довгань изд. дом. 1998 г.
31. Филипп Котлер. Основы маркетинга. Москва, 2000 г.
32. Уткин Е.А. Кочеткова Е.А. Рекламное дело, Москва, 1999 г.
33. Борисов Б.Л. Технологии рекламы и PR, Москва, 2001г.

34. Веселов П. В. Современное деловое письмо, М, 1990 г.
35. Голдин В. Е. – Реч и этикет. М, 1990 г.
36. Крашенинникова Е. А. О культуре продавца. М, 1989 г.
37. Кропоткин П. А. – Этика – М, 1991 г.
38. Кучевская Н. В. Советы психологии продавца. М, 1990 г.
39. Колосова И. Н. Покупателям о правилах торговли. М, 1990 г.
40. Линчевский Е. Е. Социальная психология торговли. М 1995 г.
41. Rejebow S. Estetiki terbiýäniň aktual problemalary. Aşgabat, 1990.
42. Шамсин А. Ж. Эстетика в торговли. М, 1990 г.
43. Усов В. В. Профессиональная этика в общественном питании. – М. 1995 г.
44. «Этика: ответы на экзаменационные вопросы». – 2-е изд. Зеленкова И. Л. Тетра Системс. 2009.
45. «Этика деловых отношений: учебник». – (Высшее образование) Кибанов И. Я. ИНФРА-М, 2010.
46. Профессиональная этика и психология делового общения : учебное пособие Кошевая И. П. ФОРУМ, 2010.
47. «Справочник по рекламе» К. Н. Середа. – Ростов нД: Феникс, 2010. – 301 с.
48. Лебедев-Любимов, А. Н. Психология рекламы: учеб.пособие А. Н. Лебедев-Любимов. – 2-е изд. – М.; СПб.; Н.Новгород: Питер, 2008. – 384 с.
49. Овчинникова, Н. Н. «Рекламное дело» учеб.пособие Н. Н. Овчинникова. – М.: Дашков и К, 2008. – 367 с.
50. «Маркетинговые коммуникации» учеб. пособие И. А. Дубровин. – М. Дашков и К, 2009. – 577 с.
51. Головлева, Е. Л. «Основы рекламы» учеб. пособие – М.: Академ. Проект, 2008. – 330 с.

# MAZMUNY

**I bölüm.** **Marketingde reklama** ........ 7
Giriş ........ 7

I bap. *Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe marketingiň we onuň esasy düzümi bolan reklamanyň ähmiýeti* ........ 10
1.1. Türkmen ykdysadyýetiniň ösmeginde marketingiň ähmiýeti ........ 10
1.2. Marketingi dolandyrmakda reklamanyň ähmiýeti ........ 13
1.3. Ykdysadyýetde reklamanyň tutýan orny ........ 17

II bap. *Reklamanyň wezipesi we mazmuny* ........ 24
2.1. Reklama barada düşünje we onuň döreýiş taryhy ........ 24
2.2. Reklama bolan esasy estetiki talaplar ........ 29

III bap. *Reklamanyň görnüşleriniň we serişdeleriniň toparlara bölünişleri.* ........ 33
3.1. Reklamanyň görnüşleri ........ 33
3.2. Reklamanyň serişdeleri we olary saýlap almak ........ 38
3.3. Çap edilýän reklama we onuň ähmiýeti ........ 42
3.4. Telewizion reklama ........ 50
3.5. Radioreklama we onuň ähmiiýeti ........ 54
3.6. Çyra – ýagtylyk reklamasy ........ 57
3.7. Kino we fotoreklama ........ 60

IV bap. *Reklamanyň ykdysady netijeliligini we pisihologiki täsirini anyklamagyň usullary* ........ 62
4.1. Reklamanyň ykdysady netijeliligini anyklamagyň usullary ........ 62
4.2. Reklamanyň psihologiki täsirini anyklamagyň usullary ........ 65

V bap. *Satuwy höweslendirmek* ........................................ 68
5.1. Satuwy höweslendirmegiň
görnüşleri we serişdeleri ........................................ 68
5.2. Satuwy höweslendirmek boýunça
çärelere gysgaça häsiýetnama ................................ 70

**I bölüm. MARKETINGDE ETIKA,**
**ESTETIKA WE PSIHOLOGIÝA** ....................... 78
Giriş ............................................................ 78

I bap. *Etika, estetika we psihologiýa barada düşünje* ..... 81
1.1. Etika barada düşünje ....................................... 81
1.2. Estetika we onuň ähmiýeti .............................. 83

II bap. *Marketingde psihologiýa we onuň*
*mazmuny, wezipeleri* ............................................. 86
2.1. Psiholiogiýa barada düşünje ........................... 86
2.2. Psihiki hadysalar we ýagdaýlar ...................... 89

III bap. *Bazar ykdysady aragatnaşyklar şertlerinde*
*zähmetiň, özara aragatnaşygyň medeniýeti* .......... 97
3.1. Estetiki duýgulary döretmekde,
emele getirmekde zähmetiň ähmiýeti .................... 97
3.2. Bazar işlerinde zähmetiň estetiki
aýratynlyklary ........................................................ 99
3.3. Söwda işgärleriniň gepleýiş medeniýeti ......... 99

IV bap. *Halkyň sarp edýän harytlarynyň estetikasy* .......... 102
4.1. Halkyň sarp edýän harytlarynyň estetikasyny
(estetiki gymmatyny) bahalamagyň ugurlary ........ 102
4.2. Her bir haryt toparyna estetiki talaplar ........... 104

V bap. *Hünär etikasy we onuň esasy ugurlary* .................. 111
5.1. Hünär etikasynyň esasy wezipeleri ................. 111
5.2. Hünärmeniň gürleýiş etikasy .......................... 114

VI bap. *Iýmitlenmegiň etikasy* ........................................ 115
6.1. Iýmitlenmegiň medeniýeti .............................. 115
6.2. Iýmitleri iýmegiň aýratynlyklary ................... 116

VII bap. *Daşary ýurtly myhmanlara hyzmat*
*etmegiň medeniýeti* ............................................. 119

7.1. Daşary ýurtly myhmanlara
hyzmat etmegi guramak........................................119
7.2. Maslahatlara, sergilere, forumlara
gatnaşýan daşary ýurtly myhmanlary
naharlamagyň aýratynlyklary ................................124

VIII bap. *Işjeň hatlar etikasy*.............................................126
8.1. Işjeň hatlar barada umumy düşünje................126
8.2. Işjeň hatlary taýýarlamak................................129

Peýdalanylan edebiýatlar..................................................131